**B. Zahyrow**

# JENAÝAT-HUKUK STATISTIKASY

Ýokary okuw mekdepleri üçin okuw kitaby

*Türkmenistanyň Bilim ministrligi tarapyndan hödürlenildi*

Aşgabat
Türkmen döwlet neşirýat gullugy
2013

UOK 378:343
Z 18

**Zahyrow B.**

**Z 18** **Jenaýat-hukuk statistikasy.** Ýokary okuw mekdepleri üçin okuw kitaby. – A.: Türkmen döwlet neşirýat gullugy, 2013.

Bu okuw kitaby Türkmenistanyň Daşary işler ministrliginiň Halkara gatnaşyklary institutynda taýýarlanyldy. Kriminologiýa hukuk dersiniň pudaklarynyň biri bolan «Jenaýat-hukuk statistikasy» atly ýörite dersiň möhüm meselelerini öz içine alýan bu kitap, hukuk öwreniş, halkara hukugy hünärleri boýunça bilim alýan talyplara, bu ugurdan ylmy we amaly barlaglary alyp barýan aspirantlara hem hukuk bilimlerini öwredýän mugallymlara niýetlenýär.

TDKP № 324, 2013 KBK 67.99 (2) 8 ýa 73

© B. Zahyrow, 2013.



**TÜRKMENISTANYŇ PREZIDENTI**
**GURBANGULY BERDIMUHAMEDOW**



**TÜRKMENISTANYŇ DÖWLET TUGRASY**



**TÜRKMENISTANYŇ DÖWLET BAÝDAGY**

# TÜRKMENISTANYŇ DÖWLET SENASY

Janym gurban saňa, erkana ýurdum,
Mert pederleň ruhy bardyr köňülde.
Bitarap, garaşsyz topragyň nurdur,
Baýdagyň belentdir dünýäň öňünde.

*Gaýtalama:*
Halkyň guran Baky beýik binasy,
Berkarar döwletim, jigerim-janym.
Başlaryň täji sen, diller senasy,
Dünýä dursun, sen dur, Türkmenistanym!

Gardaşdyr tireler, amandyr iller,
Owal-ahyr birdir biziň ganymyz.
Harasatlar almaz, syndyrmaz siller,
Nesiller döş gerip gorar şanymyz.

*Gaýtalama:*
Halkyň guran Baky beýik binasy,
Berkarar döwletim, jigerim-janym.
Başlaryň täji sen, diller senasy,
Dünýä dursun, sen dur, Türkmenistanym!

**Türkmenistanyň Prezidenti**
**Gurbanguly Berdimuhamedow:**

*– XXI asyr maglumatlar asyrydyr*[1].

## GIRIŞ

Bütin dünýäde umumy adamzat ösüşi esasan ynsanyýetiň ylmy-tehniki pikiriniň, ylmy dünýägaraýşynyň ösmeginiň depginleri bilen deň derejede amala aşýar. Ýer ýüzüniň ähli döwletlerinde ylmy-tehniki ösüş döwletleriň ykdysady kuwwatynyň yzygiderli artmagyny, şonuň netijesinde-de jemgyýetde durnuklylygyň we abadançylygyň höküm sürmegini üpjün edýär. Ylmy-tehniki ösüşe ýeterlik derejede üns bermeýän we öz halkynyň ylmy-medeni mümkinçilikleriniň giňden durmuşa geçirilmegine işjeň ýardam bermeýän döwlet bolsa ikuçsuz ykdysady hem durmuşy taýdan pese düşýär. Çünki Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedowyň belläp geçişi ýaly: «*Häzirki döwürde ylma daýanmazdan, islendik döwletiň durnukly öňe gitmegini we hemmetaraplaýyn gülläp ösmegini gazanmak, sözüň doly manysyndaky ýokary tehnologiýaly önümçilikleri döretmek asla mümkin däldir*[2]».

Edil ylmy-tehniki ösüşiň depgininiň amala aşyrylýan ylmy-amaly barlaglaryň netijeliligine bagly bolşy ýaly, şol barlaglaryň,

---

[1] Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedowyň Türkmenistanyň Ylymlar akademiýasynda eden çykyşy (Aşgabat, 2012-nji ýylyň 12-nji iýuny). // "Türkmenistan" gazeti, 2012-nji ýylyň 13-nji iýuny, 3-nji sahypa.

[2] Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedowyň Türkmenistanyň Ylymlar akademiýasynda eden çykyşy (Aşgabat, 2012-nji ýylyň 12-nji iýuny). // "Türkmenistan" gazeti, 2012-nji ýylyň 13-nji iýuny, 1-nji sahypa.

umuman ylmy işjeňligiň islendik görnüşiniň netijeliligi hem olaryň özenini düzýän maglumatlaryň dolulygyna, dogrulygyna, durmuşylygyna we ş.m. bagly bolup durýar. Şol maglumatlaryň degişli derejede toplanmagyny hem-de ýokary hilli bolmagyny bolsa esasan statistika üpjün edýär.

Hormatly Prezidentimiziň belläp geçişi ýaly: «*Ylym we tehnika – – milli ykdysadyýetiň ganatlarydyr*[1]». Zerur maglumat gory bolsa, bellenip geçilişi ýaly, ylmy-tehniki ösüşi üpjün ediji esasy kesgitleýji şertleriň (determinantlaryň) biridir. Hut şol sebäpli-de, ylmyň maglumat binýadyny ösdürmekligiň tutuş jemgyýetçilik ösüşini üpjün etmekdäki wajyp ähmiýetiniň barlygyndan ugur alnyp, Türkmenistanyň durmuş-ykdysady ösüşiniň 2011-2030-njy ýyllar üçin Milli Maksatnamasynda-da: «*ylymda we tehnikada maglumat ulgamyny ösdürmek, şol sanda ýurdumyzyň milli ylym-bilim elektron habar beriş torunyň gerimini giňeltmek*[2]» milli ylym ulgamyny ösdürmegiň esasy çäreleriniň biri hökmünde kesgitlenýär. Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedow: «*Häzirki döwürde jenaýat, jenaýat iş ýörediş we jenaýat ýerine ýetiriş hukugyna, şeýle hem hukugy ulanyş ulgamynyň düzgünlerine toplumlaýyn, özara baglanyşykly düzedişleri girizmäge uly üns bermek gerek*[3]» diýip bellemek bilen Berkarar döwletimiziň bagtyýarlyk döwründe jenaýat hukugy çygryndaky gatnaşyklary düzgünleşdirýän kanunçylyk namalarynyň döwrüň talaplaryna laýyk bolmalydyklarynyň, Türkmenistanyň tutuş jemgyýetçilik ösüşi bilen aýakdaş gitmelidigininiň örän wajypdygyna ünsi çekýär. Çünki: «jemgyýetçilik özgertmeleriniň ösüşinde islendik döwletiň netijeli milli hukuk ulgamynyň döredilmeginiň möhüm ähmiýeti bardyr[4]». Jenaýat-hukuk statistikasynyň iň esasy wezipeleriniň

---

[1] Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedowyň Türkmenistanyň Ministrler Kabinetiniň 2009-njy ýylyň 12-nji iýulynda geçiren göçme mejlisinde sözlän sözi. // "Türkmenistan" gazeti, 2009-njy ýylyň 13-nji iýuny, 2-nji sahypa.

[2] Türkmenistanyň durmuş-ykdysady ösüşiniň 2011-2030-njy ýyllar üçin Milli Maksatnamasy (Birinji tapgyr: 2011-2015-nji ýyllar). Aşgabat, 2010, 48-nji sahypa.

[3] Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedowyň Türkmenistanyň Mejlisiniň deputatlary bilen duşuşygynda eden çykyşy. // "Türkmenistan" gazeti, 2013-njy ýylyň 14-nji ýanwary, 2-nji sahypa.

[4] *B. Zahyrow*. Esasy Kanunymyz – Garaşsyzlygymyzyň kanuny kepilnamasydyr // Bülten Press. -2002. -№42, 22-nji sahypa.

biri-de, kanunçylygyň kämilleşdirilmegi üçin zerur maglumat hem seljeriş (analiz) gorunyň hemişe durmuşa laýyk bolmagyny üpjün etmekden ybaratdyr. Sebäbi: «hukuk döwletinde esasy mesele jemgyýetçilik durmuşynyň ähli görnüşlerinde kanunyň hemme zatdan ýokary tutulmagyny üpjün edilmegidir[1]». Kanunlaryň jemgyýetde doly berjaý edilmegini gazanmak bolsa, diňe olar döwrebap bolan we jemgyýetçilik düzgünleşdiriş zerurlyklaryny kanagatlandyran halatynda mümkindir.

Şeýle ýagdaýlar hem şu ýörite okuw dersiniň wajyplygyny hem-de ony özleşdirmeklige çynlakaý çemeleşilmeginiň hukukçy hünärini ele almagyň wajyp şertleriniň biri bolup durýandygyny häsiýetlendirýär. Bellenip geçilişi ýaly, jenaýat-hukuk statistikasy umumy hukuk ylmynyň düzüm bölekleriniň biri bolup durýar we jemgyýetçilik ýaşaýşynyň durmuşy-hukuk hadysalaryny öwrenmegiň wajyp hem netijeli usullarynyň we serişdeleriniň toplumyny özünde jemleýär. Hukuk ylmynyň islendik ugry, esasan hem jenaýat-hukuk pudaklary bilen meşgullanýan hukukçy hünärmenler tejribede diňe bir, anyk ýuridik faktlar (hakyky hukuk ýagdaýlary) bilen iş salyşmaýarlar-da, eýsem köpçülikleýin häsiýetli hukuk hadysalarydyr-prosessleri bilen hem iş salyşýarlar. Hukuk işiniň degişli derejede amala aşyrylmagy üçin, şeýle hukuk hadysalarydyr-prosessleri bolsa özleriniň statistik seljerilmeginiň zerurlygyny öňe çykarýar.

Şu nukdaýnazardan hem bu okuw kitabynda jenaýat-hukuk statistikasy tarapyndan öwrenilýän hukuk ähmiýetli maglumatlary toplamagyň, jemlemegiň, toparlaşdyrmagyň statistik usullary bilen bagly esasy soraglara degişli maglumatlar gysgaça hem düşnükli beýan etmäge çalşylýar. Şonuň ýaly-da bu kitapda häzirki wagtda Türkmenistanda hereket edýän hukuk goraýjy edaralaryň dürli hukuk ähmiýetli hadysalaryny statistik taýdan bellige alyş we statistik hasabatlylygynyň ulgamy mümkin boldugyndan doly şekillendirilýär.

Şonuň bilen birlikde-de, bu kitapda jemgyýetde amala aşýan hukuk häsiýetli hadysalar barada goşmaça maglumatlary toplamak üçin zerur bolan seçimleýin statistik gözegçilik we maglumatlary

---

[1] *B. Zahyrow*. Baş Kanunymyz – bagt kanunymyz // Bülten Press. -2000. -№24. 6-njy sahypa.

toplamagyň sosiologik usullary barada gysgaça hem anyk maglumatlar beýan edilýär. Bu okuw kitaby hukuk öwreniş, halkara hukugy hünärlerinden bilim alýan talyplara, hukuk bilimlerini öwredýän mugallymlara, şu ugurdan ylmy we amaly barlaglary geçirýän aspirantlara niýetlenýär.

# I BAP. JENAÝAT-HUKUK STATISTIKASY BARADA UMUMY DÜŞÜNJE

## §1. Statistika ylmy we Türkmenistanyň statistika ulgamy barada düşünje

Mälim bolşy ýaly, adamlar jemgyýetçilik durmuşyna dahylly dürli zatlary bellige almak we olaryň hasabatyny ýöretmek, ýagny statistika bilen örän gadymy döwürlerde hem meşgullanypdyrlar. Mysal üçin, b.e.ö. IV müňýyllykda, Wawilonda klinopis ýazgylarynyň kömegi bilen ekerançylyk işleriniň we alnan hasyllaryň hasabaty ýöredilip başlanypdyr.

Statistika adalgasy bolsa, «statos –duran, hereketsiz» diýen grek sözünden gelip çykyp, jemgyýetçilik durmuşyny, onuň dürli taraplaryny, ýagny ykdysady, medeni, ahlak, syýasy we ş.m. kanunalaýyklyklaryny häsiýetlendirýän möçberleýin hem mukdarlaýyn görnüşdäki maglumatlaryň ýygnalmagyna, tertipleşdirilmegine, seljerilmegine we çap edilmegine gönükdirilen ylmy-amaly işiň bir görnüşini aňladýar. Şu nukdaýnazardan garanyňda statistika diýip jemgyýetçilik hadysalarynyň jemleýji görkezijileriniň birleşdirilen jemine hem düşünilýär[1].

Okuw edebiýatlarynda «statistika» adalgasynyň lingwistik kesgitlemesiniň başgaça, has gysga görnüşde berilýän ýagdaýlaryna-da gabat gelmek bolýar. Mysal üçin, «statistika «status» diýen latyn sözünden gelip çykyp, zatlaryň ýagdaýy diýmegi aňladýar. Ol ilkibaşda döwleti öwrenmek manysynda ulanylypdyr[2]» diýip käbir çeşmelerde bellenýär. Ýöne, mysal getirilen adalga, öwrenilýän düşünjäniň definisiýasynyň has gysga görnüşi bolup, onuň ähli taraplaryny öz içine almaýar.

Hukuk düşünjesinde «statistika» diýen adalga «statistika işi» diýen düşünje bilen aňladylyp, hereket edýän kanunçylyga laýyklykda, onuň manysy: «statistik maglumatlary ýygnamak, işlemek,

---

[1] Статья «Статистика». Большая электронная энциклопедия «Кирилл и Мефодий». Москва, 2011. Раздел статьи.

[2] *A. Aýnazarow, O. Ataýew*. Statistikanyň nazaryýeti. Ýokary okuw mekdepleri üçin okuw kitaby. – A.: TDNG, 2009, 9-njy sahypa.

seljermek, goramak we saklamak, statistik habarlary emele getirmek we ýaýratmak, statistik gözegçilikleri, ýazuwlary geçirmek, statistik usulyýeti işläp düzmek, şeýle hem dürli çeşmelerden alnan maglumatlary umumylaşdyrmak bilen baglanyşykly iş[1]» diýlip kesgitlenýär.

Köpçülikleýin hadysalary seljermegiň statistik usullaryny ilkinji bolup XVII asyrda, J. Graunt (1620-1674) London şäherinde ilatyň hereket edişini öwrenmegiň dowamynda, şeýle hem U. Petti (1623-1687) ilatyň baýlygyny, girdejilerini, sanyny we düzümini öwrenmegiň dowamynda ulanypdyrlar[2]. Ýöne olar statistik usullary ulanandyklaryna garamazdan «statistika» diýen adalgadan peýdalanmandyrlar. Bu adalgany ylmy ulanyş diline nemes professory G. Ahenwal girizipdir. Ol 1746-njy ýylda täze okuw dersini okadyp başlapdyr we ony «statistika» diýip atlandyrypdyr. Nemes hukuk we filosofiýa ylmynyň beýan ediş mekdebiniň esaslandyryjysy bolmak bilen G. Ahenwal, özüniň döreden täze okuw dersini döwleti öwreniş ylmynyň bir pudagy hökmünde görüp, onuň mazmuny döwletleriň syýasy ýagdaýyny beýan etmekden ybarat diýip hasaplapdyr. Şonuň üçin hem täze okuw dersini atlandyrmakda ol latyn we italýan dillerinde döwlet babatda ulanylýan (status ýagdaý, düzgün, stato döwlet hem-de statista döwlet boýunça bilermen) sözlerden peýdalanmagy dogry diýip tapypdyr.

Soňra XVIII asyryň ortalarynda «statistika» diýen söz bilen döwletler hakynda hakykat ýüzünde bar bolan (anyk) maglumatlary atlandyryp ugrapdyrlar. Şeýle maglumatlara döwletleriň ilatynyň sany we köpelişi, ykdysadyýeti, dolandyryş-çäk bölünişi barada we ş.m. maglumatlar degişli edilipdir. Wagtyň geçmegi bilen bu adalganyň mazmuny has giňäp, çylşyrymlaşyp, takyklanypdyr. Uzagyndan «statistika» diýen adalganyň astynda diňe möçberleýin we mukdarlaýyn görkezijileriň jemine däl-de, eýsem olary toplamagyň hem seljermegiň prosesine, köpçülikleýin hadysalar hakynda ylma, olary öwrenýän okuw dersine düşünilip başlanypdyr.

---

[1] «Statistika hakynda» Türkmenistanyň Kanuny. Aşgabat, 2012-nji ýylyň 31-nji marty, 1-nji maddanyň 1-nji bendi.

[2] *A. Aýnazarow*, *O. Ataýew*. Statistikanyň nazaryýeti. Ýokary okuw mekdepleri üçin okuw kitaby. – A.: TDNG, 2009, 11-nji sahypa.

Häzirkizaman ylmynda «statistika» diýen adalga, esasan, dört manyda düşünilýär:

*Birinjiden*, statistika jemgyýetdäki we tebigatdaky köpçülikleýin hadysalar hakynda maglumatlaryň jemi hökmünde:

- ilatyň statistikasy;
- nika bozmagyň statistikasy;
- söwdanyň statistikasy;
- ýaşaýyş jaýlarynyň gurluşygynyň statistikasy;
- öz-özüne kast etmeleriň statistikasy;
- hirurgiýa amallarynyň (operasiýalarynyň) şowlulygynyň statistikasy;
- guşlaryň ondan-oňa göçüp-gonmagynyň (migrasiýasynyň) statistikasy;
- fiziki prosessleriň statistikasy we ş.m.

Bu takyk mukdarlaýyn, ýagny absolýut we otnositel ululyklar ol ýa-da beýleki köpçülikleýin hadysanyň derejesini, ösüşini (dinamikasyny) ýa-da düzüm gurluşyny açyp görkezýär.

*Ikinjiden*, statistika mukdarlaýyn görkezijilerden ybarat bolan maglumaty toplamak, gaýtadan işlemek, seljermek we halk köpçüligine ýaýratmak boýunça tejribeleýin işjeňligiň bir görnüşi hökmünde. Statistika şu manyda garalanda, ol ykdysady, demografiki, durmuşy (sosial), hukuk we gaýry köpçülikleýin hadysalary gönüden-göni hasaba almak we şonuň netijesinde-de görkezilen maglumatlary umumylaşdyrmagyň dürli derejelerinde, şol sanda jemgyýetçilik--resmi derejede-de emele getirilýän tapgyrlaýyn we yzygiderli hasabatlylyk bolup durýar. Mysal üçin, jenaýatlary we olary amala aşyran şahslary etrap (etrap hukukly şäher) polisiýa bölüminiň bellige alyş – hasaba alyş düzüm birliklerinde bellige we hasaba almak, soňra şol maglumatlary welaýatyň (welaýat hukukly şäheriň) polisiýa müdirliginiň Maglumatlar merkezinde umumylaşdyrmak we şol umumylaşdyrmalary döwlet merkezine – Türkmenistanyň Içeri işler ministrliginiň Baş maglumat merkezine bermek, Baş maglumat merkezinde bolsa ol maglumatlary jemlemek, toparlaşdyrmak we ýörite statistik ýygyndylarda neşir etmek.

*Üçünjiden*, statistika köpçülikleýin hadysalar barada mukdarlaýyn görkezijilerden ybarat bolan maglumatlary toplamak, jemlemek, toparlaşdyrmak we seljermek bilen bagly soraglary öwrenýän ylmyň bir pudagy hökmünde (edebiýatlarda statistika ylmyna üç manyda garalýandygy kesgitlenýän hem bolsa[1], onuň dördünji manysynyň hem bardygyny görkezmek bolar).

*Dördünjiden*, statistika köpçülikleýin hadysalar barada mukdarlaýyn görkezijilerden ybarat bolan maglumatlary toplamak, jemlemek, toparlaşdyrmak we seljermek bilen bagly soraglary hem usullary öwredýän okuw dersi hökmünde.

Türkmenistanyň statistika ulgamy barada aýdylanda, Türkmenistanyň maglumatlar ulgamynyň düzüm bölegi hökmünde, statistika ulgamy döwlet statistika edaralary we oňa ygtyýarlyk berlen edaralar tarapyndan halkara standartlaryna laýyklykda işlenip düzülen bitewi usulyýet esasynda we statistik habarlary peýdalanyjylaryň isleglerini kanagatlandyrmak üçin niýetlenilen ilkinji statistik maglumatlary ýygnamagyň, olary işlemegiň, umumylaşdyrmagyň, seljermegiň, ýaýratmagyň we saklamagyň umumydöwlet ulgamy bolup durýar. Türkmenistanyň statistika ulgamy döwlet we pudaklaýyn dolandyryş edaralarynyň statistikasyndan ybarat bolup durýar.[2]

Türkmenistanda döwlet statistika edaralarynyň ulgamyna şu aşakdakylar girýär:

- Türkmenistanyň Statistika baradaky döwlet komiteti;
- sebitleýin statistika edaralary.

Türkmenistanyň Statistika baradaky döwlet komiteti Türkmenistanyň statistik hasaba alyş merkeziniň wezipesini amala aşyrýan döwlet dolandyryş edarasy bolup durýar. Sebitleýin statistika edaralary, welaýatlaryň we Aşgabat şäheriniň statistika müdirlikleridir. Welaýatlaryň (welaýat hukukly şäherleriň) statistika müdirlikleriniň düzümine etraplaryň we etrap hukukly şäherleriň statistika bölümleri girýärler.

---

[1] *A. Aýnazarow*, *O. Ataýew*. Statistikanyň nazaryýeti. Ýokary okuw mekdepleri üçin okuw kitaby. – A.: TDNG, 2009, 9-njy sahypa.

[2] «Statistika hakynda» Türkmenistanyň Kanuny. Aşgabat, 2012-nji ýylyň 31-nji marty, 2-nji madda.

Kanunçylyga laýyklykda, sebitleýin statistika edaralary Türkmenistanyň Statistika baradaky döwlet komitetine tabyndyrlar hem-de statistika işini Türkmenistanyň Statistika baradaky döwlet komiteti tarapyndan tassyklanylýan düzgünnama laýyklykda amala aşyrýarlar. Türkmenistanyň Statistika baradaky döwlet komiteti bolsa, sebitleýin statistika edaralarynyň hukuklaryny we borçlaryny belleýär. Şeýle hem Türkmenistanyň Statistika baradaky döwlet komiteti öz üstüne ýüklenen wezipeleri ýerine ýetirmek üçin Türkmenistanyň kanunçylygynda bellenilen tertipde öz tabynlygyndaky kärhanalary döretmäge haklydyr. Hereket edýän kanunçylyga laýyklykda, döwlet statistika edaralarynyň işine bikanun gatyşylmagyna ýol berilmeýär.[1]

Türkmenistanyň statistika ulgamy statistika baradaky döwlet syýasatyny durmuşa geçirmäge niýetlenendir. Türkmenistanyň statistika babatyndaky döwlet syýasaty bolsa, onuň esasy ýörelgeleriniň esasynda gurulýar we maglumatlary ýygnamagyň, işlemegiň, seljermegiň, toplamagyň hem-de statistik habary ýaýratmagyň ylmy taýdan esaslandyrylan bitewi ulgamynyň döredilmegine we işlemegine, statistikanyň halkara standartlaryna laýyklykda ösdürilmegine we kämilleşdirilmegine gönükdirilýär[2].

Türkmenistanyň kanunçylygyna laýyklykda, statistikanyň şu aşakdaky ýörelgeleri bar:

- ähmiýetlilik, obýektiwlik;
- elýeterlilik;
- garaşsyzlyk we hünärjeňlik;
- hasabat bermeklik we aýdyňlyk;
- resmi statistikanyň öz wagtlylygy we hili;
- ilkinji statistik maglumatlaryň ýaşyrynlygy;
- halkara hyzmatdaşlyk[3].

Ylmyň pudagy hökmünde statistika, statistikanyň umumy nazaryýetine, ykdysady statistika we pudaklaýyn statistikalara bölünýär hem-de ol, maglumatlara gözegçilik etmek, olary toparlara böl-

---

[1] «Statistika hakynda» Türkmenistanyň Kanuny. Aşgabat, 2012-nji ýylyň 31-nji marty, 5-nji madda.

[2] Şol ýerde. 11-nji madda.

[3] «Statistika hakynda» Türkmenistanyň Kanuny. Aşgabat, 2012-nji ýylyň 31-nji marty, 6-njy maddanyň 1-7-nji bentleri.

mek we jemlemek ýaly ylmy-derňew usullaryny özünde jemleýär[1]. Hukuk statistikasy hem umumy statistikanyň möhüm pudaklarynyň biri bolmak bilen umumy jemgyýetçilik ösüşiniň belli bir ugry bolan döwletiň ykdysady ösüşini maksatnamalaýyn esasda üpjün etmek üçin zerur maglumatlary toplamaklyga, rejelemeklige hem-de seljermeklige ýardam berýär.

Hereket edýän kanunçylyga laýyklykda, Türkmenistanyň statistika ulgamynyň respondentleri[2] bolan şahslaryň şu aşakdaky hukuklary döwlet tarapyndan kepillendirilýär we üpjün edilýär:

• döwlet statistik gözegçiliginiň formalaryny kagyz we (ýa-da) elektron göterijilerde we olary doldurmak boýunça gözükdirmelerini, şeýle hem ilkinji statistik maglumatlaryň elektron görnüşde berilmegi üçin programma üpjünçiligini bellenilen tertipde almaga;

• ministrliklerden we pudaklaýyn dolandyryş edaralaryndan pudaklaýyn dolandyryş edaralarynyň statistik gözegçilikleriniň formalaryny we olary doldurmak boýunça gözükdirmeleri bellenilen tertipde almaga;

• zerur bolan halatlarda döwlet statistika edaralaryndan ozal berlen ilkinji statistik maglumatlary bellenilen tertipde almaga;

• döwlet statistika edaralary tarapyndan edilýän hyzmatlardan Türkmenistanyň kanunçylygynda bellenilen tertipde peýdalanmaga;

• zerur bolan halatlarda döwlet statistika edaralary tarapyndan geçirilýän çärelere (seminarlara, konferensiýalara we beýlekilere) gatnaşmaga;

• döwlet statistika edaralaryndan özleri tarapyndan berilýän ilkinji statistik maglumatlaryň ýaşyrynlygynyň berjaý edilmegini talap etmäge;

---

[1] *Лялин В.С., Костыря Е.А., Симоненко А.В., Кузнецова Я., Барикаев Е.Н.*. Правовая статистика. Учебник. Москва, 2010. 8 с.

[2] «Statistika hakynda» Türkmenistanyň Kanuny. Aşgabat, 2012-nji ýylyň 31--nji marty, 1-nji maddanyň 10-njy bendi. «**Respondentler** - döwlet statistika edaralaryna we oňa ygtyýarlylygy bolan edaralara bellenilýän tertipde ilkinji statistik maglumatlary berýän Türkmenistanyň fiziki şahslary, ýuridik şahslary (aýrybaşgalanan düzüm birlikleri) we öý hojalyklary, şeýle hem Türkmenistanyň çäginde ýerleşýän daşary ýurt raýatlary, raýatlygy bolmadyk adamlar, daşary ýurt ýuridik şahslary (aýrybaşgalanan düzüm birlikleri) we halkara guramalary».

• Türkmenistanyň kanunçylygyna laýyklykda başga hukuklardan peýdalanmaga.

Görkezilenler bilen bir hatarda, tabynlygynda düzüm birlikleri bolan respondent – ýuridik şahslar olardan statistik hasabatlylygy almaga we dogrulygyny barlamaga haklydyrlar. Şeýle hem, respondentler döwlet statistika edaralarynda bolan statistik habarlardan bellenilen tertipde peýdalanmaga-da haklydyrlar.[1]

Döwletiň we hukugyň nazaryýetinden belli bolşy ýaly, hukuk ulgamynda hukuklaryň bolmagy hökmany ýagdaýda borçlaryň hem hereket etmegi bilen aýrylmaz baglanyşyklydyr. Şol sebäpli-de hereket edýän kanunçylyk statistika işi çygrynda respondentleriň şu aşakdaky borçlarynyň bardygyny kesgitleýär:

• bellenilen möhletlerde döwlet statistika edaralaryna we oňa ygtyýarly edaralara statistik hasabatlylygy bermäge;

• statistik gözegçilikler geçirilýän mahalynda döwlet statistika edaralaryna dogry ilkinji statistik maglumatlary, olary bermegiň tertibine we statistik usulyýete laýyklykda bermäge;

• döwlet statistika edaralarynyň soramagy boýunça olaryň wezipe borçlaryny ýerine ýetirmegi üçin ýygnalýan zerur maglumatlary bermäge;

• statistik hasaba alnyşyň we hasabatlylygyň ýeke-täk formalaryny ýöretmäge;

• döwlet statistik gözegçilikleriniň geçirilişine gatnaşmaga;

• statistik hasabatlylygynyň doldurylyşynyň, statistik maglumatlary bermegiň tertibini berjaý etmäge;

• statistik hasabatlylygyň maglumatlarynyň dogrulygynyň barlaglary geçirilende döwlet statistika edaralaryna ýardam etmäge;

• döwlet statistika edaralarynyň şu Kanunda göz öňünde tutulan talaplaryny ýerine ýetirmäge;

• Türkmenistanyň kanunçylygynda bellenilen beýleki borçlary amal etmäge.

---

[1] «Statistika hakynda» Türkmenistanyň Kanuny. Aşgabat, 2012-nji ýylyň 31-nji marty, 26-njy madda.



2. Sargyt № 2423.

Şonuň bilen birlikde-de respondentler berilýän statistik maglumatlaryň dogrulygyny, dolulygyny we olaryň öz wagtynda berilmegini berjaý etmäge-de borçludyrlar.[1]

Döwlet statistika edaralary bolsa, öz ygtyýarlyklarynyň çäklerinde, şu aşakdaky ygtyýarlyklara eýedirler:

• respondentlerden bellenilen tertipde muzdsuz esasda statistik maglumatlary almaga;

• döwlet häkimiýet we dolandyryş, ýerli öz-özüňi dolandyryş edaralaryndan, döwlet we pudaklaýyn dolandyryş edaralarynyň statistikasynyň meseleleri boýunça zerur habarlary soramaga we almaga;

• statistik maglumatlary işlemegiň tehnologik işini awtomatlaşdyrmak üçin programma önümlerini işläp düzmäge we (ýa-da) satyn almaga;

• statistik usulyýet we maglumat-aragatnaşyk tehnologiýalary babatda gazanylanlary nazara almak bilen işgärleri gaýtadan taýýarlamagy amala aşyrmaga;

• halkara guramalary we beýleki döwletleriň milli statistika gulluklary bilen statistika babatda hyzmatdaşlygy amala aşyrmaga, hyzmatdaşlygyň çäklerinde olar bilen degişli statistik habarlary alyşmaga, ylmy işläp düzmelere gatnaşmaga, bilelikdäki iş hakynda olar bilen şertnamalary baglaşmaga;

• «Statistika hakynda» Türkmenistanyň Kanunynyň ýüze çykarylan bozulmalaryny aradan aýyrmak boýunça respondentlere hökman ýerine ýetirmek üçin görkezmeleri bermäge;

• statistik hasabatlylygynyň berilmegini togtatmaga we olary ýatyrmaga;

• respondentler tarapyndan berilýän statistik hasabatlylygyň maglumatlarynyň dogrulygyny barlamaga;

• ýuridik şahslaryň (aýrybaşgalanan düzüm birlikleriniň) ýolbaşçylarynyň statistik hasaba alnyşyň we statistik hasabatlylygyň ýagdaýy hakyndaky habarlaryny diňlemäge;

---

[1] «Statistika hakynda» Türkmenistanyň Kanuny. Aşgabat, 2012-nji ýylyň 31-nji marty, 27-nji madda.

• ýuridik şahslaryň (aýrybaşgalaşdyrylan düzüm birlikleriniň) wekillerini olaryň ýolbaşçylary bilen ylalaşmak arkaly  statistik hasaba alnyşyň we statistik hasabatlylygyň ýagdaýynyň barlaglaryny geçirmäge çekmäge;

• hasabatlylygyň nädogry maglumatlary ýüze çykarylan mahalynda döwlet statistik hasabatlylygyna bellenen tertipde düzedişler girizmäge;

• resmi statistik habary peýdalanmak boýunça düşündirişleri bermäge;

• şertnama esasynda statistika işlerini ýerine ýetirmäge we statistika hyzmatlary etmäge;

• Türkmenistanyň kanunçylygynda başgaça bellenilmedik bolsa, statistik habarlary tölegli esasda ýaýratmaga we başga habar beriş hyzmatlaryny etmäge;

• Türkmenistanyň Statistika baradaky döwlet komiteti, sebitleýin statistika edaralary öz ygtyýarlyklarynyň çäklerinde statistik materiallary we statistik amalyýet resminamalaryny neşir etmäge we çap edip köpeltmäge;

• Türkmenistanyň kanunçylygyna laýyklykda başga hukuklara.

Şonuň bilen birlikde-de, döwlet statistik gözegçilikleri geçirilende, döwlet statistika edaralary kärhanalaryň, guramalaryň we edaralaryň ýolbaşçylary bilen ylalaşyp, zerur bolan halatynda şol işlere olaryň aýry-aýry işgärlerini çekmäge haklydyr. Türkmenistanyň raýatlarynyň döwlet statistik gözegçiligini amala aşyrmaga çekilmegi bolsa, hereket edýän kanunçylyga laýyklykda, şertnama esasynda amala aşyrylýar.[1]

Görkezilen ygtyýarlyklar bilen bir hatarda döwlet statistika edaralary borçludyrlar:

• statistik maglumatlaryň doly möçberde we bellenen möhletlerde ýygnalmagynyň, işlenilmeginiň we seljerilmeginiň ýerine ýetirilmegini guramaga;

• statistikanyň milli we halkara standartlaryna laýyklykda statistik usulyýeti kämilleşdirmäge;

---

[1] «Statistika hakynda» Türkmenistanyň Kanuny. Aşgabat, 2012-nji ýylyň 31--nji marty, 13-nji madda.

• döwlet statistik gözegçilikleriň guralmagyna we geçirilmegine usulyýet taýdan ýolbaşçylygy amala aşyrmaga;

• maglumatlaryň statistik binýatlaryny döretmäge;

• peýdalanyjylary bellenilen tertipde jemleýji statistik habarlar[1] bilen üpjün etmäge;

• degişli peýdalanyjylar üçin statistik habarlara elýeterliligi üpjün etmäge;

• statistika edaralarynyň hünärmenleriniň hünärini we bilim derejesini ýokarlandyrmaga;

• statistik maglumatlary döretmegiň usulyýetiniň peýdalanylmagy barada zerur düşündirişleri bermäge we döwlet statistikasyndaky üýtgetmeler barada Türkmenistanyň köpçülikleýin habar beriş serişdelerinde zerur habarlary bermäge;

• döwlet häkimiýet we dolandyryş edaralaryny Türkmenistanyň durmuş-ykdysady ýagdaýy hakynda dogry we hakyky statistik habarlar bilen üpjün etmäge;

• respondentleri döwlet statistik hasabatlylygynyň zerur formalary we olary doldurmak boýunça gözükdirmeler bilen bellenilen tertipde üpjün etmäge;

• statistik görkezijileriň ulgamyny, olaryň metemaglumatlaryny, statistik gözegçilikleri geçirmegiň usulyýetini halkara standartlaryna laýyklykda kämilleşdirmäge;

• statistik maglumatlaryň toplanmagyny, saklanylmagyny we goralmagyny üpjün etmäge;

• döwlet we täjirçilik syrlarynyň goralmagyny, ilkinji statistik maglumatlaryň ýaşyrynlygyny üpjün etmäge;

• öz ygtyýarlylyklarynyň çäklerinde beýleki borçlary ýerine ýetirmäge.[2]

Häzirki döwürde, Türkmenistanda umumy statistikanyň nazaryýeti boýunça B. Atabaýew, A. Aýnazarow, E. Esenow, B. Esenow,

---

[1] «Statistika hakynda» Türkmenistanyň Kanuny. Aşgabat, 2012-nji ýylyň 31-nji marty, 1-nji maddanyň 15-nji bendi. «**Jemleýji statistik habar** - ykdysady, demografik, sosial we ekologik ýagdaý barada ilkinji statistik maglumatlaryň işlenilmegi we umumylaşdyrylmagy arkaly alnan agregirlenen maglumatlar».

[2] «Statistika hakynda» Türkmenistanyň Kanuny. Aşgabat, 2012-nji ýylyň 31-nji marty,14-nji madda.

O. Ataýew ýaly alymlar tarapyndan birnäçe okuw kitaplary we ylmy işler taýýarlanyldy[1]. Ýöne görkezilen edebiýatlar neşir edilenden soňra, ýagny, 2012-nji ýylyň 31-nji martynda Türkmenistanyň statistika edaralarynyň ulgamyny we statistika işiniň amala aşyrmagyň tertibini kesgitleýän ýörite kanunçylyk namasy kabul edildi. Şoňa görä-de görkezilen edebiýatlary täze ýüze çykan ýagdaýlara baglylykda, gaýtadan düýpli işlemek we hereket edýän kanunçylyga laýyk getirip, täzeden neşir etmek maksadalaýyk bolup durýar. Mysal üçin, 2009-njy ýylda neşir edilen okuw edebiýatynyň 1-nji babynyň 1.5. paragrafy «Türkmenistanda statistikanyň guralyşy» diýlip atlandyrylýar we görkezilen bölümçede Türkmenistanyň Prezidentiniň 2007-nji ýylyň 11-nji oktýabryndaky, 9108 belgili karary bilen tassyklanan «Türkmenistanyň Statistika baradaky döwlet komiteti hakynda» Düzgünnamanyň esasynda döwlet statistika ulgamynyň düzüm gurluşy beýan edilýär[2]. Häzirki döwürde bolsa, hereket edýän kanunçylykda, bu düşünje «Döwlet statistika edaralarynyň ulgamy[3]» diýen adalga bilen atlandyrylýar hem-de bu çygyrdaky gatnaşyklar we statistika işini amala aşyrmagyň tertibi has jikme-jik düzgünleşdirilýär.

## §2. Jenaýat-hukuk statistikasy hukuk statistikasynyň pudagy hökmünde

Jenaýat-hukuk statistikasynyň umumy düşünjesi barada söz açylanda ilki bilen hukuk statistikasynyň mazmuny we nazaryýet esaslary barada gysgaça durup geçmek ýerlikli bolardy.

Mälim bolşy ýaly, Türkmenistanda öz görkezijileri bilen jemgyýetiň ykdysady, syýasy, medeni we hukuk durmuşynyň ähli

---

[1] *B. Atabaýew, A. Aýnazarow, E. Esenow, B. Esenow*. Statistika. I bölüm. – – A.:TDNG, 2001; *A. Aýnazarow, O. Ataýew, E. Esenow, B. Esenow*. Statistika. II bölüm. – A.: TDNG, 2001; *A. Aýnazarow, E. Esenow*. Dinamiki hatarlar. Statistikanyň umumy teoriýasy boýunça okuw-usulyýet gollanmasy. – A., 1998; *A. Aýnazarow, O. Ataýew*. Statistikanyň nazaryýeti. Ýokary okuw mekdepleri üçin okuw kitaby. – A.: TDNG, 2009.

[2] *A. Aýnazarow, O. Ataýew*. Statistikanyň nazaryýeti. Ýokary okuw mekdepleri üçin okuw kitaby. – A.: TDNG, 2009, 15-17-nji sahypa.

[3] «Statistika hakynda» Türkmenistanyň Kanuny. Aşgabat, 2012-nji ýylyň 31-nji marty, 3-nji bap.

ugurlaryny beýan edýän statistika birnäçe pudaklara bölünýär (ykdysady, demografik, saglygy goraýyş we ş.m.). Statistikanyň şeýle ugurlarynyň biri-de hukuk (ýuridik) statistika bolup durýar. Hukuk statistikasy bu umumy hukuk ylmynyň bir ugry bolup, ol mukdarlaýyn hem möçberleýin görnüşde hukuk bozulmalaryň (jenaýat, dolandyryş, raýat hukuk bozulmalary) dürli görnüşleriniň dürli-dürli taraplaryny – olaryň düzüm gurluşyny, ösüşini (dinamikasyny), olaryň ýüze çykmagyny şertlendirýän kesgitleýji sebäpleri, olaryň öňüni almaklyga we olaryň amala aşyrylmagynyň bes edilmegine gönükdirilen döwlet çäreleriniň tutuş jemini öwrenýär. Şeýle hem, okuw edebiýatlarynda bellenip geçilişi ýaly, hukuk statistikasy: «...özüniň görkezijisi bilen jemgyýetçilik we döwlet gurluşynyň, döwlet emläginiň goralyşyny, raýatlaryň, edaralaryň, kärhanalaryň, daýhan birleşikleriniň, jemgyýetçilik guramalarynyň Türkmenistanyň Konstitusiýasy tarapyndan kepillendirilen hukuklarynyň we bähbitleriniň goralyşyny görkezýär[1]».

Şonuň bilen birlikde-de hukuk statistikasy jemgyýetçilik we döwlet gurluşynyň, raýatlaryň Konstitusiýada we kanunlarda kepillendirilen hukuklarynyň hem azatlyklarynyň goragyny üpjün edýän, prokuratura, polisiýa, kazyýet, kepillendiriş edaralary we ş.m. ýaly döwlet edaralarynyň hem tutuş işjeňligini statistik nukdaýnazardan öwrenýär. Agzalan edaralaryň amala aşyrýan işjeňliginiň mukdarlaýyn hem möçberleýin taraplary-da hukuk statistikasynyň predmeti bolup durýar[2].

Şu günki günde «ýurdumyz ynsanperwerlik we adalatlylyk ýörelgelerini ykrar etmegiň, olary iş ýüzünde amala aşyrmagyň ýoly bilen ynamly öňe barýar, şeýle hem döwlet we jemgyýetçilik durmuşyny demokratik esaslarda gurmagy, şahsyýetiň hukuklarynyň we azatlyklarynyň hemmetaraplaýyn goralmagyny üpjün etmek baradaky wezipeleri işeňňir durmuşa geçirýär[3]». Şu ýagdaýda, hukuk

---

[1] *H. Amanow*. Kriminologiýa (Jenaýatçylygy öwreniş). Türkmenistanyň ýokary okuw mekdepleri üçin okuw gollanmasy. – A: Türkmen döwlet neşirýat gullugy, 2007, 23-nji sahypa.

[2] *Селезнев А.В., Сысоев Э.В., Терехов А.В., Рак И.П.*. Юридическая статистика. Учебное пособие. Тамбов, 2004, 8-nji sahypa.

[3] *B. Zahyrow*. Garaşsyz Türkmenistanyň milli kazyýet ulgamynyň özgerdilmegi // Bülten Press. -2001.- №31, 15-nji sahypa.

statistikasynyň usullarynyň hem serişdeleriniň netijeli ulanylmagynyň esasynda toplanan ygtybarly maglumatlardan ugur alyp, agzalan edaralaryň işini kämilleşdirmegiň we olaryň işiniň netijeliligini artdyrmagyň ähmiýeti örän uludyr. Bu wajyp işi durmuşa geçirmekde-de hukuk statistikasy esasy orny eýeleýär. Sebäbi ol beýleki maglumat çeşmeleri bilen birlikde kazyýetleriň anyklaýyş we derňew edaralarynyň düzediş we gaýry dolandyryş edaralarynyň nähili derejede kämil işleýändiklerini, adyl kazyýetligiň amala aşyrylyşynyň kämilliginiň derejesini kesgitlemäge mümkinçilik berýär[1].

Amala aşyrylan jenaýatlaryň anyk sanyny bilmek, jenaýatçylary hasaba almak bilen, şeýle hem maşgala, zähmet, ýaşaýyş jaý kanunçylygynyň bozulmalary we kanunçylygyň beýleki pudaklaryndaky hukuk bozmalar barada, jenaýatlaryň netijesinde ýetirilen maddy zelelleriň möçberi barada, şonuň ýaly-da hukuk bozmalara garşy alnyp barylýan göreşiň netijeliligi barada anyk maglumatlary toplamak bilen hukuk goraýjy edaralar kanunylygy we hukuk tertibini berkitmek babatda öz öňlerinde goýlan wezipeleri has kämil we ýokary derejede netijeli amala aşyrmaga mümkinçilik döredýärler[2].

Hukuk statistikasy haýsy hadysalary öwrenýär, ýagny näme onuň predmeti bolup durýar?

Hukuk statistikasy jemgyýetçilik we döwlet gurluşynyň, eýeçiligiň, şahsyýetiň, raýatlaryň, eýeçiligiň ähli görnüşlerine degişli bolan edaralaryň, kärhanalaryň, guramalaryň hukuklarynyň we kanuny bähbitleriniň jenaýat-hukuk, dolandyryş-hukuk, raýat-hukuk goraglylygyny amala aşyrýan, kazyýet, prokuratura, polisiýa, düzediş edaralary, Türkmenistanyň Sagdyn jemgyýet howpsuzlygyny goraýyş döwlet gullugy, kepillendiriş edaralary ýaly döwlet edaralarynyň işini öwrenýär[3]. Şeýlelikde, onuň predmeti hökmünde hukuk goraýjy edaralaryň işiniň çygryna girýän hadysalaryň mukdarlaýyn (sanlaýyn) tarapyny kesgitlemek bolar. Takyk aýdylanda, hukuk statistikasynyň predmetini emele getirýär:

---

[1] Криминогенная ситуация в РФ в начале XXI века/ Под общ. ред., Б.Я Кигсотя. М.: ВНИИ МВД России, 2001. 28-nji sahypa.

[2] *Яунеев В.В.* Преступность XX века. Мировые, региональные и российские тенденции. Изд. 2-е, перераб. и доп. М.: Волтерс Клувер, 2005, 87 с.

[3] *B. Zahyrow*. Berkarar döwletiň bagtyýarlyk döwründe hukuk statistikasynyň ähmiýeti // «Türkmenistanda ylym we tehnika». – 2012. - № 6, 22-nji sahypa.

• jenaýatçylygyň we oňa garşy göreş çäreleriniň mukdarlaýyn hasabaty;

• kazyýetde (arbitraž kazyýetde) seljerilmegiň obýekti bolan raýat hukuk bozulmalaryň mukdarlaýyn hasabaty;

• dolandyryş hukuk bozulmalaryň we olaryň öňüni almak babatda dolandyryş edaralary tarapyndan amala aşyrylýan çäreleriň mukdarlaýyn hasabaty.

Ýokarda görkezilişi ýaly, hukuk statistikasynyň esasy maksady degişli döwlet edaralary tarapyndan garalýan hukuk bozmalaryň we olara garşy göreş çäreleriniň ählisini hasaba almak bolup durýar. Şu ýerde hukuk statistikasynyň diňe hukuk goraýjy edaralar tarapyndan garalan (anyklaýyş we deslapky derňew geçirilen, kazyýetde seljerilen) etmişleri hasaba alýandygyny bellemek möhüm. Hukuk statistikasy tarapyndan hasaba alynýan etmişlerden başga, degişli wezipeleri amala aşyrýan döwlet edaralarynyň ünsüne düşmeýän (ýa-da degişli edaralaryň gullukçylary tarapyndan bilkastdan hasaba alynmaýan, hasapdan ýaşyrylýan) hukuk bozmalaryň hem bardygyny bellemek gerek. Mysal üçin, tebigy we emeli latent jenaýatçylyk. Başgaça aýdylanda, alymlaryň belläp geçişi ýaly, hukuk statistikasynyň: «...esasy maksady hukuk goraýjy (IIM, prokuratura, kazyýet, milli howpsuzlyk) edaralarynyň we jemgyýetçilik guramalarynyň seredýän raýatlaryň hukuklarynyň bozulmagynyň, şeýle hem şol bozulmalara garşy göreşmek çäreleriniň hasabyny almakdyr[1]».

Dolandyryş-hukuk ýa-da jenaýat-hukuk çygrynda bolşy ýaly, hukuk statistikasy raýat-hukuk çygrynda ähli raýat-hukuk (ýaşaýyş jaý, zähmet, maşgala we ş.m.) gatnaşyklaryny hasaba almaýar. Onda diňe kazyýetde (arbitraž kazyýetde) garalan jedelli raýat-hukuk gatnaşyklarynyň hasabaty ýöredilýär.

Hukuk statistikasynyň mazmunyny, Türkmenistanyň Konstitusiýasynda we Türkmenistanyň Jenaýat iş ýörediş kodeksinde, Türkmenistanyň Raýat iş ýörediş kodeksinde, Türkmenistanyň Arbitraž iş ýörediş kodeksinde, Türkmenistanyň Dolandyryş hukuk

---

[1] *H. Amanow*. Kriminologiýa (Jenaýatçylygy öwreniş). Türkmenistanyň ýokary okuw mekdepleri üçin okuw gollanmasy – A: Türkmen döwlet neşirýat gullugy, 2007, 23-nji sahypa.

tertibiniň bozulmalary hakyndaky kodeksinde, Türkmenistanyň Jenaýat kodeksinde, Türkmenistanyň Raýat kodeksinde, «Kazyýet hakynda» Türkmenistanyň Kanunynda, «Türkmenistanyň prokuraturasy hakynda» Türkmenistanyň Kanunynda we beýleki kadalaşdyryjy hukuk namalarynda berkidilen adyl kazyýetligi amala aşyrmagyň ýörelgeleri emele getirýärler.

Hukuk statistikasy kanuna laýyklykda, özüniň ýörite usullaryny ulanmak bilen döwlet edaralary tarapyndan hukuk bozmalaryň dürli görnüşlerine garşy amala aşyrylýan göreş çäreleriniň netijeliliginiň derejesini anyk hem aýdyň açyp görkezmäge borçludyr.

Hukuk statistikasy öwrenilende *birinjiden*, hasaba alynýan hukuk bozulmalaryň dürli häsiýetlidigini, *ikinjiden*, tejribede hukuk statistikasy bilen meşgullanýan guramalaryň işjeňliginiň dürli häsiýetlidigini nazara almagyň wajyp ähmiýeti bardyr. Görkezilen ýagdaýlary göz öňünde tutmak bilen hukuk statistikasyny üç sany özbaşdak pudaga bölmek bolar:

1. Jenaýat-hukuk statistikasy (onuň gönüden-göni obýekti jenaýatçylygyň we oňa garşy göreşmegiň hem-de onuň öňüni almaklyga gönükdirilen çäreleriň mukdarlaýyn tarapy bolup durýar);

2. Raýat-hukuk statistikasy (onuň gönüden-göni obýekti kazyýetde we arbitraž kazyýetde seljerilýän raýat hukuk gatnaşyklarynyň mukdarlaýyn tarapy bolup durýar);

3. Dolandyryş-hukuk statistikasy (onuň gönüden-göni obýekti dolandyryş hukuk bozulmalarynyň we olara garşy göreş çäreleriniň mukdarlaýyn tarapy bolup durýar).[1]

Şeýlelikde, hukuk statistikasy özüniň görkezijilerinde jenaýat, raýat we dolandyryş iş ýöredişleriniň (prosesleriniň) ähli tapgyrlaryny beýan edýär. Özi-de bu görkezijiler bir tarapdan, ol ýa-da beýleki hukuk bozulmalaryň doly (absolýut) we belli derejede anyk (otnositel) mukdarlaryny, beýleki tarapdan bolsa, degişli edaralaryň (mysal üçin, prokuraturanyň, kazyýetiň, polisiýanyň) şol hukuk bozulmalaryň öňüni almaklyga we olaryň garşysyna göreşmeklige gönükdirilen işjeňliginiň netijeliligini häsiýetlendirýär. Hukuk statistikasynyň örän

[1] *B. Zahyrow*. Berkarar döwletiň bagtyýarlyk döwründe hukuk statistikasynyň ähmiýeti // «Türkmenistanda ylym we tehnika». – 2012. - № 6, 23-nji sahypa.

wajyp hem özbaşdak ugurlarynyň biri-de prokuror gözegçiliginiň statistikasy bolup durýar. Ol Türkmenistanyň prokuratura edaralarynyň köp ugurly işjeňligini mukdarlaýyn tarapdan açyp görkezýär.

Bu bolsa döwletiň hukuk goraýjy edaralarynyň işini kämilleşdirmek, işiň netijeliligini ýokarlandyrmak babatda çäreleriň toplumyny işläp düzmeklige örän uly ýardam berýär. Çünki bu ugurdaky esasy ösüş ugurlaryny (tendensiýalary) görkezmek bilen birlikde, hukuk statistikasy döwletde kanunylygy berkitmek we hukuk tertibini has mäkäm üpjün etmek işinde döreýän ýetmezçilikleri ýüze çykarmaga we olary ýok etmek üçin çäreleri taýýarlamaga mümkinçilik berýär.

Ondan başga-da hukuk statistikasynyň maglumatlarynyň kanunçykaryjylyk çygrynda-da netijeli peýdalanylyp bilinjekdigini bellemek gerek. Hukugyň dürli pudaklary, jenaýat we raýat iş ýöredişi boýunça, şonuň ýaly-da hukuk goraýjy edaralarynyň ulgamynyň guralyşy boýunça dürli kanunlaryň taslamalaryny taýýarlamak işinde hereket edýän kanunçylygyň aýry-aýry maddalarynyň tejribede ulanylyşy we hukuk bozulmalaryň anyk görnüşleriniň ýaýrawynyň derejesi barada takyk maglumatlaryň uly toplumy gerek bolup durýar. Toplanan maglumatlaryň esasynda ol ýa-da beýleki kanunlaryň tejribede ulanylyşyny açyp görkezip, hukuk bozulmalaryň belli bir görnüşleriniň hereketini häsiýetlendirmek bilen hukuk statistikasy şol döwürde belli bir kanunyň hereket etmeginiň maksadalaýykdygyny ýa-da däldigini, onuň netijeliligini aýdyň beýan edýär.

Şu ýerde hukuk statistikasynyň ösüşi barada gysgaça durup geçmek ýerlikli bolar. Hukuk statistikasynyň esasy ugurlarynyň biri bolan jenaýatçylygyň statistikasynyň, statistikanyň özbaşdak ugry hökmünde emele gelip ösüp başlamagy bolsa öz gözbaşyny XIX asyryň 30-njy ýyllaryndan alyp gaýdýar. Şol döwürlerde, Fransiýada we Belgiýada jenaýatçylyk barada maglumatlar ulgamlaşdyrylan görnüşde toplanyp başlanypdyr. Jenaýat-hukuk statistikasynyň döremeginiň gözbaşynda duran ilkinji alymlar hökmünde, Uilýam Pettini (1623--1687), Lamber Adolf Žak Ketleni (1794-1874) görkezmek bolar.

Mälim bolşy ýaly, jenaýatçylyk jemgyýetçilik gatnaşyklarynyň kadaly durnuklylygyna iň ýaramaz täsir edýän jemgyýetçilik hady-

sasy bolup durýar. Şu nukdaýnazardan hem, jenaýatçylygyň statistik görkezijilerine tutuş jemgyýetiň durmuş-ykdysady ösüşiniň derejesini kesgitlemegiň möhüm ölçegi hökmünde garamak uzak wagtdan bäri däp bolup galdy. Sebäbi bu görkezijilere ýeterlik derejede üns berilmezligi ýa-da olaryň emeli usulda kemeldilmegi jemgyýetde bolup geçýän çuňňur durmuşy (sosial) hadysalara doly we anyk düşünmeklige juda ters täsir edýär. Tersine jemgyýetde jenaýatçylygyň we onuň aýry-aýry görnüşleriniň derejesi barada takyk statistik maglumatlaryň bolmagy bolsa, döwletiň hem jemgyýetçilik köpçüliginiň onuň garşysyna netijeli göreşmegi üçin zerur bolan usullary, syýasy, ykdysady, hukuk, ahlak, medeni we gaýry çäreleriň toplumyny işläp düzmeklige örän uly ýardam berýär.

Mundan başga-da, jenaýatçylygyň seljermesiniň netijesinde işlenip düzülen seljeriş kepilnamalarynyň we çaklamalaryň (prognozlaryň) esasylary jenaýatçylygyň statistikasy çygrynda amala aşyrylýan has düýpli ylmy seljermelerde peýdalynylýar, şeýle hem ol maglumatlar ýokary ykdysady we hukuk bilimleri bolan hünärmenleri taýýarlamakda, durmuşy (sosial) statistikasy, kriminologiýa okuw derslerini okatmakda ulanylýar, jenaýatçylygy statistik taýdan öwrenmekligiň serişdelerini we usullaryny kämilleşdirmeklige gönükdirilýär.

Belli bolşy ýaly, jenaýatçylyk köptaraply (uniwersal) häsiýetlidir we onuň jemgyýetiň üýtgäp durýan ýagdaýlaryna örän çalt uýgunlaşmaklyga ukyby bardyr[1]. Onuň şeýle häsiýetleriniň bardygy jenaýatçylygyň garşysyna göreşmeklikde ulanylýan usullaryň hem serişdeleriň yzygiderli kämilleşdirilip durulmagyny talap edýär. Şeýle kämilleşdiriş işleri bolsa diňe jenaýatçylyk babatda takyk hem doly statistik maglumatlaryň esasynda amala aşyrylyp bilner. Şonuň üçinem häzirki döwürde Türkmenistanyň hukuk goraýjy edaralary tarapyndan jenaýatçylygyň garşysyna göreşde netijeli serişdeleriň bir giden toplumy ulanylýar. Şol serişdeleriň esasylarynyň biri-de jenaýatlary bellige almagyň bir bütewi ulgamynyň kemçiliksiz here-

---

[1] *B. Zahyrow.* Täze Galkynyş eýýamynda jenaýat-hukuk statistikasynyň jenaýatçylyga garşy göreşmekdäki ähmiýeti. - // Beýik Galkynyşlar eýýamynda ylym, tehnika we innowasion tehnologiýalar. – Aşgabat: Ylym, 2010, 33-nji sahypa.

ket etmegini ýola goýmak arkaly jenaýatçylygyň statistikasyny ýokary derejede ýöretmek bolup durýar[1].

Jenaýat-hukuk statistikasynyň esasy obýektleri şu aşakdakylardyr:

1. Jenaýat, ýagny jenaýat kanuny tarapyndan goralýan obýektlere zyýan ýetirýän ýa-da zyýan ýetirmäge howp döredýän, edilen (hereket ýa-da hereketsizlik) jemgyýetçilik howply günä etmişi[2];

2. Jenaýatçy, ýagny jenaýaty amala aşyran şahs, eger-de ol öz jenaýatçylykly hereketlerine akyl ýetirýän bolsa we kanunda bellenen ýaşa ýeten bolsa;

3. Jeza, ýagny edilen jenaýat üçin berilýän jeza temmisi[3], döwlet mejbur ediş çäresi;

4. Hukuk goraýjy edaralaryň ulanýan jenaýatçylyga garşy göreş çäreleriniň we jenaýatlaryň öňüni almaklyga gönükdirilen işleriniň netijeliligi.

## §3. Daşary ýurtlarda jenaýat-hukuk statistikasynyň ösüş taryhy

Mälim bolşy ýaly, ylmyň islendik ugruny, şol sanda jenaýat-hukuk statistikasyny hem diňe milli aspektde (röwüşde), halkara tejribesinden üzňelikde, doly derejede öwrenmek hem ösdürmek mümkin däldir. Türkmenistanda bolsa: «...özara bähbitli gatnaşyklary ösdürmeklik ýörelgeleri Türkmenistanyň daşary strategiýasynyň esasy ugurlaryny düzýär[4]». Hemmetaraplaýyn bähbitli hyzmatdaşlyk jemgyýetçilik durmuşynyň beýleki çygyrlary bilen bir hatarda ylym-bilim ulgamyna-da düýpli täsir edýär. Şu nukdaýnazardan hem, jenaýat-hukuk statistikasy ylmynyň daşary ýurtlardaky nazary we amaly derejesi barada gysgaça durup geçmek ýerlikli bolar.

*GDA döwletleriniň jenaýat-hukuk statistikasy bilen bagly kanunçylygy*. Taryhdan belli bolşy ýaly, taryhy, medeni, syýasy, ykdy-

---

[1] *B. Zahyrow*. Jenaýatçylyga garşy göreşmegiň döwrebap usullary // «Türkmenistanda ylym we tehnika». – 2010. - №1, 75-nji sahypa.

[2] Türkmenistanyň Jenaýat kodeksi. Aşgabat, 2010. 10-njy madda.

[3] Türkmenistanyň Jenaýat kodeksi. Aşgabat, 2010, 45-nji maddanyň 1-nji bölegi.

[4] *B. Zahyrow*. Türkmenistanyň daşary strategiýasy – oňyn bitaraplyk syýasatynyň dabaralanmasydyr // «Demokratiýa we hukuk». – 2012. - №4, 18-nji sahypa.

sady, geografiýa, geosyýasy hem hukuk we ş.m. ulgamlarynyň ep-esli derejedäki meňzeşligi GDA döwletleri bilen Türkmenistanyň arasynda ysnyşykly hyzmatdaşlyga giň ýol açýar. Görkezilen meňzeşlikler hem, GDA döwletleriniň jenaýat-hukuk statistikasy babatdaky kanunçylygyny öwrenmegiň ilkinji nobatda amala aşyrylmagyny esaslandyrýar.

Häzirki döwürde öňki SSSR-iň düzümine girýän döwletleriň her haýsynda jenaýat-hukuk statistikasyny amala aşyrmak bilen bagly gatnaşyklar özboluşly düzgünleşdirilýär. Mysal üçin, Russiýa Federasiýasynda häzirki döwürde görkezilen gatnaşyklar kanunalaýyk kadalaşdyryjy hukuk namalar bilen düzgünleşdirilýär. Görkezilen gatnaşyklary düzgünleşdirmeklige niýetlenen federal kanunyň taslamasy bolsa häzirki döwürde öwrenilýär[1].

Moldowa Respublikasynda görkezilen gatnaşyklar, 2003-nji ýylda kabul edilen 28 maddany özünde jemleýän 6 bölümden ybarat, ýörite kadalaşdyryjy hukuknama – kanun bilen düzgünleşdirilýär[2]. Belarus Respublikasynda-da görkezilen gatnaşyklary düzgünleşdirmeklige şonuň ýaly çemeleşilýär[3].

*Ýewropa döwletlerinde jenaýat-hukuk statistikasynyň taryhy we kanunçylygy*. Mälim bolşy ýaly, jenaýatçylygyň statistikasy jenaýatçylykly etmişler we jenaýatçylar, olaryň garşysyna göreş alyp barýan edaralaryň işjeňligi barada maglumatlary özünde jemleýär. Ilkinji gezek Fransiýada 1801-nji ýylda kazyýetler tarapyndan jenaýatçylyk barada hasabat maglumatlarynyň berilmegi hakynda görkezme berilýär. 1813-nji ýylda bolsa jenaýatçylyk barada statistik maglumatlaryň ilkinji ýygyndysy neşir edilýär. 1825-nji ýyldan başlap, Fransiýada, her ýylda Adyl kazyýetlik müdirliginiň işiniň netijeleri barada hasabat maglumatlary («Comptes rendus généraux de l'administration de justice criminelle») çap edilip başlanýar. Ondan başga-da 1826-1880-nji ýyllar boýunça jenaýatçylyk barada statistik

---

[1] Проект Федерального Закона «О государственной системе регистрации и учета преступлений».-М., 2010.

[2] Закон Республики Молдова «Об Интегрированной автоматизированной информационной системе учета преступлений, уголовных дел и лиц, совершивших преступления» от 29 мая 2003 года №216-XV.

[3] Закон Республики Беларусь от 9 января 2006 г. №94-З «О единой государственной системе регистрации и учета правонарушений».

maglumatlaryň deňeşdirme ýygyndysy hem taýýarlanýar. Bu düýpli iş soňra Fransiýanyň Adyl kazyýetlik müdirliginiň jenaýatçylygy öwrenmek babatda amala aşyran ençeme işleri üçin nazary binýat bolup hyzmat edipdir[1].

Geçen asyryň 30–40-njy ýyllaryndan başlap ýewropa döwletleriniň köpüsi Fransiýanyň göreldesine eýerip başlapdyrlar. Häzirki wagtda ýewropa döwletleriniň aglaba köpüsinde belli bir derejede takyk hem anyk bolan jenaýatçylyk barada statistik maglumatlar bar. Kontinental hukuk ulgamy bolan ýewropa döwletleriniň aglaba köpüsinde-de jenaýatçylygyň statistikasyny ýöretmeklik adatça ýustisiýa ministrligi tarapyndan amala aşyrylýar. Ýustisiýa ministrligi üçin zerur maglumatlar bolsa kazyýetler tarapyndan berilýär.

Fransiýada statistika býurosy tarapyndan kazyýetlere ýollanýan ýörite ýazmaçlaryň doldurylmagy jenaýat işlerinden, zerurlyk ýüze çykan halatynda bolsa arhiwlerden gerekli maglumatlaryň saýlanyp alynmagy arkaly amala aşyrylýar. Jenaýatlaryň gaýtalanmagy babatda maglumatlar oturdaşlar kazyýetlerinde we düzediş polisiýasynyň kazyýetlerinde iş kesilenlik barada kepilnamanyň (casiers judiciaire) doldurylmagy bilen toplanýar. Ol kepilnamalara girizlýän maglumatlar her bir ýerli (okrug) kazyýetiniň ýanyndaky ýörite arhiwlerden alynýar.

Görkezilenlerden başga-da Fransiýanyň ýustisiýa ministrliginiň ýanynda iş kesilenlik barada kepilnamalaryň merkezi arhiwi hem bar. Häzirki wagtda Fransiýada residiwistleriň[2] şahsyýeti antropometriki ölçegleriň kömegi bilen anyklanýar. Şol ölçegleriň netijesinde alnan maglumatlar ýörite hasabatyň 92 sany tablisasynda ýerleşdirilýär. Ol hasabat bolsa iş kesilenleriň jenaýatlarynyň we etmişleriniň, jeza çäreleriniň, şahsy alamatlarynyň (jynsy, ýaşy) hem-de durmuşy ýagdaýlarynyň doly statistik şekilini özünde jemleýär.[3]

---

[1] *K.L. Litvinenko*. Foreign and domestic pre-revolutionary experience of the reports of crimes resolution and of enforcing citizens' right of their access to justice http://lawtoday.ru/razdel/biblo/krimnalogiya/027.php. 20.12.2012 г.

[2] Türkmenistanyň Jenaýat kodeksi. Aşgabat, 2010. 19-njy maddanyň, 1-nji bölegi. «Öň edilen bilkastlaýyn jenaýaty üçin iş kesilenlik aýby bolan adam tarapyndan bilkastlaýyn jenaýatyň edilmegi jenaýatlaryň residiwi diýlip hasap edilýär».

[3] *Анюров Ф.Ф.* Регистрация и учет преступлений в органах внутренних дел: Правовые и организационные аспекты: Автореферат диссертации на соискание ученой степени кандидата юридических наук. http://www.xres.ru. 10.12.2012 г.

Germaniýada kazyýet statistikasy barada maglumatlar ilkinji gezek Bawariýada toplanyp başlaýar. 1803-nji ýylda şol ýerde «1802-nji ýyl boýunça kurfýurst kazyýetlerindäki jenaýat prosesleri barada maglumat» neşir edilýär. Ondan biraz soňra Badende, Prussiýada we Germaniýanyň beýleki ýerlerinde görkezilene çalymdaş ýygyndylar çap edilýär. 1830-njy ýyldan başlap iş kesilenler barada maglumatlar toplanyp ugraýar, 1882-nji ýylda bolsa merkezleşdirilen umumy imperiýa kazyýet statistika ulgamy girizilýär. Şol statistik maglumatlar hem kriminal statistikanyň ýygyndylarynda neşir edilip başlanýar. Şondan bäri-de görkezilen ýygyndylar her ýylda çap edilýär, ýöne olaryň maksatnamalary belli bir döwürlerde üýtgäp gelýär. Ikinji jahan urşundan soňra polisiýanyň jenaýat statistikasynyň statistik ýygyndylary hem neşir edilip ugralýar. 1991-nji ýylda Germaniýa Federatiw Respublikasy bilen Germaniýa Demokratik Respublikasy birleşenden soň bolsa kriminal statistikanyň birleşdirilen ýygyndylary çap edilip gelinýär. Ol ýygyndylaryň düzüm gurluşy bolsa edil Fransiýadaky ýaly 1871-nji ýylda kabul edilen we 1987-nji ýylda täze redaksiýada kabul edilen Jenaýat kodeksine esaslanýar[1].

Angliýada we Uelsde (tutuş Beýik Britaniýada, ýagny Angliýada, Şotlandiýada we Irlandiýada häzirki güne çenli jenaýatçylyk we iş kesilenlik barada ýeke-täk statistika ýöredilmeýär) kazyýet statistika maglumatlaryny toplamak XIX asyryň başyndan başlanýar. Kazyýet statistik hasabatlaryny düzmek Irlandiýada we Şotlandiýada-da şol ýyllarda düzülip ugralýar. 1808-nji ýyldan başlap, Angliýanyň we Uelsiň oturdaşlar kazyýetleriniň we çärýekleýin maslahatlarynyň (kwartal sessiýalarynyň) işjeňligi hakynda maglumatlar, 1857-nji ýyldan başlap bolsa jikme-jik işlenip düzülen statistik ýygyndylar neşir edilip ugralýar. Ikinji jahan urşundan öň ol ýygyndylar «Kriminal statistika. Angliýa we Uels» diýlip atlandyrylypdyr. Häzirki wagtda Angliýada ýylyň dowamynda jenaýat ýustisiýasynyň işjeňligini jikme-jik şöhlelendirýän statistik ýygyndylaryň, býulletenleriň we digestleriň bir giden toplumy çap edilýär[2].

[1] *Boers K.* (1995). Kriminalitatseinstellungen und Opfererfahrungen //Kaiser G., Jehle J.-M. (Hrsg.), Kriminologischer Opferforchung (S.3-36). Heidelberg.

[2] Crime and Justice. Band 1: The Criminal in Society. New York-London 1971, Pg.11-12.

*ABŞ-da jenaýat-hukuk statistikasynyň taryhy we kanunçylygy.* Amerikanyň Birleşen Ştatlarynyň aýry-aýry ştatlarynda bolsa jenaýat-statistik hasabatlaryň toplanmagy esasan XX asyryň başlarynda amala aşyrylyp ugralypdyr. Jenaýatlar barada bir bütewi hasabaty düzmegiň Gollanmasyna (Uniform Crime Reporting Handbook) laýyklykda geçen asyryň 20-nji ýyllarynda ABŞ-da, Polisiýanyň şerifleriniň halkara bileleşigi (assosiýasy) ABŞ-daky jenaýatçylyk barada statistik maglumatlary toplamagyň zerurlygy hakynda pikir bilen çykyş edipdir. 1930-njy ýylda jenaýatlar barada hasabatlylygyň ýeke-täk görnüşi hakynda milli meýletin maksatnama işlenip düzülýär we tejribä ornaşdyrylýar, ABŞ-nyň Federal Derňew Býurosyna bolsa görkezilen maksatnamanyň durmuşa geçirilmeginiň netijesinde toplanan statistik maglumatlary rejelemek we seljermek bilen bagly wezipeleri ýerine ýetirýän milli statistik müdirlik hökmünde hereket etmek tabşyrylýar. 1966-njy ýylyň iýunynda Polisiýanyň şerifleriniň milli bileleşigi Jenaýatlar barada hasabatlylygyň ýeke-täk görnüşlerini düzmek boýunça Komiteti döredýär. Şondan bäri-de degişli hasabat maglumatlary meýletin tertipde ştatlaryň degişli agentlikleri tarapyndan Federal Derňew Býurosynyň ygtyýarlygyna berilýär. FDB bolsa jenaýatçylyk baradaky rejelenen we seljerilen maglumatlary dürli görnüşlerde neşir edýär. Häzirki döwürde ABŞ-da jenaýatçylyk barada esasy ýygyndy hökmünde «Jenaýatçylygyň bir bütewi hasabaty. ABŞ-daky jenaýatçylyk» atly ýyllyk neşir bolup durýar. Ol neşirde federal derejede we ştatlar barada aýratynlykda şu aşakdaky maglumatlar beýan edilýär:

1. Indeksleýin (çynlakaý) jenaýatlaryň sekiz görnüşi barada jikme-jik maglumatlar. Ol jenaýatlar şulardyr:

- adam öldürmek;
- zorlamak;
- talaňçylyk;
- çozuş etmek;
- jaýa girmek;
- ogurlyk;
- ulag ogurlygy;
- bilkastlaýyn ýakmak.

2. Açylan jenaýatlar barada görkezijiler;

3. Jenaýatçylykly (şol sanda indeksleýin jenaýatlar boýunça-da) özüňi alyp barmagyň 21 görnüşi boýunça tussag astyna alynmalar barada maglumatlar;

4. Hukuk goraýjy edaralaryň işgärleri barada maglumatlar[1].

## §4. Türkmenistanda jenaýat-hukuk statistikasynyň emele gelşiniň we ösüşiniň taryhy

Türkmenistanda jemgyýetiň howpsuzlygyny, durnuklylygyny, mäkämligini üpjün etmegiň esasy serişdeleriniň biri bolan jenaýatçylygyň statistikasynyň mazmunyna has anyk göz ýetirmek üçin hem, onuň emele geliş taryhy we düzüm bölekleri barada gysgaça durup geçmek ýerlikli bolardy.

Taryhdan belli bolşy ýaly, jenaýatçylygyň statistikasy we jenaýatlary bellige almak ulgamy biziň ýurdumyzda XX asyryň başlarynda döräpdi. 1881-nji ýylda, Türkmenistan Russiýa imperiýasynyň düzümine mejbury girizilipdi we ýurduň çäginde imperiýanyň döwlet dolandyryş gurluşy ornaşdyrylyp başlapdy. Öň erkin jemagat dolandyryşy bilen ýaşan türkmenleri tabynlykda saklamak üçin «Zakaspiý oblasty» diýlip atlandyrylan Türkmenistanyň çägi uýezdlere we pristawlyklara bölünip, olarda polisiýa, žandarmeriýa ýaly patyşa häkimiýetiniň mejbur ediji düzüm birlikleri döredilipdi. Şonda-da degişli edaralar tarapyndan jenaýatçylygyň statistikasy ýöredilip ugrapdy.

1917-nji ýyldan soň edil SSSR-iň beýleki respublikaryndaky ýaly Türkmenistanda-da jenaýatçylygyň statistikasyny ýöretmegiň tertibi we jenaýatlary bellige almagyň ulgamy hem mazmuny, maksatnamasy, gözegçilik we ölçeg birlikleri birnäçe sapar üýtgäpdi.

Rewolýusiýadan öňki döwürde rus imperiýasynyň tutuş çäginde, şol sanda Türkmenistanda-da, jenaýatçylygyň statistikasynyň esasy ölçeg birlikleri hökmünde, kazyýet hadysasy (häzirki ulanylýan adalgalar bilen aýdylanda, kazyýet önümçiligi), kazyýetde garalan

---

[1] Wolfgang, Marvin E.: Why Criminal Statistics? Leon Radzi-nowicz/Marvin E. Wolfgang (Hrsg.): Quinney, Richard (Hrsg.): Criminology. Boston-Toronto 1975.



3. Sargyt № 2423.

jenaýat işi, iş kesilen hasaplanypdyr[1]. Sowet zamanasynyň başynda jenaýatçylygyň statistikasy patyşa Russiýasyndaky ýaly ýöredilipdir. Ýöne kazyýetde ýöredilýän jenaýatçylygyň statistikasyndan başga-da, jenaýatçylygyň statistikasyny milisiýa, jenaýat-agtaryş düzümleri, derňew-prokuror we beýleki hukuk goraýjy edaralary hem ýöredipdirler. Görkezilen edaralaryň her haýsynyň hem jenaýatçylygyň statistikasyny ýöredişleri özboluşly alamatlara eýe bolupdyr, sebäbi olaryň ýöredýän hasabatlarynyň her haýsynyň esasy maksady özleriniň dessine amala aşyrýan işleriniň ýokary netijeliligini üpjün etmekden ybarat bolupdyr.

Şol wagtlar dürli hasabat görnüşleriniň arasynda iş kesilenleriň bellige alynmagy jenaýatlaryň bellige alynmagyna has meňzeş bolupdyr. Iş kesilenler babatda açylýan ilkinji kepilnama ýazmaçlary (ýörite görnuşdäki sahypajyklar, kartoçkalar, blanklar) 1918-nji ýylda ulanylyşa girizilip başlanypdyr. Soňra sowet hukuk goraýjy edaralarynyň işiniň üýtgedilip-guralmagy bilen şol ýazmaçlaryň mazmuny hem üýtgäpdir. Ilkibada şol ýazmaçlar aşakdaky kazyýetlerde doldurylypdyr we gönüden-göni Merkezi Statistika müdirligine ugradylypdyr. Ýustisiýasynyň Halk Komissarlygyna kazyýetler diňe belli bir şahsa iş kesilendigi barada kepilnamany we kazyýet tejribesi barada habarnamalary beripdirler.

Şol döwürler adatça, iş kesilenleriň bellige alnyşy kem-käsleýin ýöredilipdir. Ýazmaçlar hemişe doldurylmandyr, olar bir edaradan başga bir edara ýa-da başga salga ugradylanda ýitirilipdir, şeýle hem olarda diňe bir hakykat ýüzünde amala aşyrylan etmşiler däl-de, eýsem kazyýetde garalan jenaýatlar hem doly beýan edilmändir.

Jenaýatçylygyň statistikasynda we jenaýatlary bellige almagyň ulgamynda hukuk goraýjy edaralaryň dürli-dürli, kähalatda olaryň biri-biriniňkä çapraz gelýän bähbitleriniň bolmaklary, statistik maglumatlaryň nädogrulygy, bulaşyklygy eýýäm geçen asyryň 30-njy ýyllarynda jenaýatlary bellige almagyň we jenaýatçylygyň hasabatynyň bir bütewi ulgamyny döretmeklige itergi beripdir[2].

---

[1] *Янсон Ю.*. Теория статистики. Санкт-Петербург, 1891, 29-njy sahypa.

[2] *Боградов А.К.* Некоторые вопросы оценки деятельности Советских органов внутренних дел.- М.: Юрид. лит.,1925, 36 с.

SSSR-iň Işçi-daýhan inspeksiýasynyň (RKI[1]) Halk Komissarlygynyň görkezmesi boýunça, XX asyryň 30-njy ýyllarynyň başynda, Merkezi statistika müdirligi Moskwada, Leningrad oblastynda we Krymda jenaýatlary ýazmaçlar arkaly bir bütewi bellige almak işini ýola goýmagy tejribede barlap görmeklige synanyşyk edipdir. Görkezilen işiň umumy ýörelgeleri ýörite gözükdirmede (instruksiýada) berkidilipdir. Şol gözükdirmäniň düzgünlerine laýyklykda, ýörite taýýarlanan ýazmaçlar deslapky derňewi tamamlanan jenaýat işleri we deslapky derňew geçirilmezden kazyýete gelip gowşan jenaýat işleri boýunça doldurylypdyr. Ýazmaçlarda beýleki soraglar bilen birlikde, amala aşyrylan jenaýatyň ýeri, wagty, agyrlyk derejesi we beýleki alamatlary görkezilipdir. Ýöne şol döwürler dürli sebäplere görä, bu oňyn tejribe jenaýat ýustisiýasynyň tutuş ulgamyna ornaşdyrylman galypdyr.

Geçen asyryň 50-nji ýyllarynda bolsa diňe bir jenaýat işlerini we iş kesilenleri däl-de, jenaýatlary-da bellige almaklygy belli bir derejede ulgamlaşdyrylan tertipde amala aşyrmaklyga ilkinji synanyşyklar edilip başlanýar. Ýöne, diňe 1961-nji ýylda, SSSR-iň we soýuz respublikalaryň täze jenaýat kanunçylygy güýje girenden soňra, jenaýatlary bellige almagyň bir bütewi ulgamy emele gelip ugraýar. 1965-nji ýylda bolsa jenaýatlary bellige almagyň bir bütewi ulgamy hakynda ilkinji gözükdirme (instruksiýa) kabul edilýär. Şondan bäri görkezilen gözükdirme we jenaýatlary bellige almagyň tertibi ençeme gezek üýtgedilipdir. Häzirki wagtda Türkmenistanda jenaýatçylygyň statistikasy 1987-nji ýylda kabul edilen gözükdirmäniň (instruksiýanyň) esasynda ýöredilýär.

## §5. Jenaýat-hukuk statistikasynyň pudaklary

Jenaýat-hukuk statistikasy şu aşakdaky ugurlara bölünýär:

1. *Anyklaýyş we deslapky derňew statistikasy* – ol jenaýatçylygyň hem-de anyklaýyş we deslapky derňew edaralarynyň işiniň, ýagny gozgalan jenaýat işleriniň, bellige alnan jenaýatlaryň, olary amala

---

[1] Рабоче-Крестьянская инспекция (РКИ)-1920-1934-nji ýyllarda Sowet döwletinde, bolşewikleriň Bütinsoýuz kommunistik partiýasynyň Merkezi Komiteti bilen birlikde hereket eden döwlet gözegçilik edarasy.

aşyran şahslaryň, tutulyp saklananlaryň, tussag edilenleriň, deslapky derňewiň möhletleriniň, jenaýatlaryň üstüniň açylyşynyň, jenaýat işleriniň goşmaça derňewe gaýtarylyşynyň we ş.m. hasabatyny öz içine alýar;

2. *Jenaýat kazyýet önümçiliginiň statistikasy* – ol iş kesilenleriň we kazyýetleriň işiniň, ýagny kazyýetde seljerilen jenaýat işleriniň möçberiniň, iş kesilenleriň, jenaýat jogapkärçiliginden we jezadan boşadylanlaryň, aklananlaryň, jeza çäreleriniň, nägilelik hem gözegçilik kazyýetleriniň işiniň we ş.m. hasabatyny öz içine alýar;

3. *Hökümleriň ýerine ýetirilişiniň statistikasy* – ol prokuraturanyň azatlykdan mahrum edilenleriň mejbury çetleşdirip saklanýan ýerlerinde kanunçylygyň berjaý edilişine gözegçilik etmek babatdaky işiniň, şeýle hem kazyýetleriň şertleýin-möhletinden öň jeza çäresinden boşatmak ýa-da jeza çäresini has ýeňil jeza çäresi bilen çalyşmak babatdaky işiniň, iş kesilen azatlykdan mahrum edilenleriň, deslapky derňewdäki tussag edilenleriň, jeza çäreleriniň möhletleriniň we tussag astynda saklanmagyň möhletleriniň, jenaýatlaryň görnüşleriniň we ş.m. hasabatyny öz içine alýar.

Görkezilenlerden başga-da soňky ýyllarda dürli döwletlerde (mysal üçin, Russiýa Federasiýasy, Gazagystan Respublikasy we ş.m.) hukuk statistikasynyň özbaşdak pudagy (ýa-da bölümçesi) hökmünde, jenaýat-hukuk statistikasy bilen juda ýakyn arabaglanyşykda durýan kriminologik statistika hem ýüze çykdy. Alymlar tarapyndan kriminologik statistika kriminolgiýa ylmynyň jenaýatçylygyň, onuň ýüze çykmagynyň sebäpleriniň, jenaýatçynyň şahsyýetiniň we jenaýatçylygyň profilaktikasynyň mukdarlaýyn häsiýetlerini öwrenýän bir bölegi hökmünde garalýar. Kriminologik statistikanyň öwrenýän bu mukdarlaýyn häsiýetnamalary bolsa jenaýat-hukuk statistikasynyň çygrynda ýerleşýär. Mysal üçin, latent jenaýatçylyk, jenaýatçylygyň hem-de aýry-aýry jenaýatlaryň sebäpleri we şertleri, jenaýatçynyň şahsyýetiniň emele geliş prosessi we jenaýatçylykly özüňi alyp barmagyň delillendirilişi, jenaýatçylygyň profilaktikasynyň hukuk goraýjy edaralara degişli bolmadyk jemgyýetçilik guramalary, zähmet kollektiwleri, raýatlar ýaly subýektleriniň işi jenaýat-hukuk statistikasynyň öwrenýän predmetine degişlidir.

## §6. Jenaýat-hukuk statistikasynyň usullary

Bellenip geçilişi ýaly, «ylmyň belli bir pudagynyň predmeti – bu ylmyň şol pudagynyň öwrenýän we seljerýän soraglarydyr. Ylmyň belli bir pudagynyň usuly (metody) bolsa ylmyň şol pudagynyň öz predmetini (durmuş hakykatynyň belli bölegini) öwrenmeginiň we seljermeginiň usullarydyr[1]». Jenaýat-hukuk statistikasynyň hem öz predmetleýin düzümini emele getirýän soraglary we meseleleri öwrenmeklik üçin zerur bolan usullarynyň toplumy – usulyýeti bardyr.

Ilkinji nobatda jenaýat-hukuk statistikasynyň usulyýeti Türkmenistanyň kanunçylygynda berkidilen umumy statistika ulgamynyň usulyýetine esaslanýar. Hereket edýän kanunçylykda, statistik usulyýet diýlende, statistika işinde peýdalanylýan umumy düzgünleriň, ýörelgeleriň, ýörite tärleriň we usullaryň köplügine düşünmelidigi kesgitlenýär[2].

Kanuna laýyklykda, islendik statistik habaryň döredilmegi statistik usulyýet esasynda amala aşyrylýar. Resmi statistik habarlar[3] döredilende statistik usulyýetiň ulanylmagy hökmanydyr. Döwlet statistik gözegçilikleri we degişli statistik habary döretmek boýunça statistik usulyýet Türkmenistanyň Statistika baradaky döwlet komiteti tarapyndan işlenip düzülýär we tassyklanylýar.

Pudaklaýyn dolandyryş edaralarynyň statistik gözegçilikleri we degişli statistik habary emele getirmek boýunça statistik usulyýet Türkmenistanyň Statistika baradaky döwlet komiteti bilen ylalaşylyp, ministrlikler we pudaklaýyn dolandyryş edaralary tarapyndan işlenip düzülýär we tassyklanylýar. Statistik usulyýet ylmy usullar, çemeleşmeler esasynda işlenip düzülmelidir we elýeterli bolmalydyr.

---

[1] *Nuryýew Ý., Ataýew S., Çaryýew A*. Döwletiň we hukugyň nazaryýeti. Okuw gollanmasy. Aşgabat: Türkmen döwlet neşirýat gullugy, 2011, 16-njy sahypa.

[2] «Statistika hakynda» Türkmenistanyň Kanuny. Aşgabat, 2012-nji ýylyň 31-nji marty, 1-nji maddanyň 12-nji bendi.

[3] Şol ýerde. 14-nji bent. «**Resmi statistik habar** - döwlet statistika edaralary tarapyndan döwlet we pudaklaýyn dolandyryş edaralarynyň statistik hasabatlylygy hem-de administratiw maglumatlaryň esasynda döredilýän statistik habar».

Statistik usulyýetiň döredilmegine döwlet edaralarynyň, olaryň wezipeli adamlarynyň, şeýle hem beýleki şahslaryň gatyşmagyna ýol berilmeýär.[1]

Jenaýat-hukuk statistikasynyň nazaryýetine laýyklykda, onuň ylmy-nazary hem amaly-barlag usullaryna şular degişlidir:

- köpçülikleýin statistik gözegçilik;
- köpçülikleýin statistik gözegçiligiň netijesinde toplanan maglumatlary jemlemek we toparlara bölmek (statistik toparlaşdyrmak);
- jemlenen we toparlaşdyrylan statistik maglumatlary mukdarlaýyn seljermek (analiz etmek);
- statistik maglumatlary, materiallary hilleýin seljermek.

Ylmy we okuw edebiýatlarynda umumy statistikanyň usullarynyň toparlara bölünişinden ugur alnyp, jenaýat-hukuk statistikasynyň usullaryny hem toparlara bölünýän ýagdaýlaryna duş gelmek bolýar. Mysal üçin, edebiýatlaryň birinde:

«*Birinji topara* gözegçilik we ylmy synag ýaly usullar degişlidir. Olar barlagça jemgyýetçilik durmuşynyň ol ýa-da beýleki hadysalaryna gös-göni düşünmäge mümkinçilik berýär. *Ikinji topara* resmi hatlary seljermek we jenaýat işlerini seljermek usullary degişlidir. Şolaryň kömegi bilen barlagçy jemgyýetçilik durmuşynyň hadysalaryna resmi hatlaryň üsti bilen düşünip biler. *Üçünji topara* anketiň (soraglaryň toplumy) üsti bilen edilen sorag we gös-göni sorag etmek usullary degişlidir. Şeýle usullar barlagça söz üsti bilen maglumat ýygnamaga mümkinçilik berýär[2]» diýlip bellenýär.

Jenaýat-hukuk statistikasynda *köpçülikleýin statistik gözegçilik usulynyň* mazmuny hukuk bozulmalary köplük mukdarda

---

[1] «Statistika hakynda» Türkmenistanyň Kanuny. Aşgabat, 2012-nji ýylyň 31--nji marty, 20-nji madda.

[2] *H. Amanow*. Kriminologiýa (Jenaýatçylygy öwreniş). Türkmenistanyň ýokary okuw mekdepleri üçin okuw gollanmasy – A: Türkmen döwlet neşirýat gullugy, 2007, 20-nji sahypa.

öwrenmekden ybaratdyr. Bu usulyň kömegi bilen jenaýatçylyk, kazyýet, prokuratura, polisiýa edaralarynyň we beýleki hukuk goraýjy edaralaryň işjeňlik çygryndaky obýektiw kanuna laýyklyklar ýüze çykarylýar. Obýektiw netijeleri almak üçin statistik gözegçilik, öwrenilýän hadysalaryň doly (baş) jemini ýa-da doly däl maglumatlaryň esasynda alnan netijelerde ýalňyşlyk rugsat berilýän derejeden ýokary däl diýip hasaplamaga mümkinçilik berýän we ýeterlik derejede ynama mynasyp (reprezentatiw) bolan bölegini öwrenmelidir.

*Köpçülikleýin statistik gözegçiligiň netijesinde toplanan maglumatlary jemlemek we toparlara bölmek* (*statistik toparlaşdyrmak*) usulynyň mazmuny, onuň adyndan belli bolşy ýaly, köpçülikleýin statistik gözegçiligiň netijesinde toplanan maglumatlary, ol ýa-da beýleki alamatlar boýunça olaryň her bir topary anyk bir özbaşdak hilleýin meňzeşlikleriň jemi bolar ýaly jemlemekden we toparlara bölmekden (statistik toparlaşdyrmakdan) ybaratdyr. Mysal üçin, jenaýat-hukuk statistikasynyň tejribesinde jenaýatlaryň öwrenilen jemi olaryň kast edýän obýektleri boýunça, şahsyýete garşy jenaýatlar, ykdysady jenaýatlar, döwlete garşy jenaýatlar we ş.m. ýaly toparlara, şeýle hem olaryň delili boýunça betnebislik zerarly amala aşyrylan jenaýatlar, huligançylyk niýeti bilen amala aşyrylan jenaýatlar we ş.m. ýaly toparlara ýa-da jenaýatlaryň subýektleri boýunça, olaryň jynsyna, ýaşyna, durmuşy ýagdaýyna (işleýän--işlemeýän, okaýan-okamaýan we ş.m.), ozal iş kesilenligine we ş.m. baglylykda toparlara bölünýärler.

Tejribede jenaýat-hukuk statistikasynyň bu usulynyň ulanylyşyny, häzirki wagtda Türkmenistanyň prokuratura edaralarynda bilkastdan adam öldürilmegi we bilkastdan adam öldürmeklige kast edilmegi bilen bagly jenaýatlaryň hasabatyny amala aşyrmakda ulanylýan statistik tablisany mysal getirmek bilen has anyk beýan etmek bolar.

*1-nji tablisa*

**201__-nj__ ýylda ________ welaýatynyň _________ etrabynyň çäginde bilkastdan adam öldürmek we oňa kast etmek bilen bagly hasaba alnan jenaýatlar we olary amala aşyran adamlaryň şahsyýetleri barada**

| № | Sebitler | Ýyllar | | | Şol sanda | | | | | | | Ýaşy boýunça | | | | Jenaýatlaryň niýetleri | | | | Jenaýatlaryň gurallary | | | | Jenaýatlaryň edilen ýeri we wagty | | | | |
|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|
| | | | Jenaýatlaryň sany | Jenaýat eden adamlaryň sany | Kämillik ýaşyna ýetmedikler | Aýal-gyzlar | Maşgala agzalary tarapyndan edilen | Ozal jenaýat edenler | Spirtli içgileri içenler | Neşe serişdelerini ulanýanlar | Toparlaýyn edilenler | 14-24 ýaş aralygynda | 24-30 ýaş aralygynda | 30-50 ýaş aralygynda | 50 ýaşdan ýokary | Huligançylyk | Özara dawa | Betnebislik | Gabanjaňlyk | Ok atýan ýaraglar bilen | Pyçaklar we sowuk ýaraglar bilen | El-aýak bilen | Palta-çekiç we beýleki gurallar bilen | Gije edilen jenaýatlar | Gündiz edilen jenaýatlar | Köpçülik ýerlerinde (köçe, kafe we ş.m.) | Jaýlarda edilen jenaýatlar | Işlemeýänler we okamaýanlar tarapyndan |
| 1 | ______ etraby | 201_ | | | | | | | | | | | | | | | | | | | | | | | | | | |
| | | 201_ | | | | | | | | | | | | | | | | | | | | | | | | | | |
| 2 | etraby | 201_ | _ | | | | | | | | | | | | | | | | | | | | | | | | | |
| | | 201_ | _ | | | | | | | | | | | | | | | | | | | | | | | | | |

**maglumatlaryň 201__-nj__ ýyl bilen deňeşdirilen görkezijileri:**

Mysal getirilen tablisadan görnüşi ýaly, bu tablisanyň kömegi bilen köpçülikleýin statistik gözegçiligiň netijesinde ýurdumyzyň etraplarynda bilkastdan adam öldürilmegi we oňa kast edilmegi bilen bagly jenaýatçylyk barada toplanan maglumatlar, jenaýaty amala aşyran subýektleriň ýaşy, jynsy, ozal iş kesilenligi, durmuş ýagdaýy ýaly alamatlary, şeýle hem jenaýatyň düzüminiň subýektiw tarapynyň alamatlary, ýagny jenaýatyň niýeti we delili, şeýle hem jenaýatyň obýektiw tarapynyň alamatlary, ýagny jenaýatyň wagty, ýaragy, ýeri we ş.m. boýunça jemlenilýär we toparlara bölünýär.

Jenaýat-hukuk statistikasynyň bu usuly öwrenilýän hadysalaryň düzüm gurluşyny, olaryň özara meňzeşliklerini we aýratynlyklaryny seljermäge mümkinçilik berýär. Başgaça aýdylanda, statistik jemlemek we toparlaşdyrmak usuly ol ýa-da beýleki maglumat jemliginiň mukdarlaýyn we hilleýin bütewiligini görmäge ýardam edýär.

*Jenaýat-hukuk statistikasynyň jemlenen we toparlaşdyrylan statistik maglumatlary mukdarlaýyn seljermek* (*analiz etmek*) *usuly* köpçülikleýin hukuk, kriminologik we sosiologik hadysalaryň kanunalaýyklyklaryny we özara baglanyşyklylyklaryny ýüze çykarmaga mümkinçilik berýär. Statistik derňewiň bu tapgyrynda statistik seljerişiň netijeleri özlerinde hususy, şahsy ýa-da tötänleýin ýalňyşlyklary göz öňünde tutmaýan göterimlerde, koeffisiýentlerde, indekslerde we beýleki umumylaşdyryjy görkezijilerde beýan edilýärler. Jenaýat-hukuk statistikasynyň bu usulynyň kömegi bilen alnan netijeler, statistik görkezijileriň esasy ösüş ugurlaryny (tendensiýalaryny), görnüşleýin mahsus alamatlaryny, arabaglanyşyklyklaryny (korrelýasiýalaryny) we häsiýetli alamatlaryny açyp görkezýärler.

*Statistik maglumatlary (materiallary) hemmetaraplaýyn hilleýin seljermek* (*analiz etmek*) usuly tejribede statistik seljerişiň ähli tapgyrlarynda-da giňden ulanylýar. Ol jenaýat hukugynyň, kriminologiýanyň we hukuk ylmynyň gaýry pudaklarynyň nazaryýet esaslarynyň binýadynda seljerilýän (analiz edilýän) hadysalaryň mazmunyna çuňňur düşünmeklige, şonuň netijesinde tutuş hukuk ylmynyň ýa-da onuň aýry-aýry pudaklarynyň nazaryýetini hem-de hukuk ulanyş tejribesini kämilleşdirmeklige ýardam berýär.

Jenaýat-hukuk statistikasynyň beýan edilen usullary statistik seljerişiň bir bütewi toplumyny emele getirmek bilen, adatça, tejribede, statistik işiň tapgyrlary hökmünde kabul edilýärler. Sebäbi, adatça olar biri-biriniň yzyndan ulanylýarlar we her tapgyrda (usulda) seljerilmeli esas hökmünde öň ýanyndaky tapgyryň amala aşyrylmagynyň (usulyň ulanylmagynyň) netijesinde alnan maglumatlar (netijeler) çykyş edýärler.

## §7. Jenaýatçylyga garşy göreş alyp barmakda jenaýat-hukuk statistikasynyň ähmiýeti

Bellenip geçilişi ýaly, jenaýat-hukuk statistikasy amala aşyrylan jenaýatlaryň we olar bilen bagly durmuşy (sosial) hadysalaryň we prosessleriň mukdarlaýyn hem möçberleýin tarapyny beýan etmek bilen, ylmy nazaryýeti we hukuk ulanyş tejribesini jenaýatçylyga garşy göreşi üstünlikli alyp barmak hem amala aşyrmak üçin zerur bolan, jenaýatlar, hukuk bozulmalar barada takyk maglumat gory bilen üpjün edýär, ýagny jenaýat-hukuk statistikasy jemgyýetiň jenaýatçylyga garşy göreşini zerur hem hökmany maglumat binýady bilen üpjün edýär. Şol maglumat binýady bolmazdan hiç bir ýurtda-da, hiç bir jemgyýetiň, hiç bir döwletiň jenaýatçylyga garşy göreşi maksadalaýyk we netijeli amala aşyryp bilmejekdigi öz-özünden düşnüklidir.

Şu nukdaýnazardan jenaýat-hukuk statistikasy öz maglumatlary bilen üpjün edýär:

- jenaýatçylygyň kriminologik häsiýetleriniň ylmy-nazary we tejribe taýdan düýpli öwrenilmegini;
- hukuk bozujylaryň şahsyýetleriniň kriminologik häsiýetnamasynyň öwrenilmegini;
- jenaýatlaryň ýüze çykmagynyň sebäpleriniň we şertleriniň öwrenilmegini;
- jenaýatçylygyň we şahsy jenaýatçylykly özüňi alyp barşyň ösüşini çaklamagy (prognozirlemegi);
- jenaýat-hukuk jeza çäreleri ulanylmaga degişli etmişlere garşy göreşiň meýilnamalaşdyrylmagyny we guralmagyny;
- jenaýatçylyga garşy göreşiň netijeliliginiň kesgitlenilmegini we ş.m.

Hukuk bozmalaryň dürli görnüşlerine garşy göreşmekde jenaýat-hukuk statistikasynyň ähmiýetine baha berlende, esasy üns berilmeli zat, geçirilýän statistik seljerişleriň netijesinde alnan maglumatlaryň obýektiwligi hem-de dolulygy bolup durýar. Şu iki şert üpjün edilen halatynda, jenaýat-hukuk statistikasy, jemgyýetçilik durmuşynyň hukuk işi çygrynda hemişe özüniň ylmy-nazary we amaly-tejribe gymmatlygyny saklap bilýär.

Alymlaryň dogry belläp geçişleri ýaly: «Jenaýatçylygy düýpli öwrenmek üçin gerekli çeşmeleriň biri hem jenaýatyň hasabydyr (ýagny, jenaýat-hukuk statistikasy we onuň mazmunyny düzýän jenaýatlary ýeke-täk bellige alyş hem-de jenaýatçylygyň hasabatlylyk ulgamydyr). Ol jenaýatçylygy öwreniş taglymatyny ylmy taýdan netije çykarmak üçin gerekli obýektler bilen üpjün edýär[1]».

[1] *H. Amanow*. Kriminologiýa (Jenaýatçylygy öwreniş). Türkmenistanyň ýokary okuw mekdepleri üçin okuw gollanmasy. – A: Türkmen döwlet neşirýat gullugy, 2007, 25-nji sahypa.

# II BAP. STATISTIK GÖZEGÇILIK – ILKINJI STATISTIK MAGLUMATLARY TOPLAMAGYŇ ESASY USULY

## §1. Statistik gözegçiligi guramak

Statistik gözegçilik – bu öňünden işlenip taýýarlanan maksatnamanyň esasynda öwrenilýän hadysanyň (hadysalar toplumynyň) we onuň häsiýetleriniň aýry-aýry hakyky ýagdaýlarynyň (faktlarynyň) jemlenmegi we bellige alynmagydyr. Kanunda jenaýat-hukuk statistikasynyň bu esasy düşünjeleriniň birine şeýle definisiýa[1] (kesgitleme) berilýär: «**statistik gözegçilik** - öwrenilýän hadysa hakynda maglumatlaryň ylmy taýdan esaslandyrylan usulyýet we işlenip düzülen maksatnama boýunça amala aşyrylýan, guramaçylykly ýygnalmagy[2]». Okuw edebiýatlarynda bellenilişi ýaly, statistik gözegçilik – bu: «Ol ýa-da başga bir hadysany hasaplaýyş (statistika) jähtinden öwrenmek (öwrenmeklige gönükdirilen) çylşyrymly hem-de köp basgançakly işdir[3]». Beýleki çeşmeleriň birinde bolsa: «statistiki gözegçilik diýlip, köplügi emele getirýän birlikler barada maglumatlaryň ýygnalmagyna aýdylýar[4]» diýip bellenýär.

Hereket edýän kanunçylyga laýyklykda, statistik gözegçilikler statistik gözegçiligiň maksatnamasyna laýyklykda geçirilýär. Statistik gözegçiligiň maksatnamasynda şu aşakdakylar görkezilýär:

- statistik barlagyň maksatlary we wezipeleri;
- gözegçiligiň obýekti we birligi;
- gözegçiligiň pursaty ýa-da döwri;
- statistik gözegçiligi geçirmegiň görnüşi, guramaçylyk formasy, usuly;

---

[1] Lat. Definitio-kesgitlemek.

[2] «Statistika hakynda» Türkmenistanyň Kanuny. Aşgabat, 2012-nji ýylyň 31-nji marty, 1-nji maddanyň 2-nji bendi.

[3] *H. Amanow*. Kriminologiýa (Jenaýatçylygy öwreniş). Türkmenistanyň ýokary okuw mekdepleri üçin okuw gollanmasy. – A: Türkmen döwlet neşirýat gullugy, 2007, 24-nji sahypa.

[4] *A. Aýnazarow, O. Ataýew*. Statistikanyň nazaryýeti. Ýokary okuw mekdepleri üçin okuw kitaby. – A.: TDNG, 2009, 14-nji sahypa.

• gözegçiligiň birlikleri boýunça jogap alynmaly beýleki meseleler ýa-da alamatlar[1].

Türkmenistanyň kanunçylygynda statistik gözegçiligi guramagyň we geçirmegiň anyk tertibi bellenilýär. Kanuna laýyklykda, döwlet statistik gözegçilikleriniň sanawy we meýilnamalary her ýyl Türkmenistanyň Statistika baradaky döwlet komiteti tarapyndan düzülýär we tassyklanylýar. Durmuş-ykdysady, demografik, ekologik we beýleki ugurlar boýunça bir wagtlyk uçdantutma döwlet statistik gözegçilikleri Türkmenistanyň Prezidentiniň karary boýunça döwlet statistika edaralary tarapyndan geçirilýär.

Pudaklaýyn dolandyryş edaralarynyň statistik gözegçilikleri degişli ministrlikler we pudaklaýyn dolandyryş edaralary tarapyndan olaryň işläp düzen maksatnamalary boýunça geçirilýär. Şeýle gözegçilikleriň sanawy we meýilnamalary Türkmenistanyň Statistika baradaky döwlet komiteti bilen ylalaşylýar hem-de ministrlikleriň we pudaklaýyn dolandyryş edaralarynyň serişdeleriniň hasabyna maliýeleşdirilýär. Pudaklaýyn dolandyryş edaralarynyň sebitleýin statistik gözegçilikleri ýerine ýetiriji ýerli häkimiýet we ýerli öz-özüňi dolandyryş edaralarynyň çözgüdi boýunça degişli sebitleýin edaralar tarapyndan geçirilýär.

Sebitleýin statistik gözegçilikleriň sanawy we meýilnamalary olaryň geçirilmegi hakynda çözgüt kabul eden degişli edara tarapyndan Türkmenistanyň Statistika baradaky döwlet komiteti bilen ylalaşmak arkaly işlenip düzülýär. Türkmenistanda geçirilýän statistik gözegçilikleriň umumy ýolbaşçylygy we usulyýet üpjünçiligi Türkmenistanyň Statistika baradaky döwlet komiteti tarapyndan amala aşyrylýar. Şonuň ýaly-da, kanuna laýyklykda, döwlet statistik gözegçilikleriniň geçirilmegine Türkmenistanyň kanunçylygynda bellenilen tertipde fiziki we ýuridik şahslar (aýrybaşgalaşdyrylan düzüm birlikleri) çekilip bilinýär[2].

Jenaýat-hukuk statistikasynyň çäklerinde amala aşyrylýan statistik gözegçilik hem pudaklaýyn statistik gözegçiliklere degişlidir.

---

[1] «Statistika hakynda» Türkmenistanyň Kanuny. Aşgabat, 2012-nji ýylyň 31-nji marty, 17-nji maddanyň 2-nji bölegi.

[2] «Statistika hakynda» Türkmenistanyň Kanuny. Aşgabat, 2012-nji ýylyň 31-nji marty, 17-nji maddanyň 4-9-njy bölekleri.

Onuň pudaklaýyn statistik gözegçilikleriň beýleki görnüşlerinden esasy tapawutly aýratynlygy bolsa, onuň amala aşyrylmagynyň tertibi we onuň amala aşyrylmagynyň netijesinde alynýan maglumatlar köplenç halatlarda diňe degişli wezipeli adamlaryň hem döwlet gullukçylarynyň gullukda peýdalanmagy üçin gizlinligiň belli bir derejesi bilen üpjün edilýändiginden ybaratdyr. Mysal üçin, derhal-agtaryş işlerine[1] amala aşyrylýan statistik gözegçiligiň maglumatlary ýaýradylmaga degişli däldir[2].

Şeýle maglumatlary toplamak üçin jenaýat-hukuk statistik gözegçiligi amala aşyrmagyň, ol maglumatlary hasaba almagyň we olar boýunça statistik hasabatlylygy ýerine ýetirmegiň tertibi-de degişli kadalaşdyryjy hukuknamalarda berkidilýär. Mysal üçin, «Prokuroryň derhal-agtaryş işleriniň kanuna laýyk gelýändigine gözegçilik işi hakyndaky hasabatyny düzmegiň tertibi» atly Türkmenistanyň Baş prokurorynyň 2005-nji ýylyň 14-nji iýunyndaky №68 buýrugynyň № 2 goşundysy.

Mälim bolşy ýaly, statistika köpçülikleýin hadysalary öwrenýär. Köpçülikleýin hadysalarda uly sanlaryň kanuny[3] ýüze çykýar. Şonuň üçin hem öwrenijileri gyzyklandyrýan hadysanyň aýry-aýry düzüm bölekleriniň bir giden toplumy statistik gözegçilige degişli bolup durýar. Statistikada bu *statistik jemlik* ýa-da *gözegçiligiň obýekti* diý-

---

[1] «Operatiw-agtaryş işleri hakynda» Türkmenistanyň Kanuny. Aşgabat, 23.09.1994ý. Türkmenistanyň Mejlisiniň maglumatlary, 1994 ý., № 3, 21-nji madda. 1-nji madda. «Operatiw-agtaryş işleri - munuň özi kanun arkaly ygtyýarly edilen döwlet edaralarynyň özleriniň ygtyýarlyklarynyň çäklerinde şahsyýetiň janyny, saglygyny, hukuklaryny we azatlygyny, eýeçiligini, jemgyýetiň hem-de döwletiň howpsuzlygyny jenaýatçylykly hyýanatçylyklardan goramak üçin operatiw-agtaryş çäreleri görnüşinde aýan we aýan däl ýagdaýlarda geçirýän işleridir».

[2] «Türkmenistanyň prokuratura edaralarynda derhal-agtaryş işleri bilen baglanyşykly iş önümçiligini alyp barmak baradaky gollanma». Türkmenistanyň Baş prokurorynyň 2005-nji ýylyň 14-nji iýunyndaky №68 buýrugyna 1-nji goşundy. 5-nji bendi.

[3] Uly sanlaryň kanuny, çaklamalar taglymatynyň nazary esaslarynyň biri bolup, oňa laýyklykda tötänlikleriň uly toparynyň bir bütewi hereketi käbir umumy şertlerde tötänlige bagly bolmadyk diýen ýaly netijä getirýär. Uly sanlaryň kanuny, statistikada, fizikada we bilimleriň beýleki pudaklarynda, köpçülikleýin hadysalar öwrenilende örän uly ähmiýete eýedir.

lip, onuň aýry-aýry düzüm bölekleri bolsa *jemligiň birlikleri* diýlip atlandyrylýar[1].

Türkmenistanyň kanunçylygynda bellenilişi ýaly, statistik gözegçiligiň obýekti gözegçilik bilen gurşalyp alynýan hadysalaryň we (ýa-da) predmetleriň köplüginden ybarat bolup durýar. Şonuň ýaly-da, köplügiň aýry-aýry birlikleri statistik gözegçiligiň obýekti bolup bilýärler. Gözegçiligiň birligi bolsa köplügiň zerur maglumatlar ýygnalýan düzüm bölegidir (elementidir). Köplügiň birligi bolup, Türkmenistanyň fiziki şahslary, ýuridik şahslary (aýrybaşgalanan düzüm birlikleri) we öý hojalyklary, şeýle hem Türkmenistanyň çäginde ýerleşýän daşary ýurt raýatlary, raýatlygy bolmadyk adamlar, daşary ýurt ýuridik şahslary (aýrybaşgalanan düzüm birlikleri) we halkara guramalary çykyş edip bilýärler.[2]

Jemligiň birligi hasaplamagyň esasy bolup hyzmat edýär we ol gözegçilik amala aşyrylanda bellige alynmaga degişli alamatlara eýedir. Mysal üçin, ilat ýazuwy geçirilende ýurduň çäginde ýaşaýan ähli adamlar – bu statistik jemlik, her bir adam bolsa – jemligiň birligi. Şu ýerde jemligiň birligini gözegçiligiň birliginden, ýagny jemligiň birligi barada maglumat alynýan ilkinji çeşmeden tapawutlandyrmak gerek. Mysal üçin, kazyýetiň işjeňliginiň hasabaty ýöredilende, gözegçiligiň birligi kazyýet bolýar, jemligiň birligi bolsa kazyýetde seljerilýän jenaýat işi, iş kesilen, jeza çäresi we ş.m. bolup biler.

Jenaýat-hukuk statistikasynda statistik gözegçiligiň birnäçe usullary (görnüşleri) bar. Eger-de bellige almak ähli jemligiň birliklerini öz içine alýan bolsa, onda ol *uçdantutma statistik gözegçilik* bolup durýar. Munuň mysaly hökmünde, Forma 2 ýazmajynyň kömegi bilen jenaýatçylaryň Türkmenistanyň IIM-niň Maglumat merkezlerinde bellige alynmagyny, Forma 6 ýazmajynyň kömegi bilen kazyýetlerde iş kesilenleriň bellige alynmagyny we ş.m. görkezmek bolar.

Käbir ýagdaýlarda tutuş statistik jemligiň mazmunyna diňe onuň belli bir bölegini seljermek bilen hem göz ýetirmek bolýar. Şeýle gö-

---

[1] *H. Amanow*. Kriminologiýa (Jenaýatçylygy öwreniş). Türkmenistanyň ýokary okuw mekdepleri üçin okuw gollanmasy – A: Türkmen döwlet neşirýat gullugy, 2007, 24-nji sahypa.

[2] «Statistika hakynda» Türkmenistanyň Kanuny. Aşgabat, 2012-nji ýylyň 31-nji marty, 18-nji madda.

zegçilik *seçimleýin statistik gözegçilik* diýlip atlandyrylýar. Jenaýat-hukuk statistikasynyň nazaryýeti we tejribesi seçimleýin statistik gözegçilik dogry guralanda statistik jemlik babatda ylmy hem tejribe işi üçin örän peýdaly maglumatlary berip bilýändigini görkezýär. Umuman, jenaýat-hukuk statistikasynyň statistik gözegçilik usulynyň görnüşleri barada şu babyň degişli bölümçelerinde has giňişleýin durup geçilýär.

Wagt aralygynda hakyky ýagdaýlaryň hasaba alnyşyna baglylykda, hakyky ýagdaýlar olar ýüze çykan badyna hemişe bellige alynýan halatynda statistik gözegçilik dowam edýän (arasy bölünmeýän) bolup bilýär. Mysal üçin, jenaýatlaryň, iş kesilenleriň bellige alnyşy. Arasy bölünýän statistik gözegçilikde bolsa, hakyky ýagdaýlaryň bellige alynmagy olaryň ýüze çykan wagtyna bagly bolmaýar we olaryň belli bir senedäki, belli bir wagtdaky ýagdaýyny beýan edýär. Dürli görnüşdäki ýazuwlary, mysal üçin, ilat ýazuwyny arasy bölünýän statistik gözegçiligiň mysaly hökmünde görkezmek bolar.

Statistik gözegçiligi guramagyň esasy soragy, onuň maksatnamasyny kesgitlemek bolup durýar. Statistik gözegçiligiň maksatnamasy diýlende, her bir jemligiň birligi boýunça jogaplar alynmaga degişli sowallaryň sanawyna ýa-da başgaça aýdylanda, statistik gözegçiligiň netijesinde zerur maglumatlary toplamak üçin zerur bolan soraglaryň toplumyna düşünilýär. Statistik gözegçiligiň dogry we netijeli maksatnamasyny düzmek hem-de toplanylýan maglumatlaryň dogrulygyny, hakykylygyny üpjün etmek – statistik seljerişiň iň esasy we iň zerur şertleridir.

Maksatnamanyň sowallary ýörite blankada – statistik formada[1] ýerleşdirilýär. Statistik formalaryň esasy iki sany ulgamy bar: ýazmaçlaýyn we sanawlaýyn. Ýazmaçlaýyn ulgamda her bir gözegçilik birligi we onuň ähli alamatlary aýratyn ýazmaçda bellige alynýar. Mysal üçin, jenaýatlar bellige alynýan Forma 1 ýazmajy, jenaýatçylar bellige alynýan Forma 2 ýazmajy we ş.m.. Sanawlaýyn ulgamda bir

---

[1] «Statistika hakynda» Türkmenistanyň Kanuny. Aşgabat, 2012-nji ýylyň 31-nji marty, 1-nji maddanyň 5-nji bendi. «**Statistik forma** - ilkinji statistik maglumatlary bellenilen tertipde almaga we ony bellige almaga niýetlenilen kagyz ýa-da elektron göterijidäki resminama (hasabatlylygyň formasy, sowalnama we beýleki resminamalar)».

formada (kähalatlarda bolsa kitapçada) birnäçe gözegçilik birlikleri barada maglumatlar bellige alynýar. Mysal üçin, prokuratura we polisiýa edaralarynyň Jenaýatlar hakynda arzalar kitapçasy (JHAK-1) we Jenaýatlar hakynda habarlar kitapçasy (JHHK-2).

## §2. Statistik gözegçiligiň görnüşleri we usullary

Türkmenistanda häzirki döwürde statistik maglumatlary toplamak esasy iki görnüşde amala aşyrylýar:

- edaralaryň, kärhanalaryň we guramalaryň hasabatlylygy görnüşinde;
- ýörite geçirilýän statistik seljermeleriň netijesinde.

Görkezilenlerden döwlet düzümleriniň hasabatlylygy Türkmenistanda amala aşyrylýan statistik gözegçiligiň esasy hem wajyp görnüşi bolup durýar. Belli bolşy ýaly, hasabatlylyk – bu belli bir döwür (hasabat döwri) boýunça taýýarlanan statistik gözegçiligiň maksatnamasynyň soraglarynyň jogaplaryny özlerinde jemleýän hasabat resminamalarynyň (hasabatlaryň) jemidir.

Mysal üçin, häzirki wagtda Türkmenistanyň Baş prokuraturasy tarapyndan tabynlygyndaky prokuratura edaralaryndan (welaýatlaryň, welaýat hukukly şäherleriň, etraplaryň, etrap hukukly şäherleriň prokuraturalary, ýöriteleşdirilen prokuraturalar) her aýda prokuror gözegçiliginiň ähli ugurlary boýunça 14 sany tablisada jemlenen resmi däl hasabatlar alnyp, seljerilýär. Ondan başga-da aşakda durýan prokurorlar ýokarda durýan prokurorlara her aýda, deslapky derňew, umumy gözegçilik, kazyýetleriň işinde hem-de dessine-agtaryş işleri geçirilende kanunlaryň takyk we birmeňzeş berjaý edilişi barada resmi prokuror hasabatyny tabşyrýarlar.

Statistik hasabatlylyk ilkinji bellige alyş maglumatlarynyň, ýagny ilkinji statistik maglumatlarynyň[1] esasynda düzülýär. Ilkinji bellige alyş – bu edara düzümleriniň işjeňligine degişli dürli hakyky ýagdaýlar barada ýörite resminamalarda (statistik formalarda) ulgamlaşdyrylan

---

[1] «Statistika hakynda» Türkmenistanyň Kanuny. Aşgabat, 2012-nji ýylyň 31-nji marty, 1-nji maddanyň 3-nji bendi. «**Ilkinji statistik maglumatlar** - statistik gözegçiligiň obýekti hakynda uçdantutma we seçimleýin statistik gözegçilikleriň degişli formalary boýunça berlen dogry, doly, deňeşdirip bolýan maglumatlar».



4. Sargyt № 2423.

ýazgylaryň ýöredilmegidir. Jenaýat-hukuk statistikasynda ýöredilýän ilkinji bellige alyş babatda okuw kitabynyň şu babynyň «Jenaýatlary ýeke-täk hasaba almak» atly 3-nji paragrafda durlup geçilýär.

Hereket edýän kanunçylykda, statistik gözegçilikler şu aşakdaky görnüşlere bölünýär:

- köplügiň birlikleriniň gurşalyp alnyşy boýunça - köplügiň birlikleriniň hemmesini durşuna gurşap alýan uçdantutma hem-de öwrenilýän köplügiň diňe bir bölegini gurşap alýan seçimleýin;
- geçiriliş wagty boýunça – üznüksiz (gündelik), bir wagtlyk we döwürleýin;
- guralyş usuly boýunça – ýörite guralýan statistik gözegçilik we hasabatlylyk;
- maglumatlaryň çeşmeleri boýunça – gös-göni gözegçilik, resminamalaýyn gözegçilik we sowal soraşma.[1]

Jenaýat-hukuk statistikasy ylmynyň nazaryýetinde bolsa statistik gözegçiligiň esasynda iki sany wajyp ölçegiň durýandygy bellenilýär:

- wajyp hukuk ähmiýetli hakyky ýagdaýlary bellige alnan wagtynda arasynyň bölünmezligi;
- öwrenilýän statistik jemligiň birlikleriniň öwrenmeginiň dolulygy.

*Wajyp hukuk ähmiýetli hakyky ýagdaýlary bellige alnan wagtynda arasynyň bölünmezligi boýunça statistik gözegçilik* şu aşakdaky görnüşlere bölünýär:

- gündelik statistik gözegçilik;
- wagtal-wagtal (möwsümleýin) statistik gözegçilik;
- bir gezeklik (birwagtlaýyn) statistik gözegçilik.

Düzgün bolşuna görä, statistik görkezijileriň agramly bölegi olaryň gözegçiligiň ilkinji birliklerinden (polisiýa, prokuratura, kazyýet we ş.m. edaralaryndan) gelip gowuşmagyna baglylykda arasyny üzmän, yzygiderli hasaba alnyp durulýar. *Gündelik statistik gözegçiligiň* netijeleri her bir hasabat möwsüminiň (aýyň, çärýegiň, ýylyň) ahyrynda jemlenilýär we umumylaşdyrylan görnüşde beýan edilýär. Wagtal-wagtal (möwsümleýin) statistik gözegçilik diýlen-

[1] «Statistika hakynda» Türkmenistanyň Kanuny. Aşgabat, 2012-nji ýylyň 31-nji marty, 17-nji maddanyň 3-nji bölegi.

de bolsa, haýsy-da bolsa belli bir wagt aralygynda bir gezek amala aşyrylýan gözegçilige düşünilýär. Bir gezeklik (birwagtlaýyn) statistik gözegçilik örän uzak wagtyň dowamynda alnan gözegçiligiň netijeleriniň jemlenmeginden ybaratdyr. Mysal üçin, jenaýatlaryň belli bir görnüşiniň mukdarynyň dinamikasynyň birnäçe ýyllar boýunça kesgitlenmegi. Beýleki bir tarapdan bolsa bir gezeklik (birwagtlaýyn) statistik gözegçilik diýlende, gözegçiligiň bütin wagtynyň dowamynda toplanan statistik görkezijini bir gezekleýin hasaplama hem düşünmek bolýar.

*Öwrenilýän statistik jemligiň birlikleriniň seljerilmeginiň dolulygy* boýunça ol uçdantutma ýa-da uçdantutma däl bolup bilýär. Uçdantutma statistik gözegçilik – bu jemligiň birliklerini doly hasaba almakdyr. Mysal üçin, şäherde, welaýatda ýa-da ýurtda amala aşyrylan we bellige alnan ähli jenaýatlary, ýa-da dolandyryş hukuk bozmalaryny doly hasaba almak. Uçdantutma gözegçilik, statistik gözegçiligiň iň takyk we ynama mynasyp (reprezentatiw) görkezijileri[1] almaga mümkinçilik berýän usulydyr. Ýöne ony ulanmak örän köp zähmeti talap edýär we ony diňe alamatlaryň çäkli sany boýunça amala aşyrmak bolýar. Köp halatlarda hukuk bozmalara garşy göreşde çaltlygy gazanmak maksady bilen, gysga wagtda resmi hasabatlylykda bolmadyk we olary uçdantutma statistik gözegçilik usuly bilen almak üçin örän köp wagt hem serişde gerek boljak maglumatlaryň gyssagly gerek bolýan ýagdaýlary hem ýüze çykýar. Şeýle halatlarda uçdantutma däl statistik gözegçilik usulyndan peýdalanýarlar.

Uçdantutma däl statistik gözegçilik – bu jemligiň birlikleriniň haýsy-da bolsa belli bir bölegini öwrenmäge we belli bir derejede dogry hem ynama mynasyp maglumatlary almaga mümkinçilik berýän statistik gözegçiligiň bir görnüşidir (usulydyr).

Uçdantutma däl gözegçilik aşakdakylar ýaly bolup bilýär:

- monografiki gözegçilik;
- görkezijileriň esasy (agramly) bölegini seljermekden ybarat bolan gözegçilik;
- sosiologik gözegçilik;
- seçimleýin gözegçilik.

---

[1] «Statistika hakynda» Türkmenistanyň Kanuny. Aşgabat, 2012-nji ýylyň 31-nji marty, 1-nji maddanyň 4-nji bendi. «**Statistik görkeziji** - öwrenilýän obýektiň we (ýa-da) hadysanyň häsiýetlerine mukdar taýdan baha berilmegi».

Jenaýat-hukuk statistikasynyň *monografiki gözegçilik usuly* seýrek duş gelýän, ýöne kriminologiýa ýa-da durmuşy-hukuk nukdaýnazaryndan bolan obýektleri çuňňur öwrenmek üçin ulanylýar. Mysal üçin, belli bir şäheriň çäginde jenaýatçylygy öwrenmegiň dowamynda, ykdysady jenaýatlaryň we hukuk bozmalaryň has köp amala aşyrylýan ýa-da tersine hukuk tertibiniň has mäkäm üpjün edilýän ýeri bolan anyk kärhananyň işiniň, işgärleriniň we ş.m. kriminologik taýdan seljerilmesi geçirilýär.

*Görkezijileriň esasy (agramly) bölegini seljermekden ybarat bolan gözegçilik usuly* gözegçiligiň birlikleriniň has ulularyndan ýa-da toplumlaýynlaryndan maglumatlary ýygnamakdan ybaratdyr. Mysal üçin, sebitdäki kriminologik ýagdaýy öwrenmegiň dowamynda has çuňlaşdyrylan statistik gözegçiligi amala aşyrmak üçin iki-üç sany şäher (etrap) saýlanyp alynýar. Özi-de şol şäherler (etraplar) saýlanyp alnanda olar ilatynyň sany, senagat we medeni ösüşi, jenaýatçylygyň hem-de hukuk bozmalaryň derejesi, hukuk goraýjy edaralaryň işi ýaly anyk görkezijiler boýunça statistik taýdan öwrenilýän şol sebit üçin mahsus we möhüm bolmaly. Şol görkezijileri öwrenmegiň netijesinde-de sebitdäki ýagdaý barada umumy netijelere gelmek bolýar. Ýöne şeýle usul bilen statistik seljeriş amala aşyrylanda, belli bir netijelere gelmek üçin görkezijileriň esasy (agramly) bölegini seljermekden ybarat bolan gözegçiligiň ähli ýagdaýlarda ýeterlik däldigini hem ýatda saklamak gerekdir.

*Sosiologik gözegçilik usuly* ýörite guralan statistik barlaglar görnüşinde amala aşyrylýar we onuň maksady degişli edaralarda hem-de olaryň resminamalarynda bolmadyk maglumatlary toplamakdan ybarat bolup durýar. Tehniki nukdaýnazardan sosiologik gözegçilik usuly degişli subýektler ýa-da barlagy geçirijiler tarapyndan ýörite işlenip düzülen sowalnamalaryň (anketalaryň) doldurylmagyndan, käbir ýagdaýlarda bolsa gönüden-göni sorag-jogap alyşmakdan (interwýu almakdan) ybaratdyr. Degişli tertip (gatnaşyjylaryň öz pikirlerini erkin beýan etmekleri, dogruçyllygy, barlagy geçirijileriň garaşsyzlygy we ş.m.) berjaý edilip amala aşyrylan halatynda bu usulyň ulanylmagynyň netijesinde alnan maglumatlar ýeterlik derejede dogry we ynama mynasyp bolup bilýärler. Şonuň ýaly-da bu

usulyň kömegi bilen uçdantutma gözegçiligiň netijesinde alnan görkezijilere garanyňda uçdantutma däl gözegçiligiň netijesinde alnan maglumatlarda nähili ýalňyşlygyň bardygyny mümkin boldugyndan takyk kesgitlemek bolýar.

*Seçimleýin gözegçilik usuly*, uçdantutma däl statistik gözegçiligiň beýleki usullaryna garanyňda, has ýokary derejedäki takyklyk bilen statistik maglumatlary öwrenmäge, takyklygyň zerur derejelerini hasaplamaga we alnan netijelere degişli düzedişleri girizmäge mümkinçilik berýär. Türkmenistanyň kanunçylygynda statistik gözegçiligiň bu özboluşly görnüşine şeýle kesgitleme berilýär: «**seçimleýin statistik gözegçilik** - gözegçiligiň tutuş köplüginiň däl-de, onuň kabul edilen usulyýet boýunça emele getirilen diňe bir böleginiň gözegçilik edilýän usuly[1]».

Anyk durmuşy-hukuk we kriminologik seljermelerinde, jenaýat-hukuk statistikasynyň resmi hasabatlylyk we ýörite guralan statistik barlag ýaly guramaçylyk görnüşleri, uçdantutma we uçdantutma däl statistik gözegçilik ýaly usullary, seçimleýin seljermek, görkezijileriň esasy bölegini seljermek, sowalnamalaýyn seljermek, monografiki seljermek ýaly serişdeleri, düzgün bolşuna görä, toplumlaýyn statistik gözegçiligi amala aşyrmak üçin utgaşdyrylyp ulanylýarlar.

## §3. Jenaýatlary ýeke-täk hasaba almak

Belli bolşy ýaly, jenaýatlary bellige almagyň mazmuny olaryň ilkinji bellige alynmagyndan we ýüze çykarylan jenaýatlaryň, şol jenaýatlary amala aşyran şahslaryň hem-de jenaýat işleriniň bellige alynmagyndan ybaratdyr. Bellige almagyň predmeti hökmünde jenaýat Türkmenistanyň JK-nyň 10-njy maddasyna laýyklykda, jenaýat kanuny tarapyndan goralýan obýektlere zyýan ýetirýän ýa-da zyýan ýetirmäge howp döredýän, edilen (hereket ýa-da hereketsizlik) jemgyýetçilik howply günäli etmiş bolup durýar. Edebiýatlarda bellenilişi ýaly, «jenaýatçylyk – bu jenaýat kanuny tarapyndan goralýan obýektlere zyýan ýetirýän ýa-da zyýan ýetirmäge howp döredýän we hersine aýratynlykda jenaýat jogapkärçiligi göz öňünde tu-

[1] «Statistika hakynda» Türkmenistanyň Kanuny. Aşgabat, 2012-nji ýylyň 31-nji marty, 1-nji maddanyň 7-nji bendi.

tulan, jemgyýetçilik howply etmişleriň (jenaýatlaryň) umumy jemini aňladýan kriminologik düşünjedir[1]”.

Bellige almagyň ulgamy, jenaýatlary jenaýat işi gozgalan pursadyndan, jenaýaty amala aşyran şahslary prokuror tarapyndan aýyplaw netijesi tassyklanandan soňra bellige almaklyga, şeýle hem deslapky derňewiň we işiň kazyýetde seljerilişiniň netijelerine baglylykda, şol maglumatlara düzedişleriň girizilmegine esaslanýar. Mälim bolşy ýaly, şeýle düzedişleriň girizilmegine diňe gutarnykly hasabat döwrüne degişli bolan bir ýylyň içinde rugsat berilýär. Ýyllyk hasabat döwri tamamlanandan soňra, ýüze çykan maglumatlar, jenaýatlary we jenaýat etmekde aýyplanýan şahslary ilkibaşky bellige alyş resminamalaryna düzediş hökmünde girizilmeýär[2].

Jenaýatlary bellige almagyň bir bütewi tertibiniň düzgünleri jenaýat işini gozgamaga we derňemäge ygtyýarly edilen ähli hukuk goraýjy edaralar, ýagny prokuraturanyň, polisiýanyň, neşekeşlige garşy göreş gullugynyň edaralary üçin hökmany bolup durýar. Ýöne milli howpsuzlyk, döwlet serhet gullugy, harby prokuratura edaralarynyň amala aşyrýan işleriniň ýörite, hem köplenç halatda, gizlin häsiýetlidigi sebäpli, kadadan çykma hökmünde, olar tarapyndan jenaýatlary bellige almak özboluşly tertipde ýöredilýär.

Milli howpsuzlyk we harby prokuratura edaralary tarapyndan anyklaýyş we deslapky derňew geçirilýän jenaýatlar boýunça, olaryň ilkibaşky bellige alynmagy, jenaýatlary bellige almagyň bir bütewi tertibiniň umumy ýörelgelerine esaslanýar. Ýöne şeýle jenaýatlary bellige almak diňe görkezilen edaralar tarapyndan amala aşyrylýar we şol jenaýatlar baradaky maglumatlar olary bellige alnan edaradan daşyna çykarylmaýar. Jenaýatlaryň käbir görnüşleriniň bellige alnyşynyň aýratynlyklary barada şu aşakdakylary görkezmek bolar:

- Kazyýetler tarapyndan hususy aýyplama tertibinde[3] iş gozgalýan jenaýatlar işi gozgan kazyýetde bellige alynýar;

---

[1] Türkmenistanyň kanunçylygynyň esaslary. – *M. Tyllaýew, I. Bekiýew, B. Zahyrow* we başg. Ýokary okuw mekdepleri üçin okuw kitaby. – A.: TDNG, 2011, 291-nji sahypa.

[2] *B. Zahyrow*. Jenaýatçylyga garşy göreşmegiň döwrebap usullary // Türkmenistanda ylym we tehnika. – 2010. - №1, 75-nji sahypa.

[3] Türkmenistanyň Jenaýat kodeksiniň 111, 112, 118-nji maddalarynda, 132-nji maddasynyň 1-nji böleginde, 133-nji maddalarynda görkezilen jenaýatlar hususy aýyplama boýunça iş gozgalýan jenaýat işlerine degişlidir.

• Konstitusion gurluşyň esaslaryna we döwletiň howpsuzlygyna garşy jenaýatlar[1] baradaky maglumatlar diňe Türkmenistanyň Milli howpsuzlyk ministrligi tarapyndan bellige alynýar;

• Harby gullukçylar (hukuk ýagdaýy olara deňleşdirilen şahslar) tarapyndan Türkmenistanyň Ýaragly Güýçleriniň hatarynda we beýleki goşunlarda hem-de harbylaşdyrylan düzümlerde amala aşyrylan jenaýatlar diňe harby prokuratura tarapyndan bellige alynýar.

Jenaýatlaryň ýokarda görkezilen aýry-aýry görnüşleri barada maglumatlar jenaýatlary bellige almagyň bir bütewi ulgamyna girizilmeýändigi sebäpli, görkezilen ulgam jenaýatçylyk barada doly we anyk statistik maglumatlary bermegiň hötdesinden gelip bilmeýär.

Mälim bolşy ýaly, jenaýatlaryň ilkinji bellige alnyşy ilkinji bellige alyş resminamalaryny (hasabat ýazmaçlaryny) doldurmak arkaly amala aşyrylýar. Ol hasabat ýazmaçlaryna şu aşakdakylar degişlidir:

• ýüze çykarylan jenaýat barada doldurylýan ýazmaç (Forma 1);

• jenaýaty derňemegiň netijeleri barada doldurylýan ýazmaç (Forma 1.1);

• jenaýaty amala aşyran şahs barada doldurylýan ýazmaç (Forma 2);

• jenaýat işi boýunça kabul edilen çözgütler barada doldurylýan ýazmaç (Forma 3);

• jenaýat işine kazyýetde garalmagynyň netijesi barada doldurylýan ýazmaç (Forma 6).

Hereket edýän kanunçylyga laýyklykda, ýüze çykarylan jenaýatlar boýunça Forma 1 görnüşindäki ýeke-täk statistik ýazmaç, hasabat döwründe kaza, prokurora, sülçä ýa-da anyklaýyş edarasynyň işgärine mälim bolan her bir jenaýaty hasaba almak üçin esas bolup durýar. Haçan-da ýüze çykarylan jenaýat barada Forma 1 ýazmajy, Maglumatlar merkezinde, merkezleşdirilen hasapda goýulandan we statistik hasabatlylyga girizileninden soň, jenaýat hasaba alnan diýip hasaplanýar[2].

---

[1] Türkmenistanyň Jenaýat kodeksiniň 171-180-nji maddalary.

[2] «Jenaýatlar, jenaýaty amala aşyran şahslar, jenaýat işiniň hereketi, jenaýat hakyndaky maglumatlar babatda ilkinji hasabatyň resminamalaryny doldurmagyň we ony bermegiň tertibi hakynda» Gözükdirme. 08.11.1987 ýylda tassyklanan, №71/11-273-87, 8-nji paragraf.

Forma 1.1 görnüş boýunça, jenaýatyň üstüniň açylyşy we derňewiň beýleki netijeleri barada ýeke-täk hasabat ýazmajy, anyk jenaýatlaryň derňewiniň netijeleri hakynda şu aşakdaky maglumatlary bellige almak we statistik hasabatda görkezmek üçin esas bolup durýar:

- üsti açylan jenaýaty hasaba almak üçin (haçan-da Forma 1.1 ýazmajy tamamlanan jenaýat işi boýunça jenaýaty eden şahs babatda Forma 2 hasabat ýazmajy bilen bir wagtda berlen halatynda);
- üsti açylmadyk jenaýaty hasaba almak üçin (haçan-da Forma 1.1 ýazmajy, belli bir şahsy aýyplanýan hatarynda jenaýat jogapkärçiligine çekmek üçin onuň gözlenýändigi ýa-da jenaýaty amala aşyrmakda aýyplanýanyň şahsyýeti anyklanylmandygy sebäpli deslapky derňewi önümçilikden togtatmak hakynda karar çykarylan halatynda);
- jenaýaty hasapdan aýyrmak üçin (haçan-da Forma 1.1 ýazmajy, jenaýatyň wakasynyň ýoklugy, jenaýatyň düzüminiň ýoklugy ýa-da jenaýaty aradan aýyrýan beýleki esaslara görä, iş öňumçilikden ýatyrylan ýagdaýda berlen halatynda).[1]

Şonuň ýaly-da Forma 2 görnüş boýunça jenaýaty amala aşyran şahs barada ýeke-täk hasabat ýazmajy şeýle adamlary belige we hasaba almak hem-de olary häsiýetlendirýän maglumatlary hasabatda görkezmek üçin esas bolup durýar[2]. Forma 3 görnüşli hasabat ýazmajy bolsa, jenaýat işi boýunça kabul edilen çözgüt baradaky ýeke-täk hasabat talony bolup, ol deslapky derňewiň dowamynda jenaýat işiniň hereketi hakda maglumatlary, jenaýatçylygy bellige almakda we jenaýatçylygyň statistik hasabatlylygynda görkezmek üçin esas bolup durýar[3].

Şeýle hem, Forma 6 görnüş boýunça, iş kesilenlik baradaky ýeke-täk hasabat kepilnamasy, jenaýatlary ýeke-täk bellige alyş we jenaýatçylyk baradaky statistik hasabatlylyk ulgamynda jenaýat işiniň kazyýetde seredilmeginiň netijeleriniň görkezilmeginiň esasy bolup durýar. Forma 6 hasabat kepilnamasynyň ýüz tarapy aýyplaw netijenamasyny tassyklatmak üçin, jenaýat işi prokurora iberilende, sülçi

[1] Şol ýerde. 11-nji paragraf.
[2] Şol ýerde. 13-nji paragraf.
[3] Şol ýerde. 15-nji paragraf.

ýa-da anyklaýyş geçiren şahs tarapyndan doldurylýar we jenaýat işine goşulýar. Kepilnamanyň arka tarapy bolsa kazyýet tarapyndan jenaýat işi boýunça çykarylan höküm kanuny güýjüne giren pursadyndan soň 5 günden gijä goýman, jenaýatyň ilkinji bellige alnan ýeri boýunça, içeri işler edarasyna ugradylýar.[1]

Türkmenistanyň jenaýatlary bellige alyş ulgamy bilen juda kybapdaş bolan Russiýa Federasiýasynyň bellige alyş ulgamynda bolsa, görkezilenlerden başga-da şu aşakdaky ýazmaçlar hem ulanylýar:

- jenaýaty amala aşyran şahs anyklanan (üsti açylan) jenaýat boýunça doldurylýan ýazmaç (Forma 1.2);
- maddy zeleliň öwezini doldurmagyň we jenaýatçylykly işjeňligiň närseleriniň (predmetleriniň) alynmagynyň netijeleri barada doldurylýan ýazmaç (Forma 4).

Ýazmaçlar jenaýat işiniň gozgalan, deslapky derňewiň ýa-da anyklaýşyň alnyp barylýan ýeri boýunça doldurylýar. Jenaýatlary, olary amala aşyran şahslary bellige almak, şeýle hem jenaýatçylyk babatda umumy statistika hasabaty etrabyň, etrap hukukly şäheriň içeri işler (polisiýa) edaralary, ulag polisiýasynyň bölümleri tarapyndan ýöredilýär. Olar bir gije-gündiziň dowamynda ýazmaçlardaky maglumatlary, jenaýatlary, jenaýat işlerini we olary amala aşyran şahslary hasaba alyş kitapçalaryna girizýärler. Şondan soňra hasaba alnan ilkinji bellige alyş resminamalary bada-bat welaýatyň, welaýat hukukly şäheriň içeri işler (polisiýa) edaralarynyň maglumat merkezine ugradylýar. Ol ýerde bolsa jenaýatlaryň, jenaýat işleriniň we olary amala aşyran şahslaryň bellige alnyşynyň gözegçilik kitapçalary ýöredilýär.

Soňra bütin Türkmenistan boýunça ilkinji bellige alyş resminamalary Türkmenistanyň IIM-niň Maglumat merkezine ýollanýar. Maglumat merkezinde-de ilkinji bellige alyş ýazmaçlary doly we hemmetaraplaýyn seljerilip, şolaryň esasynda jenaýatçylyk boýunça statistik hasabatyň ähli görnüşleri boýunça degişli maglumatlar taýýarlanýar.

---

[1] «Jenaýatlar, jenaýaty amala aşyran şahslar, jenaýat işiniň hereketi, jenaýat hakyndaky maglumatlar babatda ilkinji hasabatyň resminamalaryny doldurmagyň we ony bermegiň tertibi hakynda» Gözükdirme. 08.11.1987 ýylda tassyklanan, №71/11-273-87, 16-17-nji paragraflar.

Görkezilen işleriň netijesinde hukuk goraýjy edaralar tarapyndan amala aşyrylan jenaýat, hukuk bozujy, jenaýat işiniň hereketi we hukuk goraýjy edaralaryň jenaýatçylyga garşy alyp barýan göreşiniň netijeliligi barada maglumatlar toplanýar. Her bir jenaýat işi, jenaýaty etmekde aýyplanýan barada umumy möçberi takmynan 3000-den gowrak ölçeg boýunça maglumatlar jemlenýär. Jenaýatçylygyň dürli taraplary babatda şunuň ýaly köp ölçeg boýunça maglumat, ýurtlaryň aglaba köpüsinde toplanmaýar. Mysal üçin, ABŞ-da jenaýatçylyk babatda belli bir derejede doly maglumatlar diňe federal derejede jenaýat yzarlamasy amala aşyrylýan 8 sany indeksli jenaýatlar boýunça jemlenýär[1].

## §4. Statistik maglumatlary bellige almak üçin maglumat tehnologiýalaryny peýdalanmak

Işjeňligiň islendik görnüşiniň netijeliligi esasan onuň maglumat üpjünçiliginiň hilleýin we mukdarlaýyn görkezijilerine we şol maglumatlary almagyň tizliginiň derejesine bagly bolup durýar. Şoňa görä-de Türkmenistanda jemgyýetçilik işjeňliginiň ähli ugurlarynyň, şol sanda hukuk işjeňliginiň hem maglumat üpjünçiliginiň kämilligine aýratyn wajyp ähmiýet berilýär. Şol sebäpli-de häzirki döwürde biziň ýurdumyzda, jemgyýetçilik işjeňliginiň ähli ugurlarynda, häzirkizaman kompýuter we telekommunikasion tehnologiýalary barha tizleşýän depginlerde, netijeli ornaşdyrylýar. Ösen maglumat tehnologiýalary hukuk işiniň hukuk döredijilik işi, hukuk ulanyş işi we hukuk goraýyş işi ýaly ähli ugurlarynda ulanylýar hem-de özleşdirilýär.

Şu günki günde, Türkmenistanda häzirki zaman maglumat tehnologiýalaryny hukuk işiniň dürli ugurlarynda ulanmak bilen şu durmuşy (aktual) wezipeleri üstünlikli çözmek maksat edinilýär:

• kanunçylyk namalary, hökümetiň namalary, pudaklaýyn namalar ýaly kadalaşdyryjy hukuk namalary, Ýokary kazyýetiň Giňişleýin ýygnagynyň düşündirişlerini, kazyýet tejribesiniň maglumatlaryny we ş.m. özlerinde jemleýän kepilnamalaýyn-hukuk elektron maglumat ulgamlaryny döretmek (häzirki wagtda ýurdu-

---

[1] *B. Zahyrow*. Jenaýatçylyga garşy göreşmegiň döwrebap usullary // «Türkmenistanda ylym we tehnika». – 2010. - №1, 77-nji sahypa.

myzda Türkmenistanyň Adalat ministrligi tarapyndan döredilen we ýöredilýän kadalaşdyryjy hukuk namalaryň elektron ýygyndysy bolan «Adalat» elektron ulgamy hereket edýär. Onda Türkmenistanyň gatnaşýan we tassyklan halkara ylalaşyklary hem şertnamalary, Türkmenistanyň Konstitusiýasy, konstitusion kanunlary, kodeksleri, kanunlary, Türkmenistanyň Prezidentiniň, Türkmenistanyň Ministrler Kabinetiniň, Türkmenistanyň Mejlisiniň namalary, Türkmenistanyň ministrlikleriniň we pudak edaralarynyň, ýerli ýerine ýetiriji häkimiýet edaralarynyň kadalaşdyryjy häsiýetli namalary jemlenýärler);

• jenaýatlar derňelende ulanylýan hem-de dessine-agtaryş, kriminalistik işjeňligi we jenaýatlaryň üstüni açmak hem-de öňüni almak üçin zerur bolan işjeňligiň gaýry görnüşleriniň netijeli amala aşyrylmagyny üpjün etmek üçin derwaýys bolan we jenaýatlary kriminalistiki taýdan bellige almagyň ulgamyny emele getirýän awtomatlaşdyrylan elektron maglumat-gözleg ulgamlaryny döretmek (häzirki döwürde Türkmenistanda hereket edýän şeýle ulgamlaryň mysaly hökmünde, ozal iş kesilen we jenaýat işleri boýunça deslapky derňewiň dowamynda barmak hem el yzlary alnan adamlar barada elektron maglumat goruny özünde jemleýän, Türkmenistanyň IIM-niň «ATIS PAPILON” ulgamyny görkezmek bolar);

• jenaýatlary, olary amala aşyran şahslary, iş kesilenleri, tussag edilenleri we azatlykdan mahrum etmek görnüşinde jeza çäresini çekýänleri hem-de hukuk goraýjy edaralaryň alyp barýan jenaýatçylyga garşy göreşi bilen bagly gaýry statistik maglumatlary özlerinde jemleýän, şol maglumatlary bellige we hasaba almagyň awtomatlaşdyrylan elektron maglumat ulgamlaryny döretmek (häzirki wagtda ýurdumyzda hereket edýän şeýle ulgamyň mysaly hökmünde Türkmenistanyň IIM-niň Maglumatlar merkeziniň elektron maglumat goruny agzamak bolar).

Bu ulgamlaryň ählisi-de biri-biri bilen berk arabaglanyşykda durýarlar. Şonuň bilen bir hatarda-da hukuk ulanyş tejribesinde olar has netijeli ulanylan halatynda hukuk goraýjy edaralaryň (prokuratura, içeri işler, milli howpsuzlyk, kazyýet, sagdyn jemgyýetçilik howpsuzlygyny goraýyş döwlet gullugy, migrasiýa gullugy, gümrük gullugy, adalat edaralaryň) amala aşyrýan hukuk goraýyş, jem-

gyýetçilik howpsuzlygyny, kanunylygy we hukuk tertibini üpjün ediş işiniň bir bütewi maglumat ulgamy hökmünde üstünlikli hereket edip bilýär. Onsoňam bu ulgamlaryň biri-birinden üzňelikde hereket etmekleri olaryň netijeliliginiň derejesini hem ep-esli azaldýar. Sebäbi awtomatlaşdyrylan bir ulgamyň maglumatlarynyň beýleki ulgama dogry netijeleri çykarmak üçin zerur bolýan ýagdaýlary hukuk ulanyş tejribesinde seýrek duş gelmeýär. Şoňa görä-de hukuk goraýjy edaralaryň işiniň ýokary maglumat tehnologiýalary bilen üpjünçiligini kämilleşdirmek iň esasy maksat kepilnamalaýyn, statistik we analitiki häsiýetli maglumat gorlarynyň biri-birine mäkäm hem utgaşykly sepleşdirilen (integrirlenen) ulgamyny döretmegiň netijesinde, Türkmenistanyň hukuk goraýjy edaralarynyň degişli işgärleri üçin elýeterli bolan we ýurdumyzyň tutuş çägini öz içine alýan bir bütewi elektron maglumat giňişligini emele getirmek bolup durýar.

Onsoňam, häzirki wagtda, Türkmenistanda hereket edýän kanunçylyga laýyklykda, jenaýatlary, jenaýat işleri (jenaýat işleriniň iş toplumlary, teswirnamalary) we jenaýaty amala aşyran şahslary bellige alyş resminamalary, ýagny Forma 1, Forma 1.1, Forma 2, Forma 3 we Forma 6 görnüşdäki hasabat ýazmaçlary, jenaýatlar baradaky statistik maglumatlary ilkinji bellige almagyň kesgitlenen resminamalary bolup, olar elektron-hasaplaýyş enjamlarynda işlemek üçin niýetlenendirler[1].

Mälim bolşy ýaly, Türkmenistanda hukuk goraýjy edaralarynyň awtomatlaşdyrylan statistik bellige alyş we hasabatlylyk elektron ulgamyny döretmek bilen bagly işler geçen asyryň 80-nji ýyllarynda başlanypdy. Şol döwürlerde içeri işler edaralarynyň maglumat merkezleri tagaşyksyz hem haýal işleýän elektron hasaplaýjy enjamlar bilen üpjün edilipdi we ol EHM-ler esasan jenaýatçylyk, jenaýatçylar we içeri işler edaralarynyň işiniň netijeliligi bilen bagly statistik maglumatlary toplamak hem gaýtadan işlemek üçin ulanylypdyr. Tehniki binýadyň gowşaklygy we häzirki döwürdäki ýaly ösen elektron-maksatnamalaýyn (programmalaýyn) serişdeleriň bolmazlygy sebitleýin

[1] «Jenaýatlar, jenaýaty amala aşyran şahslar, jenaýat işiniň hereketi, jenaýat hakyndaky maglumatlar babatda ilkinji hasabatyň resminamalaryny doldurmagyň we ony bermegiň tertibi hakynda» Gözükdirme. 08.11.1987 ýylda tassyklanan, №71/11-273-87, 26-njy paragraf.

we umumydöwlet derejesinde bir bütewi jenaýat-hukuk statistik elektron maglumat ulgamyny döretmäge mümkinçilik bermeýärdi. Emma häzirki döwürde welin, şeýle bir bütewi maglumat ulgamyny döretmek bilen bagly işjeňlik güýçli depginlerde amala aşyrylýar. Bu ugurdaky durmuşa geçirilýän çäreleriň netijeliligini bolsa ýurdumyzda Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedowyň ýadawsyz tagallalary bilen ösen maglumat tehnologiýalarynyň we öňdebaryjy telekommunikasiýa serişdeleriniň önümçiligiň hem-de jemgyýetçilik işjeňliginiň dürli pudaklaryna işjeň ornaşdyrylmagy örän uly ýardam berýär.

# III BAP. STATISTIK MAGLUMATLARY TOPLAMAGYŇ SOSIOLOGIK USULLARY

## §1. Sorag-jogap alyşmagyň usullary barada düşünje we olary toparlara bölmek

Bellenip geçilişi ýaly, uçdantutma statistik gözegçilik amala aşyrylanda, adatça, ýörite guralan statistik barlaglarda ulanylýan we hukuk goraýjy edaralaryň resmi hasabatlylyk resminamalarynda bolmadyk hukuk ähmiýetli maglumatlary ýygnamagy maksat edinilýän sosiologik usullar (serişdeler) hem ulanylyp bilinýär.

Seçimleýin öwrenmek bilen bilelikde ulanylýan sosiologik usullardan, esasan hem, jemgyýetçilik durmuşynyň ösüş ugurlary (tendensiýalary) we kanunalaýyklyklary öwrenilende giňden peýdalanylýar. Hukuk işinde we kriminologiýada ulanylýan bu usullara degişli etmek bolar:

- dürli görnüşdäki sorag-jogap alyşmalary (soraşmalary);
- sosiologik gözegçiligi;
- durmuşy (sosial) eksperimenti we ş.m..

Belli bolşy ýaly, sorag-jogap alyşma – bu tejribä esaslanýan (empiriki[1]) maglumatlary almagyň giňden ýaýran takyk-sosiologik usulydyr. Ol raýatlaryň, saýlawçylaryň, ýuridik edaralaryň işgärleriniň, hukuk bozujylaryň, jebir çekenleriň, iş kesilenleriň, azatlykdan mahrum edilenleriň we beýlekileriň jemgyýetçilik pikiriniň dürli röwüşlerini öwrenmek maksady bilen, kriminologiki we durmuşy-hukuk ylmy-amaly barlaglarda belli bir derejede giňden ulanylýar.

Sorag-jogap alyşmaga mümkinçilik berýär:

- resmi hasabatlylykda we degişli döwlet edaralarynyň resminamalarynda ýok maglumatlary toplamaga;
- gysga wagtyň içinde, öte köp serişde we hünärmen güýjüni sarp etmezden öwrenilýän şahslaryň ynama mynasyp (reprezentatiw) topary bilen soraşma geçirmäge;
- alnan maglumatlaryň umumylaşdyrmasyny we seljermesini (analizini) ýeňilleşdirmek üçin onuň geçirilşini degişli tertipde aňsatlyk bilen resmileşdirmäge.

---

[1] Gr. Empeiria – tejribe.

Görkezilenler bilen bir hatarda sorag-jogap alyşmagyň görnüşleriniň biri hökmünde, resmi we resmi däl toparlarda aragatnaşyklaryň ulgamyny öwrenmeklige mümkinçilik berýän sosiometriýanyň usullaryny hem-de sowalnamalaýyn-synag usullaryny we beýleki taslamalaýyn usullary agzamak bolar.

Sorag-jogap alyşma usullaryny ulanmagyň şu aşakdaky görnüşleri bar:

1. *Erkin söhbetdeşlik*. Pikirleri öwrenilýän şahslar bilen gürrüňdeşlik öňünden hemmetaraplaýyn işlenip düzülen meýilnamanyň esasynda, erkin söhbetdeşlik görnüşinde geçirilýär. Sorag-jogap alyşmagyň bu görnüşi ony amala aşyrýan şahsdan (şahslardan) ýokary hünär taýýarlygynyň we söhbetdeşlik geçirilýänler bilen psihologik aragatnaşygy ýola goýmaga ukybynyň bolmagyny talap edýär. Ýöne sorag-jogap alyşmagyň bu görnüşi amala aşyrylanda barlagy geçiriji bilen garaýyşlary öwrenilýänleriň arasynda ruhy (psihologiki) aragatnaşyk ep-esli wagtlap ýola goýulman hem biler. Çünki durmuşy-hukuk we kriminologik hadysalary öwreniji köplenç ýagdaýda öwrenilýänleriň durmuşynyň olar üçin özgeleriň bilmegi (aralaşmagy) islenilmeýän çygyrlary barada soraglary bermeli bolýar. Şoňa görä-de öwreniji öwrenilýänler bilen psihologik aragatnaşygy, birek-birege ynanmagy ýola goýmak üçin hiç wagt ruhy (psihologiki) sypaýylygyň we seresaplylygyň düzgünlerinden çykmaly däldir. Şu nukdaýnazardan hem sorag-jogap alyşmagyň bu görnüşi amala aşyrylanda adatça, audio-wideo ýazyjy tehnikalary ulanmak maslahat berilmeýär. Çünki sorag-jogap alyşylýan adam şeýle tehnikalaryň öňünde özüni örän oňaýsyz duýýar we öwreniji bilen içgin aragatnaşyga girmekden çetde durýar. Şol sebäpden hem geçirilen barlagyň netijelerini barlag tamamlanandan soň ýazga geçirmek has maksadalaýyk diýlip hasap edilýär[1].

2. *Belli bir soraglar boýunça gürrüňdeşlik* (interwýu). Erkin söhbetdeşlikden tapawutlylykda sorag-jogap alyşmagyň bu görnüşi örän anyk soraglary bermek arkaly belli bir ugra gönükdirilen söhbetdeşlik görnüşinde amala aşyrylýar. Ýöne elbetde jemgyýetçi-

[1] *H. Amanow*. Kriminologiýa (Jenaýatçylygy öwreniş). Türkmenistanyň ýokary okuw mekdepleri üçin okuw gollanmasy – A: Türkmen döwlet neşirýat gullugy, 2007, 28-nji sahypa.

lik pikirini öwrenmegiň usullary hökmünde interwýu bilen erkin söhbetdeşligiň arasyndaky tapawutlyklar juda şertlidir. Belli bir ýagdaýlarda erkin söhbetdeşlik has oňat netijeleri gazanmak nukdaýnazaryndan interwýu öwrülip, interwýu bolsa erkin söhbetdeşlige öwrülip bilýär. Interwýunyň erkin söhbetdeşlikden esasy tapawutlylygy, ol has çalt geçirilýär, has berk meýilnamalaşdyrylýar we soraglaryň örän çäkli sany onuň mazmunyny düzýär. Sorag-jogap alyşmagyň bu görnüşi gyzga wagtda öwrenilýän köp bölegi bilen seljerme geçirmäge hem-de soňraky umumylaşdyrmak we analiz üçin belli bir derejede deňeşdirip bolýan maglumatlary almaga mümkinçilik berýär. Ýöne interwýu geçirilende öwreniji bilen öwrenilýäniň arasynda psihologiki ýakynlygy göwnejaý ýola goýmak mümkinçiligi azalýar, bu ýagdaý bolsa seljermäniň netijesinde alynýan maglumatlaryň hiline örän uly täsir edip bilýär. Jenaýat-hukuk statistikasynda interwýuny şu aşakdaky görnüşlere bölýärler:

- erkin interwýu;
- nusgalaşdyrylan (standartlaşdyrylan) interwýu;
- panelleýin interwýu;
- toparlaýyn interwýu.

*Erkin interwýu* – bu gönükdirilen erkin söhbetdeşligiň ýönekeýleşdirilen bir görnüşi bolup, ony amala aşyrmagyň dowamynda öwrenilýäne birnäçe soraglar birbada berilýär-de, ol şol sowallaryň manysy boýunça, şolaryň çäginde öz islegine görä gürrüň berýär, diňe käwagt öwreniji tarapyndan oňa goşmaça takyklaýjy soraglar berilýär. Interwýunyň bu görnüşi, köplenç halatda, çylşyrymly soraglar çuňlaşdyrylyp öwrenilende ulanylýar. Mysal üçin, hukuk bozujylaryň şahsyýetini öwrenmek üçin ýa-da sorag-jogap alyşmagyň has resmileşdirilen görnüşlerini amala aşyrmak üçin zerur soraglary işläp düzmek üçin gerekli maglumatlary almak üçin.

*Nusgalaşdyrylan* (*standartlaşdyrylan*) *interwýu* başgaça görnüşleýin (formal) interwýu diýlip hem atlandyrylýar we ol berk işlenip düzülen hem mümkin boldugyça birmeňzeş görnüşde berilýän soraglary bermek arkaly amala aşyrylýar. Şeýle sowallara berilýän jogaplar anyk hem takyk bolmaly we olaryň «hawa», «ýok» diýen sözler ýa-da 1, 2, 3 we ş.m. ballar ýa-da (+, – (plýus, minus)) belgileri

bilen aňladylýan görnüşde bolmagy has maksadalaýyk hasaplanýar. Sebäbi berilýän jogaplaryň şeýle görnüşde bolmagy olary çalt ýazmaga, jemlemäge we köp sanly adamlaryň jemgyýetçilik pikirini umumylaşdyrmak hem analiz etmek üçin çalt hem aňsat deňeşdirmäge mümkinçilik berýär.

*Panelleýin interwýu* şol bir şahslaryň garaýyşlarynyň we pikirleriniň ösüşini (dinamikasyny) kesgitlemek üçin olar bilen belli bir wagt möhletlerini ara salyp, birnäçe gezek gaýtalap sorag-jogap alyşmagy göz öňünde tutýar. Mysal üçin, interwýunyň bu görnüşi azatlykdan mahrum edilmeklige höküm edilenleriň ýa-da gaýry jeza çäresi bellenen iş kesilenleriň jeza möhleti dolmazyndan öň we soň olaryň hukuk düşünjesiniň derejesini öwrenmek ýa-da möhletleýin harby gulluga çagyrylýanlaryň, harby gullukçylaryň, harby ätiýaçlykdakylaryň harby düzgün-tertibe garaýyşlaryny öwrenmek üçin ulanylyp bilinýär.

*Toparlaýyn interwýuda* öwreniji hemişe köpçüligiň pikiri bilen deň gelmeýän toparyň özboluşly garaýyşlary barada maglumatlary alýar. Köplenç toparlaýyn pikir öýkünmegiň, özgeleriň garaýşyna uýgunlaşmagyň (konformizmiň[1]) we esasan öňbaşçylaryň (liderleriň) garaýyşlary, ölçegleri, pikirleri kesgitleýji ähmiýete eýe bolan gaýry durmuşy-ruhy (sosial-psihologiki) jemgyýetçilik hadysalaryň täsiri bilen emele gelýär. Şol sebäpli-de toparlaýyn interwýu formal we formal däl toparlaryň pikirlerini kriminologiki taýdan öwrenmekde has netijeli bolsa-da, ol aýry-aýry şahsy (indiwidual) garaýyşlary ýüze çykarmak üçin ýaramly däldir.

3. Sorag-jogap alyşmagyň üçünji görnüşi anketalaşdyrmak, ýagny ýörite düzülen ýazmaça sowalnamalaryň kömegi bilen zerur jenaýat-hukuk statistik maglumatlary toplamak bolup durýar. *Anketalaşdyrmak* – bu ilkinji sosiologik we statistik maglumatlary toplamagyň giňden ýaýran görnüşi bolup, erkin söhbetdeşlige we interwýu garanyňda sorag-jogap alyşmagyň has berk we has anyk hem takyk maglumatlary almaga mümkinçilik berýän maksatnamalaýyn görnüşidir. Kazyýetleriň, prokuratura, polisiýa edaralarynyň we beý-

---

[1] Lat. Conformis-şoňa meňzeş, degişli derejede. Islendik ýagdaýa uýgunlaşyjylygy, şahsyýetiň öz garaýyşlarynyň, esasy ynamlarynyň, uýýan pikirleriniň bolmazlygyny we onuň özüne hödürlenen islendik garaýşy ykrar etmegini aňladýar.



5. Sargyt № 2423.

leki hukuk goraýjy edaralaryň işini öwrenmekde, şeýle hem jebir çeken bilen jenaýatyň hem jenaýatçyny baglanyşygy (wiktimizasiýa) öwrenilende ýa-da jenaýatlaryň sebäplerini we şertlerini öwrenmekde ulanylýan sowalnamalarda (anketalarda) adatça, özara baglanyşykly we ýuridik ähmiýeti wajyp bolan soraglaryň uly toplumy ýazmaça berilýär[1].

Jenaýat-hukuk statistikasynda we kriminologiýa ylmynda, kriminologiki barlaglary geçirmegiň hem-de olary resmileşdirmek üçin sowalnama ýazmaçlary (anketa blankalary) we beýleki statistik amalyýet resminamalary[2] giňden ulanylýar. Sowalnamalar ulanylanda, geçirilýän barlagyň mazmunyna degişli sowallar we şol sowallaryň jogaplary görnüşinde jenaýat işlerini we beýleki resminamalary maksatnamalaýyn öwrenmegiň netijeleri ýazylýar. Sowalnamanyň (anketanyň) düzüm gurluşynda şertleýin esasda giriş, ýagdaýlaýyn (statuslaýyn), esasy we jemleýji bölekleriniň bardygy bellenýär.

Sowalnamanyň (anketanyň) giriş böleginde pikirleri öwrenilýänlere gysgaça ýüzlenme düzülýär, sorag-jogap alyşmagyň tertibi hem-de sowallara jogap bermegiň düzgünleri kesgitlenýär. Ýagdaýlaýyn (statuslaýyn) bölekde, öwrenijiniň pikirine görä sorag--jogap alyşmagyň netijelerine dogry baha bermäge ýardam berjek, öwrenilýäniň durmuşy-demografik ýagdaýy barada goşmaça (ýardam beriji) sowallar beýan edilýär. Mysal üçin, talyplaryň arasynda haýsy garaýyş has ýörgünli, telekeçileriň arasynda haýsy pikir has agalyk edýär we ş.m. Esasy bölekde öwrenilýän tema gönüden-göni degişli bolan baş soraglar berkidilýär. Jemleýji bölekde bolsa öwrenilýäne şol mesele boýunça erkin pikirini aýtmaga mümkinçilik berilýär. Şeýle erkin pikir aýtmalar, adatça, soňraky seljerişleri geçirmek üçin täze soraglary işläp düzmäge ep-esli derejede ýardam berýärler.

---

[1] *H. Amanow*. Kriminologiýa (Jenaýatçylygy öwreniş). Türkmenistanyň ýokary okuw mekdepleri üçin okuw gollanmasy – A: Türkmen döwlet neşirýat gullugy, 2007, 26-27-nji sahypalar.

[2] «Statistika hakynda» Türkmenistanyň Kanuny. Aşgabat, 2012-nji ýylyň 31-nji marty. 1-nji maddanyň 13-nji bendi. «**Statistik amalyýet resminamalary** - statistik gözegçiligi geçirmek we maglumatlary bellige almak boýunça gözükdirmeler, hasabatlylygyň formalary, sowalnamalar, ýazuw kagyzlary we ilkinji maglumatlaryň beýleki göterijileri».

## §2. Hukuk öwreniş ylmynda we işinde sosiologik gözegçilik we durmuşy (sosial) eksperiment usullarynyň ulanylyşy

Mälim bolşy ýaly, sosiologik gözegçilik durmuşy (sosial), durmuşy-hukuk we kriminologiki barlaglary geçirmegiň örän wajyp tejribeleýin (amaly, empiriki) usullarynyň biri bolup durýar. Hukugyň sosiologiýasynda we kriminologiýada ulanylýan sosiologik gözegçilik usuly umumy sosiologiýa ylmynda ulanylýan adybir usuldan diňe mazmuny boýunça tapawutlanýar. Ony amala aşyrmagyň daşky tertibi (görnüşi, formasy) bolsa birmeňzeşdir. Umumy sosiologiýada sosiologik gözegçilik diýlende, takyk-taryhy şertlerde durmuş hakykaty ýörite guralan, meýilnamalaşdyrylan we bir maksada gönükdirilen görnüşde kabul etmegiň (öwrenmegiň) usulyna düşünilýär, hukuk öwreniş ylmynda ulanylýan sosiologik gözegçilik bolsa ondan diňe maksady hem-de öwrenmegiň predmeti boýunça tapawutlanýar. Sosiologik gözegçiligiň gönüden-göni hukuk kadalarynyň ýerine ýetirilişine gözegçilik, ilatyň hukuk goraýjy edaralary bilen gatnaşygyna gözegçilik, döwletiň hukuk (ýuridik) edaralarynyň raýatlar bilen gatnaşygyna gözegçilik we ş.m. ýaly görnüşleri bar.

Sosiologik gözegçilik usulynyň jenaýat-hukuk statistikasynyň beýleki usullary bilen bilelikde utgaşykly ulanylmagy hukuk goraýjy edaralaryň işgärlerine jenaýatlary öwrenmekde we olaryň öňüni almak üçin çäreleri işläp düzmekde, öz işleriniň netijeliligini seljermekde, jenaýatçylyga garşy göreşiň uzakmöhletleýin maksatnamalaryny işläp düzmekde we döwletiň jenaýat-hukuk syýasatynyň beýleki wajyp ugurlaryny durmuşa geçirmekde işjeň ýardam berýär. Sosiologik gözegçiligiň netijesinde raýatlar bilen sorag-jogap alyşmakdaky (soraşmakdaky) ýaly, olaryň aň-düşünjesiniň ýagdaýyna degişli, ýagny öwrenilýän hadysalar barada subýektiw maglumatlar däl-de, eýsem öwrenilýän hadysalaryň obýektiw şekilini döretmäge mümkinçilik berýän maglumatlar toplanylýar. Şeýle maglumatlaryň ynama mynasyplygy hem-de takyklygy has ýokary bolýar. Çünki subýektiw garaýyşlary toplamak, jemlemek (toparlaşdyrmak) hem-de seljermek arkaly alnan maglumatlar, öwrenijileriň hem-de öwrenilýänleriň ýalňyş ýa-da bärden gaýtmalara ýol berýän garaýyşlarynyň, ters ýa-da

kem-käs ynançlarynyň, şahsy düşünjeleriň täsiri bilen belli bir derejede tarapgöýlük häsiýetine eýe bolup bilýär. Sosiologik gözegçilik usuly bolsa dogry amala aşyrylanda toplanan maglumatlaryň şeýle nätakyklyklaryny juda ujypsyz derejä çenli pese düşürmäge mümkinçilik berýär.

Sosiologik gözegçilik aşakdaky ýaly bolup bilýär:

- daşky sosiologik gözegçilik;
- içki sosiologik gözegçilik;
- öwrenilýän prosesse (hadysa) gatnaşyp amala aşyrylýan sosiologik gözegçilik.

*Daşky sosiologik gözegçilikde* öwreniji durmuşy-hukuk we kriminologiki hadysalara we prosesslere passiw, ýagny gapdaldan gözegçilik edýär. Mysal üçin, öwreniji polisiýanyň ýerli bölümlerinde jenaýatlar hakynda raýatlaryň habarlarynyň we arzalarynyň kabul edilişine ýa-da kazyýetlerde hak isleg arzalarynyň kabul edilişine we garalyşyna gözegçilik edýär.

*Içki sosiologik gözegçilikde* durmuşy-hukuk we kriminologiki hadysalar hem prosessler içinden öwrenilýär. Şeýle seljerme diňe öwreniji öwrenýän ýagdaýynyň içinde bolýarka amala aşyrylyp bilinýär. Sosiologik gözegçiligiň bu görnüşini köplenç habarçylar ulanýarlar. Içki sosiologik gözegçilik bilen öwrenilýän prosesse (hadysa) gatnaşyp sosiologik gözegçiligiň esasy tapawudy, içki sosiologik gözegçilikde öwreniji öwrenilýän hadysalaryň (prosessleriň) içinde bolsa-da, olara gönüden-göni gatnaşmaýar, ýagny işjeň (aktiw) hereketiň üsti bilen olara goşulyşmaýar, täsir etmeýär.

*Gatnaşyp amala aşyrylýan gözegçilikde* bolsa öwreniji özüniň öwrenýän ähli hadysalaryna (prosesslerine) gönüden-göni gatnaşýar. Mysal üçin, tejribede zähmet çekýän işgärler tarapyndan goralýan köp dissertasiýalarda olaryň özleriniň gatnaşyp, gözegçilikleriniň netijesinde alan maglumatlary, geçiren seljermeleriniň netijeleri beýan edilýär (sülçiler, kazylar, prokurorlar jenaýat iş ýöredişiniň taraplary hökmünde öz gatnaşan işleri boýunça maglumatlary seljerip, netije çykarýarlar we ş.m.). Şoňa görä-de sosiologik gözegçiligiň soňky iki görnüşi gözegçiligiň has işjeň görnüşleri diýlip hasaplanýar. Olar öwrenilýän hadysalara has çuň düşünmäge mümkinçilik berýärler.

Gözegçiligiň gaýry görnüşleri bilen şeýle maglumatlary almak juda çetin iş bolup durýar.

Sosiologik gözegçiligiň netijelerini bellemegiň tehnikasy hem çylşyrymly däldir. Olar ýörite işlenip düzülen ýazmaçlarda, gözegçiligiň gündeligine ýa-da diktofon, foto ýa-da wideokamera ýaly tehniki ýazyjy serişdeleriň kömegi bilen ýazgy edilip bilinýär. Şonuň ýaly-da gözegçiligiň hiç görnüşi-de ýörite matematiki enjamlaşdyrmagyň (degişli elektron programmalaryň, matematiki algoritmleriň, formulalaryň we ş.m.) bolmagyny talap etmeýär. Adatça, ol netijeler jenaýat-hukuk statistikasynyň mukdarlaýyn hem möçberleýin usullarynyň (serişdeleriniň) kömegi bilen alnan maglumatlaryň üstüni möhüm we takyk maglumatlar bilen doldurýarlar.

*Durmuşy* (*sosial*) *eksperimentiň* düşünjesi tebigy ylymlarda ulanylýan «eksperiment[1]» diýen düşünjeden düýpli tapawutlanýar. Hukukda we kriminologiýada onuň ulanylmagy örän berk çäklendirilýär. Hukuk ulgamyndaky, kanunçylykdaky eksperimentleriň diňe degişli wezipeli şahslaryň kanuna laýyk çözgütleriniň esasynda amala aşyrylyp bilinýär. Mysal üçin, jenaýat iş ýörediş hukugynda anyklaýyş geçirýän şahsyň, sülçiniň, prokuroryň, kazynyň geçirmäge hukukly bolan derňew eksperimenti[2]. Elbetde kriminologiki synaglaryň (eksperimentleriň) geçirilmegi üçin kanunçylyk esasynda rugsadyň bolmagy talap edilmeýär, ýöne hukuk ylmynyň umumy ykrar edilen düzgünleri we etikasy olaryň diňe oňyn nukdaýnazardan geçirilmeginiň zerurdygyny ündeýär. Mysal üçin, jenaýatlaryň öňüni almaklyga gönükdirilen guramaçylyk çäreleri we hukuk terbiýesiniň usullary hem serişdeleri işlenip düzülende we ş.m.. Adatça, kriminologiýada durmuşy synag (sosial eksperiment) diňe seljermäni doly we hemmetaraplaýyn geçirmek üçin zerur bolan maglumatlar başga usullar bilen alnyp bolmajak halatynda, şonuň ýaly-da şeýle usulyň ulanylmagy synaglaýyn jenaýatçylykly şertleri we sebäpleri döretmejek ýagdaýynda geçirilýär.

---

[1] Lat. Experimentum – synag, barlag. Haýsydyr bir hadysanyň tebigatyna, many-mazmunyna düşünmek üçin ýa-da haýsydyr bir enjamyň ýa-da serişdäniň anyk ýagdaýlarda neneňsi hereket etjekdigini kesgitlemek üçin emeli döredilen ýa-da tebigy ýagdaýlarda geçirilýän ylmy-amaly işi aňladýar.

[2] Türkmenistanyň Jenaýat iş ýörediş kodeksi. Aşgabat, 2009, 286-njy madda.

Hukuk döredijilik işinde-de durmuşy synag (sosial eksperiment) usulynyň netijeli ulanylmagynyň örän wajyp ähmiýeti bardyr. Ol hukugyň täze döredilen ol ýa-da beýleki kadasynyň oňyn we amatsyz ýagdaýlaryny ol kabul edilmezinden öň ýüze çykarmaga, onuň mazmunyny has anyklaşdyrmaga, onuň hereket ediş (durmuşa geçiriliş) serişdelerini (mehanizmlerini) has düýpli işläp taýýarlamaga ýardam berýär.

# IV BAP. STATISTIK JEMLEMEK WE TOPARLAŞDYRMAK

## §1. Statistik jemlemek we toparlaşdyrmak barada düşünje

Bellenip geçilişi ýaly, statistik gözegçilik bilen birlikde, jenaýat-hukuk statistikasynyň ýene-de bir tapgyry, toplanan maglumatlaryň jemini çykarmak we toparlara bölmek (statistik toparlaşdyrmak) bolup durýar. Statistik seljerişiň birinji tapgyry hasabat ýazmaçlarynyň doldurylmagy we bellige alynmagy bilen tamamlanýar. Bu tapgyrda diňe indiwidual hadysalar, wakalar, şahslar bellige we hasaba alynýar. Onda entek statistik jemlikler ýok. Statistik jemlikler diňe statistik seljerişiň ikinji tapgyrynda, haçan-da hasabat ýazmaçlarynyň we ilkinji bellige alşyň gaýry resminamalarynyň (sowalnamalaryň, kepilnamalaryň we ş.m.) tutuş toplumy bir ýere jemlenenden soňra emele gelýär.

Statistik seljerişiň ikinji tapgyrynyň umumy wezipeleri hasabat ýazmaçlaryny:

- ulgamlaşdyrmakdan;
- sanamakdan;
- olaryň jemini çykarmakdan;
- toparlara bölmekden;
- birleşdirmekden;
- hasaplamalaryň netijelerini jemlemekden ybaratdyr.

Şu hereketleriň netijesinde statistik jemlikler döreýärler we absolýut sanlar ýaly mukdarlaýyn görkezijiler bilen işlemeklige mümkinçilik döreýär. Görkezilen hereketler geçirilmedik ýagdaýynda ähli toplanan maglumatlar özbaşdak, biri-birinden aýratyn bolan statistik ýazmaçlarda galýar.

Statistik jemlikler – bu ýöne bir birlikleriň arifmetiki jemlemesi däl. Olar esasynda uly sanlaryň kanuny duran statistik kanunalaýyklyklara esaslanýarlar. Statistik ýazmaçlardaky maglumatlaryň toparlara bölünişi bolsa tötänleýin amala aşyrylman, olar görkezilen statistik kanunalaýyklyklara tabynlykda toparlara bölünerler. Mysal ücin, iş kesilenleriň jynsy boýunça toparalara bölünişi şunuň ýaly bolmagy

mümkin: 88-90% erkek kişiler we 10-12% aýallar. Şol statistik kanunalaýyklyklary seljermek, düşündirmek we netije çykarmak jenaýat-hukuk statistikasynyň şu öwrenilýän tapgyrynyň esasy wezipesidir.

Toparlaşdyrmak we jemlemek – bu özara baglanyşykly hereketlerden ybarat bolan bir bütewi prosesdir. Toparlaşdyrmagyň başynda, ilki bilen ähli toplanan hasabat ýazmaçlarynyň umumy sany hasaplanýar, soňra ýazmaçlary belli bir alamatlar boýunça kysymdaş toparlara bölýärler, ýagny toparlaşdyrýarlar. Mysal üçin, jynsy alamaty boýunça: erkekler, aýallar, ýaşy boýunça: 14-24 ýaşlylar, 24-30 ýaşlylar we ş.m., jenaýatlaryň görnüşleri boýunça: eýeçilige garşy jenaýatlar, bozgakçylyk (huligançylyk) we ş.m.. Soňra toparlardaky ýazmaçlaryň doly hem gutarnykly sany çykarýarlar, olary tablisalarda görkezip, şol tablisalary hem birleşdirýärler (jemleýärler). Ondan soňra alnan netijeleriň jemini çykaryp, ony ýazmaçlaryň umumy sany bilen deňeşdirýärler. Bu jenaýat-hukuk statistikasynda „kontrol deňleme” diýlip atlandyrylýar. Toparlaşdyrmak we jemlemek işiniň adaty usulda ýa-da elektron usulda geçirilýändigine garamazdan onuň yzygiderliligi görkezilen tertipde amala aşyrylýar.

Şeýlelikde, toparlaşdyrmak – bu statistik ýazmaçlaryň belli bir wajyp toparlaýyn alamat boýunça kysymdaş toparlara bölünmegidir, jemlemek bolsa – bu statistik bellige almagyň netijeleriniň hasaplanmagydyr we alnan maglumatlaryň ýörite görnüşde taýýarlanan tablisalarda beýan edilmegidir. Başgaça aýdylanda, jemlemek – bu absolýut görkezijilerden ybarat bolan jemlenen (birleşdirilen) maglumatdyr.

Hasabat ýazmaçlarynyň sanyny dogry kesgitlmek hem-de olary toparlara dogry bölmek üçin, ilkinji nobatda, olaryň dürs doldurylandygyny anyklamak gerek. Şonuň üçin hem statistik toparlaşdyrmagyň ilkinji wezipeleriniň biri-de statistik ýazmaçlaryň dogry doldurylandygyny barlamak bolup durýar. Ýöne elbetde bu barlag diňe resmi häsiýete eýedir we aşakdaky soraglara jogap bermekden ybaratdyr:

- Ähli ýazmaçlar toplanypdyrmy? (Muny kepilnamalar, hasabat habarnamalary ýaly beýleki maglumat göterijilerinden anyklamak bolýar).

- Ýazmaçlaryň ähli bölekleri dogry doldurylypdyrmy?
- Ýazmaçlardaky ähli sowallara dogry jogap berlipdirmi we ş.m.

Statistik toparlaşdyrmagyň we jemlemegiň *ikinji wezipesi* ýazmaçlary toparlara haýsy alamatlar boýunça bölmelidigini dogry kesgitlemek bolup durýar. Hukuk goraýjy edaralarda bar bolan statistik hasabatlylyk şol hasabatlylygyň toparlaşdyryş alamatlaryny hem kesgitleýär.

Bu işi amala aşyrmakda *üçünji wezipe*, ýazmaçlary toparlar boýunça dogry bölmekden ybaratdyr. Şu wezipe ýerine ýetirilende ýalňyşlyklary goýbermezlik örän wajypdyr. Sebäbi tejribede hasabat ýazmaçlarynyň möçberi juda köp bolan halatlarynda bozgakçylyk (huligançylyk) üçin iş kesileniň ýazmajy bilkastdan saglyga agyr şikes ýetirmek üçin iş kesilenleriň toparyna düşýär. Şeýle ýalňyşlyklar has hem jenaýatlaryň jemi[1] boýunça iş kesilenleriň ýazmaçlary toparlaşdyrylanda köp goýberilýär.

Statistik toparlaşdyrmagyň soňky, *dördünji wezipesi* bolsa ýazmaçlary dogry hasaplamakdan we hasaplamalaryň netijelerini degişli tablisalara dogry ýazmakdan ybaratdyr. Hasaplamalaryň dogrulygy statistik tablisalarda görkezilen kontrol deňlemeleriň kömegi bilen barlanýar. Kontrol deňlemeleri ulanmak hasaplamalaryň dogrulygyny barlamagyň wajyp şerti bolup durýar.

Dogry amala aşyrylan toparlaşdyrmak we jemlemek (birleşdirmek) umumy statistiki jemligiň düzüm gurluşyny kesgitlemäge, toparlaryň arasynda deňeşdirmeler geçirmäge we statistik kanunalaýyklyklary ýüze çykarmaga ýardam berýär. Toparlaşdyrmagyň we jemlemegiň (birleşdirmegiň) esasynda alnan absolýut görkezijiler statistik seljerişiň soňky tapgyryny – umumylaşdyrmagy we seljerişi (analizi) netijeli amala aşyrmak üçin maglumat binýady hökmünde hyzmat edýär.

---

[1] Türkmenistanyň JK-synyň 18-nji maddasynyň 1-nji bölegine laýyklykda, jenaýat kanunynyň dürli maddalarynda ýa-da maddasynyň böleklerinde göz öňünde tutulan etmişleriň ikisiniň ýa-da şondan hem köpüsiniň edilmegi, şolaryň biri üçin hem adama iş kesilmedik bolsa, jenaýatlaryň umumy jemi diýlip hasap edilýär.

## §2. Statistik toparlaşdyrmagyň görnüşleri

Jenaýat-hukuk statistikasynda toparlaşdyrmagyň esasy üç görnüşi bar:

- Görnüşleýin (tipologik);
- Düzüm gurluşy boýunça (wariasion);
- Seljerişli (analitik).

*Görnüşleýin* (tipologik) toparlaşdyrmak diýlende, jenaýatlaryň, jenaýatçylaryň we jenaýatçylyk babatda hukuk ähmiýetli beýleki hadysalaryň öwrenilýän jeminiň wajyp alamatlary boýunça aýry-aýry kysymdaş jemliklere bölünmegine düşünilýär.

Statistik maglumatlaryň düzüm gurluşy boýunça (wariasion) toparlaşdyrylyşy jenaýatlaryň biri-birine görnüşleýin kybapdaş toparlarynyň düzüm gurluşynyň üýtgeýşini öwrenmek üçin amala aşyrylyp bilner. Mysal üçin, belli bir döwürde, belli bir etrabyň çäginde adamyň janyna we saglygyna garşy jenaýatlaryň sany artypdyr, edil şol döwürde goňşy etrapda bolsa şahsyýetiň azatlygyna, namysyna we mertebesine garşy jenaýatlaryň sany köpelipdir. Jenaýatlaryň iki görnüşi hem özbaşdak topar bolmak bilen birlikde, şol bir wagtda-da şahsyýete garşy jenaýatlaryň toparyna girýärler.[1] Statistik maglumatlary düzüm gurluşy boýunça toparlaşdyrmak üçin üýtgeýän alamatyň ululygy boýunça kysymdaş jemlikleriň bolmagy zerurdyr. Sebäbi görnüşleýin (tipologiki) toparlaşdyrmagyň esasynda hilleýin alamatlar durýan bolsa, wariasion toparlaşdyrmagyň esasynda möçberleýin alamatlar (jenaýatlaryň, jenaýatçylaryň, jenaýat işleriniň umumy sany, jenaýatçylaryň ýaşy, bilimi, tamamlan klaslary, jezanyň möhletleri, iş kesilenligiň sanlary, ýetirilen zyýanyň möçberi, raýat hak isleginiň möçberi, jenaýat işlerini derňemegiň möhletleri we ş.m.) durýarlar.

Jenaýatçylyk babatda hukuk ähmiýetli görkezijileriň seljerişli (analitiki) toparlaşdyrylyşy öwrenilýän hadysalaryň we prosesleriň arabaglanyşygyny öwrenmäge mümkinçilik berýär.

Tejribede statistik toparlaşdyrmagyň görkezilen esasy görnüşleriniň esasynda toparlaşdyrmagyň ýene-de çylşyrymly, utgaşdyrylan (kombinirlenen), köp ölçegli, ikinji we gaýry görnüşleri hem amala aşyrylyp bilinýär.

---

[1] Türkmenistanyň Jenaýat kodeksi. Aşgabat, 2010. VII bölümiň 16-17-nji baplary.

Adatça çylşyrymly toparlaşdyrmak arkaly, biri-birine gapma-garşy alamatlara eýe bolan öwrenilýän hadysalaryň dürli kysymlylygy beýan edilýär. Çylşyrymly toparlaşdyrmagyň tejribede has giňden ulanylýan görnüşi utgaşdyrylan (kombinirlenen) toparlaşdyryş bolup durýar. Utgaşdyrylan toparlar bir däl-de biri-biriniň yzyndan gelýän birnäçe alamatlar boýunça döredilýär.

Köp ölçegli toparlar statistikanyň nazaryýetiniň ulanylyşa täze girizilen usullarynyň biri bolan klaster[1] seljerişiniň esasynda emele getirilýär. Köp ölçegli toparlarda obýektleriň (klasterleriň) toparlary öwrenilýän hadysany bir wagtyň özünde alamatlaryň toplumy boýunça şekillendirýär.

Ikinji toparlar öň bar bolan statistik toparlaryň esasynda täzeden döredilýär. Mysal üçin, hasabat ýazmaçlary ilki bilen şahsyýete garşy jenaýatlar boýunça topara bölünýär, soňra şol uly topar hem adamyň janyna we saglygyna garşy jenaýatlar, şahsyýetiň azatlygyna, namysyna we mertebesine garşy jenaýatlar we ş.m. boýunça ikinji toparlara bölünýär.

Adatça, jenaýat-hukuk statistikasynda statistik ýazmaçlar we beýleki çeşmelerden toplanan statistik maglumatlar hukuk we sosial-demografiki alamatlar, çäk we ykdysadyýetiň pudaklary boýunça toparlara bölünýärler. Görkezilen toparlaryň kömegi bilen, jenaýatçylyga, jenaýatçylaryň şahsyýetine, şeýle hem jenaýatlaryň amala aşyrylmagyna ýardam berýän sebäplere hem şertlere doly we hemmetaraplaýyn statistik häsiýetnama bermek jenaýat-hukuk statistik toparlaşdyrylyşynyň esasy wezipesi bolup durýar.

Jenaýat-hukuk statistikasynda statistik toparlaşdyrmagyň jenaýatçylygyň häsiýetlerine degişli toparlary barada şu aşakdakylary görkezmek bolar. Jenaýatlary olaryň görnüşleri (Türkmenistanyň Jenaýat kodeksiniň Aýratyn böleginiň maddalary) boýunça toparlara bölmek şu aşakdakylary anyklamaklyga mümkinçilik berýär:

- jenaýatçylykly kast etmegiň obýektleri boýunça jenaýatçylygyň we iş kesilenligiň düzüm gurluşyny;
- jenaýatlaryň aýry-aýry görnüşleriniň ýaýramagynyň derejesini;

[1] Iňl. Cluster-toplanmak, haýsydyr bir umumy alamatlar bilen häsiýetlendirilýän düzüm bölekleriniň (elementleriň) topary.

• jenaýatlaryň her haýsynyň jenaýatçylygyň umumy möçberindäki udel ululygyny.

Kazyýetler tarapyndan ýöredilýän jenaýat-hukuk statistikasynyň toparlary Türkmenistanyň JK-nyň Aýratyn böleginiň ähli maddalary boýunça maglumatlary toplamaga mümkinçilik berýär. Bu bolsa jenaýatlary jenaýatçylykly kast etmegiň gönüden-göni obýekti boýunça toparlaşdyrmak bolup durýar. Ýöne toparlaşdyrmagyň bu görnüşiniň kömegi bilen jenaýatçylygyň doly häsiýetnamasyny alyp bolmaýar. Şonuň üçin hem ol jenaýatçylykly kast etmegiň kysymdaş obýektleri (Türkmenistanyň JK-nyň Aýratyn böleginiň baplary) boýunça ikinji toparlaşdyrmak arkaly doldurylýar. Şeýlelikde, eýeçilige garşy jenaýat, ykdysady işi amala aşyrmagyň tertibine garşy jenaýatlar we ş.m. üçin iş kesilenler babatda doly maglumatlary bolýar.

Mundan başga-da, jenaýatlaryň agyrlyk derejesi[1] boýunça jenaýatçylygy toparlaşdyrmagyň hem wajyp ähmiýeti bardyr. Sebäbi ol jenaýatçylygyň seljerişini düýpli geçirmeklige ýardam berýär we ony aňsatlaşdyrýar. Jenaýatlaryň agyrlyk derejesi boýunça jenaýatlary toparlara bölmek hem öň bar bolan toparlary ikinji gezek toparlara bölmek arkaly amala aşyrylyp bilner.

Käbir ýagdaýlarda, betnebislik niýeti bilen amala aşyrylan we zorlukly jenaýatlaryň arasynda deňeşdirme geçirmek zerurlygy hem ýüze çykýar. Jenaýatlaryň bu alamatlar boýunça toparlara bölünmeginde käbir kynçylyklar döreýär. Sebäbi olar barada düşünje kodekslerde ýa-da beýleki kadalaşdyryjy hukuk namalarda kesgitlenmeýär-de hukuk edebiýatlarynda berilýär. Ýöne tejribede jenaýatlary görkezilen alamatlar boýunça toparlara bölmek hem köplenç halatda goşmaça seljermeler geçirilmezden hukuk ulanyş tejribesiniň esasynda amala aşyrylýar.

Çäk (territorial) alamatlar we ykdysadyýetiň pudaklaryna degişlilik alamatlary boýunça jenaýatlary toparlara bölmek bolsa jenaýatlaryň ýaýramagynyň we gaýtalanmagynyň derejesini deňeşdirip seljermäge mümkinçilik berýär. Toparlaşdyrmagyň çäk alamatlary boýunça geçirilýän görnüşinde belli bir çäkde ýaşaýan (azatlykdan

---

[1] Türkmenistanyň JK-synyň 11-nji maddasynyň 1-nji bölegine laýyklykda, günäniň agyrlyk derejesine we görnüşine baglylykda TJK-da göz öňünde tutulan etmişler uly bolmadyk agyr, ortaça agyr, agyr we aýratyn agyr jenaýatlara bölünýär.

mahrum edilen bolsa) iş kesilenleriň sany  şol çäkde ýaşaýan ilatyň degişli toparlaryndaky adamlaryň sany bilen deňeşdirilýär. Şonuň ýaly-da, eýeçilige garşy jenaýatlar boýunça ýetirilen zyýan hakynda maglumatlaryň toplanmagy hem jenaýatçylygy öwrenmekde aýratyn gyzyklanma döredýär. Jenaýatyň netijesinde ýetirilen zyýan alamaty boýunça toparlaşdyrmagyň esasynda alnan maglumatlary jenaýatçylykly kast etmegiň görnüşleri boýunça toparlaşdyrmagyň netijesinde alnan maglumatlar bilen deňeşdirmek maksadalaýykdyr. Statistik toparlaşdyrmagyň şeýle görnüşlerini ulanmak bilen haýsydyr bir etrapda jenaýatçylykly kast etmeleriň sanynyň beýleki etraplardaka garanyňda köpdügini, ýöne şol kast etmeleriň netijesinde ýetirilen maddy zeleliň möçberiniň azdygyny anyklamak bolýar.

Jenaýatlaryň amala aşyrylmagynyň wagty (aýlar, hepdäniň günleri, sagatlar) boýunça toparlaşdyrmagyň ähli jenaýatlar boýunça däl-de möwsümleýin häsiýete eýe bolan (mysal üçin, bozgakçylyk (huligançylyk), aýal-gyzlary zorlamak, ogurlyk we ş.m.) jenaýatlar boýunça geçirilmegi maksadalaýykdyr we geljekki statistik seljermeler üçin örän netijelidir. Şeýle görnüşdäki toparlaşdyrmagyň netijesinde alnan maglumatlar jenaýatlaryň aýry-aýry görnüşleriniň, şonuň bilen birlikde-de tutuş jenaýatçylygyň öňüni alyş çärelerini işläp düzmekde örän uly ýardam berer.

Jenaýatlaryň subýektiw tarapyny häsiýetlendirýän alamatlar boýunça toparlara statistik hasabatlylykda toparlaşdyrmagyň beýleki görnüşlerine garanyňda juda uly ähmiýet berilmeýär. Ýöne şeýle toparlaşdyrmagy hem öň bar bolan toparlardan täze toparlary bölüp aýyrmak arkaly, ýagny ikinji toparlaşdyrmagyň esasynda aňsatlyk bilen geçirmek bolar. Mysal üçin, bilkastdan we seresapsyzlyk[1] bilen edilen jenaýatlar.

---

[1] Türkmenistanyň JK-synyň 27-nji maddasynyň 1-nji bölegine laýyklykda, göni ýa-da gytaklaýyn niýet bilen edilen jemgyýetçilik howply etmiş bilkastdan edilen jenaýat diýlip hasaplanylýar. Salgylanylýan Kodeksiň 28-nji maddasynyň 1-nji bölegine laýyklykda, jemgyýetçilik üçin howply netijeleriň bolmagyna getiren, özüne ynam edijilik ýa-da harsallyk boýunça edilen jemgyýetçilik howply etmiş seresapsyzlyk boýunça edilen jenaýat diýlip hasap edilýär.

Aýyplanýan hökmünde jenaýat jogapkärçiligine çekilenleriň şahsyýetiniň häsiýetlendirilmegine degişli toparlar, esasan statistik ýazmaçlarda bellenilen alamatlar boýunça kesgitlenýär. Häzirki wagtda Türkmenistanyň anyklaýyş we deslapky derňew edaralary tarapyndan doldurylýan Forma 2 ýazmajynda jenaýatçynyň jynsy, ýaşy, bilimi, durmuş ýagdaýy, meşgullanýan işi, ýaşaýan ýeri, maşgala ýagdaýy ýaly alamatlar görkezilýär.

Iş kesilenleri ýa-da aýyplanýan hökmünde jenaýat jogapkärçiligine çekilenleri durmuşy-demografik alamatlar boýunça toparlaşdyrmagyň netijesinde alnan sanlary şoňa meňzeş alamatlar boýunça ilaty toparlaşdyrmagyň netijesinde alnan sanlar bilen deňeşdirmek maksadalaýykdyr. Sebäbi şeýle hereket jenaýatçylygyň ilatyň belli-belli gatlaklarynda ýaýramagynyň derejesi barada has anyk maglumatlary almaga ýardam berer.

## §3. Statistik görkezijileri beýan etmegiň tablisa usuly

Statistik toparlaşdyrmagyň we jemlemegiň (birleşdirmegiň) netijesinde toplanan jenaýat-hukuk hadysalary barada maglumatlar esasan statistik tablisalar görnüşinde beýan edilýär.

Statistik tablisa diýlip, belli bir tertipde ýerleşdirilen sanlaryň kömegi bilen jemgyýetçilik hadysalary barada maglumatlaryň beýan edilmegine we umumylaşdyrmasyna düşünilýär. Jenaýat-hukuk statistikasynda statistik tablisalaryň ähmiýeti, olaryň jenaýat-hukuk hadysalary barada maglumatlary ulgamlaşdyrmaga mümkinçilik berýänliginden ybaratdyr. Statistik tablisalar hukuk taýdan düzgünleşdirmegiň ol ýa-da beýleki taraplaryny tekstlerden has netijeli açyp görkezýärler. Dogry düzülen tablisa onda beýan edilýän statistik maglumaty görkezijileriň bir bütewi ulgamy hökmünde has giňişleýin görkezer.

Statistik tablisanyň esasy aýratynlygy, onuň düzüminde bir ýa-da birnäçe dikligine (wertikal) we keseligine (gorizontal) ýerleşdirilen netijeleriň barlygy bolup durýar. Tablisada statistik jemlikleriň belli böleginiň netijesi «jemi» diýen düşünje, tutuş jemlik bolsa «ählisi» diýen düşünje bilen aňladylýar.

Toparlaşdyryş alamatlary tablisany düzmek üçin esas bolup durýar. Adatça olar kese setirlerde ýerleşdirilýär, olaryň mukdarlaýyn häsiýetnamalary (sanlar) bolsa dikligine setirlerde (grafalarda, kolonkalarda) ýerleşdirilýär. Keseligine we dikligine setirler kesişende bolsa öýjükler emele gelýär.

Keseligine we dikligine setirleriň ulgamyndan başga tablisanyň esasy düzüm bölekleriniň biri onuň umumy ady bolup durýar. Tablisanyň umumy adynyň maksady, onda näme barada maglumatlaryň görkezilýändigini düşündirmekdir. Tablisanyň adynda şular görkezilýär:

- maglumatlaryň görkezilýän döwri (ýyl, aý ýa-da başga wagt aralygy);
- häsiýetlendirilýän sebit (etrap, welaýat, ýurt);
- tutuş tablisa üçin umumy ölçeg birlikleri.

Tablisadan peýdalanmak aňsat bolar ýaly, keseligine we dikligine setirler hem setirbaşy (at) bilen üpjün edilip bilinýär. Şonuň ýaly-da setirleriň tertip sanlar bilen belgilenmegi hem onuň okalmagyny ýeňilleşdirýär. Statistik tablisanyň nusgawy görnüşi hökmünde şu aşakdaky tablisany görkezmek bolar.

*2-nji tablisa*

**________welaýatynyň ________ etrap kazyýetinde jenaýat işleriniň seljerilişiniň hili barada maglumat**

(Tablisadaky sanlaryň ählisi şertli sanlar bolup durýar).

| Ýyllar | Höküm çykarmak bilen seljerilen işler | Olardan şikaýat (garşylyknama) getirileni | Hökümi üýtgedil-män goýlany | Hökümi ýatyrylany | Hökümi üýtgedileni | Jemi hökümi ýatyrylany we üýtgedileni |
|---|---|---|---|---|---|---|
| **A** | **1** | **2** | **3** | **4** | **5** | **6** |
| 2009 | 200 | 20 | 17 | 2 | 1 | 3 |
| 2010 | 180 | 15 | 13 | 1 | 1 | 2 |

Statistik tablisa özboluşly statistik sözlem bolup, onda eýe bilen habary tapawutlandyryp bolýar. Tablisada beýan edilýän zat, ýagny statistik seljerişiň obýekti, statistik tablisanyň eýesi bolup durýar.

Tablisanyň habary bolsa öwrenilýän obýektleriň mukdar taýdan beýan edilişidir. Tablisanyň eýesini saýlamak statistik seljerişiň maksadyna we obýektine baglydyr.

Adatça eýe tablisanyň çep böleginde setirleriň setirbaşysy (ady) hökmünde ýerleşdirilýär. Tablisanyň sag bölegi (öýjükler, grafalar) habar üçin niýetlenýär. Mysal hökmünde şu aşakdaky tablisany görkezmek bolar.

*3-nji tablisa*

**__________welaýatynyň ________ etrabynda jenaýatçylygyň derejesi barada maglumat**

(Tablisadaky sanlaryň ählisi şertli sanlar bolup durýar).

| **Statistik sözlemiň eýesi** | | **Statistik sözlemiň habary** | | | |
|---|---|---|---|---|---|
| Ýyllar | 2009 | 2010 | 2011 | 2012 | 2013 |
| Ýylyň ahyryna jemi jenaýatlaryň sany | 202 | 192 | 190 | 170 | 120 |

Jenaýat-hukuk statistikasynda ýönekeý, çylşyrymly (ýa-da toparlaýyn) we utgaşykly (kombinirlenen) tablisalardan peýdalanýarlar.

Statistik sözlemiň eýesinde hiç-hili topar bolmadyk tablisalar ýönekeý diýlip atlandyrylýar. Ýönekeý tablisada seljerilýän statistik jemlik tutuşlygyna beýan edilýär. Şeýle tablisanyň eýesi gözegçilik birlikleriniň sanawyny berýär. Şonuň ýaly ýönekeý tablisanyň mysaly hökmünde 3-nji tablisany görkezmek bolar.

*4-nji tablisa*

**_______welaýatynyň etrap kazyýetleriniň 201__-nj_ ýylda jenaýat işlerini seljermekleri boýunça görkezijileri**

(Tablisadaky sanlaryň ählisi şertli sanlar bolup durýar).

| **Statititistiki sözlemiň eýesi (etraplaryň atlary)** | **Statistik sözlemiň habary** | | | | |
|---|---|---|---|---|---|
| | **Gelip gowşan işler** | **Höküm çykarmak bilen garalan işler** | **Ýatyrylan işler** | **Garalman galdyrylan işler** | **Başga kazyýetlere ugradylan işler** |
| **A** | **1** | **2** | **3** | **4** | **5** |
| **______etraby** | 180 | 170 | 5 | 2 | 3 |

| A | 1 | 2 | 3 | 4 | 5 |
|---|---|---|---|---|---|
| ______**etraby** | 200 | 186 | 4 | 7 | 3 |
| ______**etraby** | 181 | 178 | 1 | 1 | - |
| ______**etraby** | 140 | 128 | 3 | 2 | 7 |
| ______**etraby** | 3 | 3 | - | - | - |
| Jemi: | **704** | **665** | **13** | **12** | **13** |

Çylşyrymly tablisada statistik sözlemiň eýesi belli bir alamat boýunça birleşdirilen birnäçe topardan ybarat bolup durýar. Jenaýat-hukuk statistikasynda çylşyrymly tablisalar jenaýatçylygyň düzüm gurluşyny kesgitlemek üçin ulanylýar. Jenaýatçylygyň düzüm gurluşy barada çylşyrymly tablisanyň mysaly hökmünde şu aşakdaky tablisany görkezmek bolar.

*5-nji tablisa*

**_________welaýatynyň ________etrabynda 201__-nj_ ýylda jenaýatçylygyň düzüm gurluşy barada maglumat**

(Tablisadaky sanlaryň ählisi şertli sanlar bolup durýar).

| **№** | **Jenaýatlaryň görnüşleri** | **Jemi göterimde (%)** |
|---|---|---|
| 1 | Jana we saglyga garşy jenaýatlar | 12,4 |
| 2 | Şahsyýetiň azatlygyna, namysyna we mertebesine garşy jenaýatlar | 18,6 |
| 3 | Jynsy gatnaşyklar çygryndaky jenaýatlar | 11 |
| 4 | Adamyň we raýatyň konstitusion hukuklaryna hem azatlyklaryna garşy jenaýatlar | 5,0 |
| 5 | Kämillik ýaşyna ýetmedikleriň, maşgalanyň we ahlaklylygyň garşysyna jenaýatlar | 9,3 |
| 6 | Beýleki jenaýatlar | 55,7 |
| | **Jemi:** | 100 |

Çylşyrymly tablisalar ýönekeý tablisalara garanyňda mazmuny boýunça has baý we olar diňe bir seljerilýän statistik jemligi beýan



6. Sargyt № 2423.

etmän, eýsem statistik sözlemiň eýesinde görkezilen hadysalaryň toparynyň arasynda deňeşdirme geçirmäge hem mümkinçilik berýärler. Mysal üçin, 4-nji tablisada görkezilen mysalda, şahsyýetiň azatlygyna, namysyna we mertebesine garşy jenaýatlaryň, jenaýatlaryň beýleki görnüşlerinden göterim gatnaşygynda agdyklyk edýändigini görmek bolýar.

Eger-de statistik seljerişiň esasynda jenaýatçylyk bilen bagly hadysalaryň arabaglanyşygy öwrenilmekçi bolýan bolsa, onda utgaşdyrylan tablisanyň kömeginden peýdalanylýar. Edil çylşyrymly (toparlaýyn) tablisalar ýaly, utgaşdyrylan tablisalarda hem statistik sözlemiň eýesi birnäçe topardan ybarat bolýar. Ýöne çylşyrymly tablisalardan tapawutlylykda utgaşdyrylan tablisada statistik sözlemiň eýesi düzýän toparlar bir kysymdaş alamat boýunça birleşdirilmän, birnäçe alamatlar boýunça birleşdirilýär. Statistik sözlemiň eýesinde alamatlaryň utgaşýandygyndan hem statistik tablisalaryň bu görnüşiniň ady gelip çykýar.

Utgaşdyrylan tablisanyň mysaly hökmünde şu aşakdakyny görkezmek bolar:

*6-njy tablisa*

**____________ kazyýetinde 201__-nj__ ýylyň I çärýeginde jenaýat işleriň seljerilişiniň möhletleri**

(Tablisadaky sanlaryň ählisi şertli sanlar bolup durýar).

| № | Jenaýatlaryň görnüşleri | Jemi seljerilen işler | Şol sanda iş ýörediş möhletleriň bozulmagy bilen |
|---|---|---|---|
| 1 | Türkmenistanyň JK-nyň 101-nji maddasy | 7 | 1 |
| 2 | Türkmenistanyň JK-nyň 107-nji maddasy | 9 | 2 |
| | **Jemi:** | **16** | **3** |

Jenaýat-hukuk hadysalarynyň seljermesiniň tejribesi esasan hem çylşyrymly we utgaşdyrylan tablisalarda peýdalanmagyň has netijelidigini açyp görkezýär. Olar bilelikde öwrenilýän jenaýatlaryň aýry-aýry görnüşleri we tutuş jenaýatçylyk babatda has doly hem dogry maglumatlary almaga ýardam berýär.

## §4. Statistik görkezijileri beýan etmegiň grafiki usuly

Tablisalar bilen birlikde jenaýat-hukuk hadysalaryna statistik taýdan häsiýetnama bermek üçin grafikler hem ulanylýar.

Statistik grafikler geometriki şekilleriň, çyzyklaryň ýa-da grafiki çyzgy-kartalaryň kömegi bilen görkezijileriň we olaryň deňeşdirmeleriniň şertli şekillendirmesidir.

Grafikler statistik maglumatlary has täsirli we düşnükli etmek üçin ulanylýar. Statistikada grafiki usulyň ulanylyp başlanmagynyň taryhy 200 ýyllyk döwri öz içine alýar. Grafiki şekillendirmelerden esasan hem dürli statistik görkezijileri deňeşdirmek maksady bilen, statistik jemligiň düzüm gurluşyna, seljerilýän hadysanyň ösüşine (dinamikasyna) has aýdyň düşünmek, öwrenilýän hadysanyň giňişlikde ýaýramagynyň derejesini kesgitlemek üçin peýdalanylýar.

Edil tablisalar ýaly grafikleriň hem olarda şekillendirilýän görkezijileriň mazmunyny açyp görkezýän atlary, getirilýän görkezijileriň wagty we ýeri, şeýle-de grafikdäki şertli belgileriň aňladýan manylary bolmaly.

**Jenaýatçylygyň dinamikasy (100 adam ölçeginde)**

(Diagrammadaky görkezijileriň ählisi şertli görkezijiler bolup durýar).




**1-nji surat**

Grafikleriň örän köp görnüşi bar. Olaryň esasylary bolsa şulardyr. Statistik maglumatlary grafiki taýdan şekillendirmegiň iň giňden ýaýran görnüşi diagrammadyr. Öwrenilýän hadysanyň düzüm gurluşyny we derejesini (dinamikasyny) şekillendirmek üçin sütün görnüşindäki diagrammalar ulanylýar. Mysal üçin, (*1-nji surat*).

Diagrammalaryň ýene-de bir görnüşine zolaklaýyn diagramma diýilýär. Zolaklaýyn diagrammada sütünleýin diagrammalara garanyňda degişli ýazgylary ýerleşdirmek has aňsat bolup durýar. Mysal üçin, jenaýatçylykly etmişleri etmeklige çekilen kämillik ýaşyna ýetmedikler barada statistik maglumatlaryň zolaklaýyn diagrammasy 2-nji suratdaky ýaly bolup biler.

**Jenaýatçylykly etmişleri etmeklige çekilen kämillik ýaşyna ýetmedikler barada maglumat**

(Diagrammadaky görkezijileriň ählisi şertli görkezijiler bolup durýar).




**2-nji surat**

Görkezilenlerden başga-da jenaýat-hukuk statistikasynda gönüburçluk we tegelek görnüşdäki diagrammalar hem netijeli ulanylyp bilner. Şeýle diagrammalardan peýdalanylanda gönüburçlugyň ýa-da tegelegiň meýdany statistik görkezijiniň ululygyna laýyk gelmeli. Şonuň ýaly-da jenaýat-hukuk statistikasynda diagrammalaryň çyzyklaýyn görnüşi hem ulanylýar. Şeýle görnüşdäki diagrammalardan

köplenç öwrenilýän hadysanyň dinamikasy we onuň alamatlarynyň arasyndaky arabaglanyşygy şekillendirmek üçin peýdalanylýar. Çyzyklaýyn diagramma bir wagtyň özünde birnäçe görkezijileri şekillendirmäge, şonuň netijesinde-de olary deňeşdirmäge mümkinçilik berýär. Tegelek we çyzyklaýyn görnüşdäki diagrammalaryň mysaly hökmünde 3-nji we 4-nji suratlary görkezmek bolar.

**201__-nj__ ýylda iş kesilenleriň bilim derejesi barada maglumat**

(Diagrammadaky görkezijileriň ählisi şertli görkezijiler bolup durýar).




**3-nji surat**

**_________ welaýatynyň _________etrap polisiýa bölüminiň Derňew bölümçesinde jenaýat işleri boýunça deslapky derňewiň möhletleriniň bozulmagy barada maglumat**

(Diagrammadaky görkezijileriň ählisi şertli görkezijiler bolup durýar).




**4-nji surat**

Alnan statistik maglumatlar toparlara bölünenden, jemlenenden hem-de tablisalar (grafikler) düzülenden soňra statistik seljerişiň, indiki üçünji tapgyryny – statistik seljermäni we umumylaşdyrmagy amala aşyrmaklyga girişmek bolýar. Bu statistik seljermäniň ahyrky we iň jogapkärçilikli tapgyrydyr. Toplanan we toparlara bölünen statistik materialdan seljermäniň netijesinde öwrenilýän jenaýat-hukuk hadysasynyň köp taraplaýyn häsiýetnamasyny alyp bolar.

# V BAP. ABSOLÝUT WE OTNOSITEL ULULYKLAR WE OLARYŇ JENAÝAT-HUKUK STATISTIKASYNDA ULANYLYŞY

## §1. Absolýut we otnositel ululyklar barada düşünje

Statistik gözegçiligiň, şeýle-de statistik jemlemegiň we toparlaşdyrmagyň netijesinde alnan maglumatlar doly (absolýut) ýa-da belli bir derejedäki (otnositel) bolup bilýän umumylaşdyrylan statistik görkezijiler bolup durýarlar.

*Absolýut görkezijiler* – bu jemlenen we toparlaşdyrylan statistik hasabatlardan hiç hili üýtgetmesiz alnan we hasaplanan mukdarlaýyn ululyklardyr. Olar dürli hukuk ähmiýetli hadysalaryň alamatlarynyň aňlatmalarynyň goşulyp jemlenmeginiň hem-de toparlaşdyrylmagynyň netijesinde alynýarlar. Absolýut görkezijiler – bu atlandyrylan sanlardyr. Olar özlerine mahsus bolan ölçeglerde hilleýin kesgitlenen durmuşy-hukuk ýa-da kriminologiki hadysalaryň (jenaýatlaryň, iş kesilenleriň, azatlykdan mahrum edilenleriň, jenaýatlaryň delilleriniň, kämillik ýaşyna ýetmedik hukuk bozujylaryň we ş.m.) möçberini (mukdaryny) görkezýär. Ol görkezijiler aşakdaky ýaly bolup bilýärler:

- tebigy birlikler görnüşinde (mysal üçin, aýyplanýanlaryň sany, tapylyp alnan neşe serişdeleriniň agramy we ş.m.);
- pul birlikleri görnüşinde (mysal üçin, manatda ýa-da erkin ýörgünli pul serişdesinde hasaplanan maddy, fiziki ýa-da ahlak zeleli).

Jenaýatçylygyň seljerişinde absolýut ululyklaryň örän möhüm tejribeleýin ähmiýeti bardyr. Mysal üçin, geçip duran şol ýyldaky jenaýatlaryň sany bilen geçen ýyldaky jenaýatlaryň sanynyň deňeşdirilmegi jenaýatçylygyň ýagdaýy (ösüşi ýa-da pese gaçyşy) barada anyk netijä gelmäge mümkinçilik berýär. Absolýut görkezijiler jenaýat-hukuk statistikasynda binýatlaýyn görkezijiler diýlip hasaplanýarlar. Statistik hasaplamalaryň islendik görnüşi (otnositel we ortalyk ululyklaryň hasaplamalary, özara baglanyşykly garaşlylygy (korrelýasion baglylygy) kesgitlemek we ş.m.) absolýut ululyklara esaslanýar.

Jenaýat-hukuk statistikasynda *otnositel ululyklar* iki sany deňeşdirilýän statistik ululyklaryň birek-birege bolan gatnaşygynyň ölçegini açyp görkezýän möhüm umumylaşdyryjy görkezijiler bolup durýarlar. Otnositel ululyklar hasaplananda, köplenç halatda, iki sany absolýut ululyk deňeşdirilýär, ýöne jenaýat-hukuk statistikasynda täze otnositel görkezijini almak üçin iki sany ortalyk ýa-da otnositel ululyklaryň deňeşdirilmegine-de mümkinçilik berilýär.

Ýöne şeýle deňeşdirmeler geçirilende görkezijileriň ölçeg birligi, wagt, çäk we ş.m. alamatlary boýunça deňeşdirijilik ukyplarynyň bolmagy ýaly wajyp hem hökmany şertiň berjaý edilmegi zerurdyr. Beýleki ululyklar bilen deňeşdirilýän absolýut ululyk deňeşdirmäniň esasy ýa-da binýady (bazasy), deňeşdirilýän görkeziji bolsa – deňeşdirmäniň ululygy diýlip atlandyrylýar.

Jenaýat-hukuk statistikasynda otnositel ululyklaryň şu görnüşleri ulanylýar:

- paýlamagyň otnositel ululyklary;
- ýokary depginliligiň (intensiwligiň) otnositel ululyklary;
- ösüşiň (dinamikanyň) otnositel ululyklary;
- meýilnamanyň ýerine ýetirilmegini häsiýetlendirýän otnositel ululyklar;
- derejeleriň we deňeşdirmeleriň otnositel ululyklary.

Şonuň ýaly-da jenaýat-hukuk statistikasynyň ylmynda indeksler hem otnositel ululyklara degişli edilýär.

## §2. Paýlamagyň otnositel ululyklary

Paýlamagyň ýa-da başgaça aýdylanda, düzüm gurluşyň otnositel ululyklary – bu giňden ýaýran otnositel ululyk bolup, ol öwrenilen hadysalaryň (jenaýatlaryň, jenaýatçylaryň, jenaýatyň delilleriniň we ş.m.) jeminiň aýry-aýry bölekleriniň olaryň 100% görnüşinde ugur alynýan umumy sanyna gatnaşygyna baglylykda, göterim görnüşinde aňladylýar.

Jenaýatlaryň jeminiň düzüm gurluşynyň häsiýetnamasy statistik seljerişiň wajyp düzüm bölegini emele getirýär. Ol haýsy jenaýatlaryň tutuş ýurt ýa-da aýry-aýry dolandyryş-çäk birlikleri boýunça agdyklyk edýändigini, hukuk bozujylaryň jynsy, ýaş we ş.m. alamatlar boýunça

toparlara bölünişini kesgitlemäge mümkinçilik berýär. Jenaýatçylygyň düzüm gurluşynyň otnositel ululyklary, hasaba alnan jenaýatçylygyň umumy jeminde jenaýatlaryň toparlarynyň we görnüşleriniň jenaýatçylygyň umumy jemi hem-de biri-biri bilen nähili gatnaşykda durýandygyny, şonuň ýaly-da jenaýatlary amala aşyran şahslaryň dürli-dürli toparlarynyň (kategoriýalarynyň) biri-birine gatnaşygyny kesgitlemäge ýardam edýär. Jenaýatçylygyň düzüm gurluşynyň otnositel ululyklary çykarylanda, hasaba alnan jenaýatçylygyň ýa-da ýüze çykarylan hukuk bozujylaryň belli bir wagt möçberi (ýyl, çärýek, aý) boýunça we belli bir çäk (tutuş ýurt, welaýat, etrap) boýunça alynýar. Soňra şol absolýut ululyk degişli başga bir absolýut ululyk (mysal üçin, geçen ýylyň degişli döwründäki degişli çäkdäki görkezijiler) bilen deňeşdirilýär.

Bellenip geçilişi ýaly, jenaýatçylygyň düzüm gurluşy absolýut ululyklarda (atlandyrylan sanlarda) hem-de otnositel ululyklarda (göterimde, paýda, ülüşde, koeffisiýentde[1]) ölçelýär, şol görkezijiler hem jenaýatçylygy diňe bir mukdarlaýyn tarapdan däl-de, eýsem hilleýin tarapdan-da häsiýetlendirýär. Jenaýatçylygyň düzüm gurluşy jenaýatlaryň görnüşleri, agyrlyk derejeleri (kategoriýalary), amala aşyrylan ýeri, amala aşyran şahslaryň arasynda erkekleriň, aýallaryň, kämillik ýaşyna ýetmedikleriň, ozal iş kesilenleriň sany we ş.m. ýaly maglumatlary özünde jemläp bilýär. Käbir ýagdaýlarda, jenaýat-hukuk statistikasynyň düzümleýin görkezijilerine has anyk baha bermek üçin, ilatyň dürli toparlarynda we gatlaklarynda jenaýatçylygyň ösüşiniň kömekçi koeffisiýenti hem ulanylýar. Ol koeffisiýent şu aşakdaky formulanyň kömegi bilen hasaplanýar:

$$K_{jö} = \frac{\textit{jenaýatçylaryň – şahslaryň belli bir görnüşiniň udel agramy}}{\textit{ilatyň tutuş sanyndan şahslaryň belli bir – toparynyň göterim gatnaşygy}},$$

bu ýerde $K_{jö}$ – jenaýatçylygyň ilatyň belli bir gatlaklaryndaky (toparlaryndaky) ösüş koeffisiýentini aňladýar.

[1] Lat. Coefficientis – ýardam beriji.

### §3. Ýokary depginliligiň (intensiwligiň) otnositel ululyklary

Ýokary depginliligiň (intensiwligiň) otnositel ululygy – bu statistik gözegçilik amala aşyrylýan jemligiň belli bir alamatynyň ýaýrawynyň çägini ýüze çykarmaga mümkinçilik berýän umumylaşdyryjy otnositel ululykdyr. Jenaýatyň depginliligi (tizligi) ýurtdaky, sebitdäki, etrapdaky ýa-da ilatly nokatdaky (geňeşlikdäki, obadaky) kriminologiki ýagdaýyň çylşyrymly hilleýin-mukdarlaýyn ölçegi bolup durýar. Ol jenaýatçylykly ýüze çykmalaryň derejesini, olaryň ösüş depginliligini ýa-da jemgyýetçilik howplulygynyň (agyrlygynyň) derejesini beýan edýär. Tejribede jenaýatçylygyň depginliligi jenaýatçylygyň koeffisiýenti, ýagny 100 müň sany ýaşaýja düşýän jenaýatlaryň sany bilen häsiýetlendirilýär. Ol şu aşakdaky formulanyň kömegi bilen hasaplanýar:

$$K_j = \frac{J \cdot 100000}{M},$$

bu ýerde J (jenaýatçylyk) – hasaba alnan jenaýatlaryň absolýut sany; 100.000 – jenaýatçylygyň koeffesiýentiniň ölçegi; M (millet) – ähli ilatyň absolýut sany; K – koeffisiýenti.

J we M görkezijileri, ýagny jenaýatçylygyň absolýut ululygy we tutuş ilatyň sany (absolýut ululygy), şol bir wagt möçberiniň çäginde hem-de şol bir çäk (territoriýa) boýunça alynýar. Şunuň ýaly ýagdaýda, ýokarda bellenip geçilişi ýaly, adatça, jenaýatlaryň sany 100.000 adamdan ybarat ilata baglylykda hasaplanýar. Ýöne hasaba alnan jenaýatlar we ilatyň sany az bolan halatynda, Mysal üçin, şäherde, etrapda, geňeşlikde, obada, onda JMK-nyň sany 10 müňe, 1 müňe, 100-e we ş.m. çenli azaldylyp bilinýär.

Jenaýatçylygyň koeffisiýenti ýylyň birnäçe aýy boýunça hasaplanmaly bolan halatynda, adatça, şu görnüşdäki hasaplaýyş formulasy ulanylýar :

$$KJ_n = \frac{J_n \cdot 12 \cdot 100000}{M_n},$$

bu ýerde n – birnäçe aý; $J_n$ – birnäçe aýda hasaba alnan jenaýatlaryň absolýut sany; $M_n$ – birnäçe aýda ähli ilatyň absolýut sany; $K_n$ – birnäçe aý boýunça koeffisiýenti; 100.000 – jenaýatçylygyň koeffesiýentiniň ölçegi; 12 – ýylyň 12 aýyna deň bolan hemişelik koeffisiýenti.

## §4. Ösüşiň (dinamikanyň) otnositel ululyklary

Jenaýat-hukuk statistikasynda ösüşiň otnositel ululyklary jenaýat-hukuk statistikasynyň ol ýa-da beýleki görkezijileriniň (hasaba alnan jenaýatlaryň sanynyň, hukuk goraýjy edaralaryň işgärleriniň sanynyň, ýüze çykarylan hukuk bozujylaryň sanynyň, garşylaryna tussag etmek görnüşinde ätiýaçsyzlandyryş çäresi seçilip alnanlaryň sanynyň, azatlykdan mahrum edilenleriň sanynyň we ş.m.) wagtda (belli bir wagtyň dowamynda) üýtgeýşini görkezýän umumylaşdyryjy otnositel ululyklar bolup durýarlar.

Şeýle hasaplamalar üçin wagt aralygy (interwaly[1]) hökmünde adatça bir hasabat ýyly alynýar. Ýöne jenaýatçylygyň we gaýry hukuk ähmiýetli hadysalaryň hem-de prosessleriň ýagdaýynyň üýtgemegi hökmany ýagdaýda bir hasabat ýylynyň çäginde alynmaly däldir, tejribede şeýle hadysalaryň her bäş ýyl boýunça gözegçilik edilýän we seljerilýän halatlaryna-da duş gelmek bolýar. Ösüşiň otnositel ululyklarynyň uzak wagt möhletiniň çäginde gözegçilik edilmeginiň we seljerilmeginiň hem, gysga wagt möhletiniň çäginde gözegçilik edilmeginiň we seljerilmeginiň hem amatly taraplary bar. Mysal üçin, bäş ýyl wagt möhletiniň çäginde ösüşiň otnositel ululyklary alnan halatynda, jenaýatçylyk ýaly jemgyýete ýaramaz täsir edýän hadysanyň ösüşiniň jemgyýetçilik gatnaşyklary ulgamynyň kadaly hereket etmegine näderejede howp salýandygyna has anyk düşünmek bolýar, çärýek, aý, hepde ýaly gysga wagt möhletiniň çäginde alnan ösüşiň otnositel ululyklary bolsa hukuk ähmiýetli hadysalardaky bolup geçýän üýtgeşmeleri haýal etmän ýüze çykaryp, olara öz wagtynda täsir et-

[1] Lat. Intervallum – daşlyk, aralyk, aralykdaky boşluk.

meklige mümkinçilik berýär. Jenaýat-hukuk statistikasynda, adatça, ösüşiň otnositel ululyklaryny haýsy wagt möhletiniň çägi boýunça almalydygyny kesgitlemek öwrenilýän hadysanyň (prosessiň) häsiýetli aýratynlyklaryna bagly bolup durýar.

Jenaýatçylygyň ösüşini häsiýetlendirýän degişlilik onuň toplumlaýyn hilleýin-mukdarlaýyn görkezijileriniň biri bolup durýar. Ol jenaýatçylygyň ýagdaýynyň wagtda üýtgeýşini (mukdarlaýyn görkeziji), şeýle hem onuň düzüm gurluşynyň (jenaýatlaryň görnüşleriniň, jenaýaty amala aşyran şahslaryň häsiýetli aýratynlyklarynyň we ş.m.) üýtgeýşini (hilleýin görkeziji) görkezýär. Jenaýatçylygyň üýtgeýşini beýan edýän görkezijileriň has wajyplary şulardyr:

- jenaýatçylygyň hatardaky derejesi (ýyllar boýunça jenaýatçylygyň absolýut jemlenen (summirlenen) ululyklary);
- jenaýatçylygyň absolýut ösüşi (binýatlaýyn ýyldaky jenaýatçylygyň görkezijisi bilen soňky deňeşdirilýän ýyllardaky jenaýatçylygyň görkezijileriniň arasyndaky tapawut);
- jenaýatçylygyň absolýut artyklygy (jenaýatçylygyň her geçen ýyldaky görkezijisi bilen şol ýyldaky görkezijisiniň arasyndaky tapawut);
- jenaýatçylygyň otnositel ösüşi (jenaýatçylygyň binýatlaýyn ýyldaky görkezijisi bilen şonuň yzyndan gelýän her ýyldaky absolýut artyklygynyň görkezijileriniň göterimdäki gatnaşygy);
- jenaýatçylygyň otnositel artyklygy (jenaýatçylygyň her geçen ýyldaky görkezijisi bilen şonuň yzyndan gelýän ýyldaky absolýut artyklygynyň görkezijileriniň göterimdäki gatnaşygy);
- gözegçiligiň belli bir möhletiniň dowamynda jenaýatçylygyň ösüşiniň we artyklygynyň bir ýyl boýunça ortaça hereketi.

Jenaýatçylygyň ösüşi öwrenilende latent[1] jenaýatçylygyň derejesiniň öwrenilmeginiň aýratyn wajyp ähmiýeti bardyr. Mälim bolşy ýaly, latent jenaýatçylygyň resmi bellige alyş tertibi ýokdur. Ýöne

---

[1] Lat. Latentis – gizlin, ýaşyrylan. Jenaýaty öwreniş (kriminologiýa) ylmynda jenaýatlar baradaky hasabatda öz beýanyny tapmaýan we jenaýat kazyýet önümçiliginiň predmetine öwrülmeýän, ýaşyryn, gizlin galýan jenaýatçylygy aňladýar. Latent jenaýatçylyk jenaýatlar barada habar berilmeýändigi ýa-da berlen habarlaryň degişli edaralar, wezipeli şahslar tarapyndan kanunda bellenen tertipde bellige alynmaýandygy bilen baglydyr.

onuň derejesini mukdarlaýyn ululyklarda anyklamaga mümkinçilik berýän sosiologik we statistik usullar Türkmenistanyň hukuk goraýjy edaralary tarapyndan ulanylýar.

Jenaýatçylygyň derejesiniň we düzüm gurluşynyň ösüşiniň belli bir derejede dowam edýän häsiýetiniň bolmagy, diňe bir bu hadysanyň oňyn we islenilmeýän üýtgeşmeleriniň bardygyna şaýatlyk etmeýärde, eýsem, jenaýatçylygyň ösüşiniň möhüm gönügýän ugurlarynyň (tendensiýalarynyň[1]) we üýtgeşmeleriniň kanunalaýyklyklarynyň hem bardygyny aňladýar. Bu ýagdaý bolsa jenaýatçylygyň ösüşiniň ýakyn geljegini çaklamaga mümkinçilik berýär.

## §5. Meýilnamanyň ýerine ýetirilmegini häsiýetlendirýän otnositel ululyklar

Meýilnamanyň ýerine ýetirilmegini häsiýetlendirýän otnositel ululyklary hukuk goraýjy edaralaryň öňünden meýilnamalaşdyrylan işleriniň (mysal üçin, jenaýatlaryň üstüniň açylyşynyň ýyllyk meýilnamasy) kesgitlenen wagt möhleti tamamlanandan soň näderejede ýerine ýetirilendigini görkezýärler. Mälim bolşy ýaly, döwletiň ähli edaralarynda geljekki möhletlerde (ýylyň dowamynda, çärýekde, aýda we ş.m.) amala aşyrylmaly işleriň meýilnamalaşdyrylmagy dolandyryş işjeňligini tertibe salmagyň iň wajyp tapgyrlarynyň biri bolup durýar. Sebäbi işjeňligiň islendik görnüşiniň hem meýilnamasyz amala aşyrylmagy onuň netijeliligini pese düşürýär we köp halatlarda esaslandyrylmadyk haýal-ýagallygyň, bulam-bujarlygyň ýüze çykmagyna getirýär.

Döwlet edaralarynyň, şol sanda hukuk goraýjy edaralaryň işleriniň meýilnamalary geçen ýylda toplanan, umumylaşdyrylan, seljerilen we netije çykarylan maglumatlaryň esasynda düzülen çaklamalardan ugur alnyp taýýarlanylýar. Ýöne olar bellenilen möhletiň dowamynda hiç bir üýtgeşme-goşmaça girizilmäge degişli bolmadyk kesgitleme (dogma[2]) bolup durmaýar we bellenilen möhletiň dowamynda üýtgäp durian ýagdaýlara baglylykda, bellenen tertibe eýerip

[1] Lat. Tendere – gönükdirilen ugry, gönükmek, ýykgyn etmek.

[2] Gr. Dogma – pikir, okuw, karar. Hiç bir ýagdaýda üýtgemeýän jedelsiz, ýeke-täk hakykat hökmünde kabul edilýän düzgüni, kesgitlemäni aňladýar.

üýtgedilip ýa-da üstleri doldurylyp bilinýär. Şol sebäpli-de degişli meýilnamalaryň ýerine ýetirilişiniň seljerişi hemişe geçirilip durulýar.

Meýilnamanyň ýerine ýetirilmegini häsiýetlendirýän otnositel ululyklary hasaplamagyň tehnikasy ýönekeýdir. Meýilnamanyň özi binýatlaýyn ululyk, ýagny 100% diýlip alynýar, onuň hakykat ýüzünde ýerine ýetirilmegi bolsa meýilnamanyň göwrümine (mazmunyna) laýyklykda göterim görnüşinde beýan edilýär. Mysal üçin, belli bir edaranyň ýyllyk iş meýilnamasynda 20 sany bent (iş) bar. Ýylyň ahyryna çenli meýilnamanyň bentleriniň 18-si ýerine ýetirilipdir, şeýlelikde, edaranyň ýyllyk meýilnamasy 90% möçberinde ýerine ýetirildigi bolýar.

## §6. Derejeleriň we deňeşdirmeleriň otnositel ululyklary

Derejeleriň we deňeşdirmeleriň otnositel ululyklary bir ululygyň beýleki ululykdan näçe san artykdygyny, olaryň biri-birinden näderejede tapawutlanýandygyny, gözegçilik edilýän statistik hadysalaryň arasynda nähili meňzeşlikleriň we tapawutlyklaryň bardygyny we ş.m. anyklamak maksady bilen, iki ýa-da ondan-da köp ululyklary deňeşdirmäge mümkinçilik berýär. Mukdarlaýyn görkezijileriň deňeşdirilip seljerilmegi statistik umumylaşdyrmalary geçirmegiň hukuk tejribesinde örän möhüm we has giňden ýaýran usullaryň biridir.

Derejeleriň we deňeşdirmeleriň otnositel ululyklarynyň şu aşakdaky möhüm häsiýetli alamatlary bardyr:

- derejeleriň we deňeşdirmeleriň otnositel ululyklary adatça, udel agramlaryň göterimleri görnüşinde ölçenilýär hem-de deňeşdirmeleri geçirmek üçin has köp mümkinçilikleri döredýärler;
- bellenip geçilişi ýaly, degişliligiň bölekleriniň bütewilige gatnaşygynyň görkezijileri ýa-da depginliligiň görkezijileri köp halatda koeffisiýentlerde ölçenilýär. Hukuk goraýjy edaralaryň raýat we jenaýat kazyýet önümçiligindäki işjeňligi, hukuk bozujylyk, jenaýatçylyk, iş kesilenlik babatda dürli ýurtlarda, sebitlerde, etraplarda we geňeşliklerde toplanan hem-de deňeşdirip bolmaýan maglumatlar

ilatyň umumy sany bilen deňeşdirilip hasaplanandan soňra, belli bir derejede deňeşdirijilik häsiýetine eýe bolýarlar;

- öwrenilýän hadysalaryň ösüşini häsiýetlendirýän derejeleriň we deňeşdirmeleriň otnositel ululyklary, öwrenilýän hadysalaryň wagt aralygyndaky ösüşiniň ýa-da artmagynyň derejesini aňladýan göterimler görnüşinde hasaplanylýarlar.

## §7. Indeksler

Giň manyda düşünilende, «indeks[1]» sözi öwrenilýän hadysany häsiýetlendirýän islendik umumylaşdyryjy görkezijini aňladýar. Statistika ylmynda «indeks» diýlende, mukdarlaýyn jemläp bolmaýan düzüm böleklerinden (elementlerden) ybarat bolan iki we ondan-da köp jemlikleriň umumylaşdyryjy görkezijisine düşünilýär. Şeýle görkeziji öwrenilýän hadysalaryň ýagdaýyna baha bermek we olary deňeşdirip seljermek üçin zerur bolup durýar.

Şeýle we şoňa meňzeş ýagdaýlarda ýörite işlenip taýýarlanan görkezijiler – indeksler hasaplanyp çykarylýar. Indeksleriň şahsy (indiwidual), toparlaýyn, goşulan (agregatlaýyn[2], jemlenen) indeksler ýaly görnüşleri bar we olar paýlarda, göterimlerde, gezekde (essede), koeffisiýentlerde hasaplanýarlar.

Jenaýatçylyga ýa-da haýsy-da bolsa bir hukuk (ýuridik) edaranyň işine baha berlende şahsy indeks hökmünde öwrenilýän (gözegçilik edilýän) hadysanyň şol wagtky derejesiniň şol hadysanyň deňeşdirilýän (binýatlaýyn) döwürdäki derejesine bolan gatnaşygy çykyş edip bilýär.

Jenaýatlaryň jeminiň agyrlygynyň indeksini hasaplamak üçin şu aşakdaky ýaly formulany ulanmak bolar:

$$JAI = \frac{\sum_{i=1}^{n} J_d J_{ab}}{\sum_{i=1}^{n} J_{bd} J_{ab}},$$

bu ýerde JAI – jenaýatlaryň agyrlygynyň indeksi; $\Sigma J_d$ – şol döwürde (wagt möhletiniň geçýän döwründe) jenaýatlaryň muk-

[1] Lat. Index – görkeziji, sanaw.
[2] Lat. Aggrego – goşýaryn, çatýaryn.

dary; n – jenaýatlaryň görnüşleriniň mukdary; $J_{ab}$ – jenaýatlaryň agyrlygynyň ballary (olar şol geçýän döwür üçinem, geçen (binýatlaýyn) döwür üçinem birmeňzeş bolmaly); $\Sigma J_{bd}$– binýatlaýyn döwrüň jenaýatlarynyň mukdary.

Iş kesilenligiň goşulan (jemlenen, agregirlenen) indeksi hasaplananda diňe bir aýyplaýyş hökümleri kanuny güýjüne giren iş kesilenleriň sany däl-de, eýsem olara aýyp bildirilen jenaýatlaryň düzümi boýunça sany hem binýatlaýyn ululyk hökmünde alynýar. Iş kesilenligiň indeksi hem edil jenaýatlaryň agyrlygynyň indeksi ýaly agregatlaýyn indeksiň formulasy boýunça, ýöne diňe ölçeg birlikleriniň käbir takyklamalary bilen hasaplanýar. Ol formula şu aşakdaky ýalydyr:

$$IKI = \frac{\sum_{i=1}^{n} IK_d J_{ab}}{\sum_{i=1}^{n} IK_{bd} J_{ab}},$$

bu ýerde IKI – iş kesilenligiň indeksi, $\Sigma IK_d$ – geçýän döwürde iş kesilenleriň jemi sany, n – jenaýatlaryň görnüşleriniň sany, $J_{ab}$ – jenaýatlar üçin azatlykdan mahrum etmek görnüşinde bellenen jeza çäreleriniň ýyl möhletleri boýunça aňladylan jenaýatlaryň agyrlygynyň ballary, $\Sigma IK_{bd}$ – deňeşdirme geçirilýän binýatlaýyn döwürde iş kesilenleriň jemi sany.

# VI BAP. JENAÝAT-HUKUK STATISTIKASYNDA ORTAÇA ULULYKLAR

## §1. Ortaça ululyklar barada düşünje

Jenaýat-hukuk statistikasynda ortaça ululyk diýlende, kysymdaş hadysalaryň jemliginiň haýsydyr bir mukdarlaýyn taýdan üýtgäp durýan alamat boýunça umumylaşdyrylan häsiýetnamasyna düşünilýär. Islendik ortaça ululyk hem öwrenilýän alamat boýunça jemligiň birlikleriniň paýlanmagynyň hataryny, ýagny üýtgäp durýan (wariasion) hatary häsiýetlendirýär. Ortaça ululyklary hasaplamagyň wajyp şertleriniň biri-de, jemligiň birlikleriniň kesgitlenýän alamat babatdaky hilleýin kyşymdaşlygy bolup durýar.

Ortaça ululyklar hakyky ýagdaýlaryň (faktlaryň) köpçülikleýin umumylaşdyrmasyna esaslanýar. Diňe şeýle ýagdaýda olar, öwrenilýän (statistik taýdan gözegçilik edilýän) hadysanyň esasynda ýatan ol ýa-da beýleki hereket ediş ugurlaryny (tendensiýalaryny) ýüze çykarmaga ukyplydyrlar. Ortaça ululyklar öwrenilýän hadyslaryň esasy köplügine (massasyna[1]) mahsus bolan umumy hereket ediş ugurlaryny (tendensiýalaryny) beýan edýärler. Olar ähli bar bolan (üýtgäp durýan, warýirleýän) görkezijileriň mahsus bolan (tipiki[2]) hilleýin häsiýetnamasynda, ýagny ortaça ululyklarynda ýüze çykýarlar.

## §2. Ortaça ululyklaryň görnüşleri

Statistik ortalyk ululyklaryň birnäçe görnüşleri bardyr. Ýöne olaryň ählisi hem derejeli ortaça ululyklaryň görnüşine, ýagny wariantlaryň dürli derejelerinden düzülen, ortaça arifmetik ululyk, ortaça garmonik (sazlaşykly) ululyk, ortaça kwadrat ululyk, ortaça geometrik ululyk we ş.m. ýaly görnüşlerine degişlidirler.

Derejeli ortaça ululygyň umumy görnüşi şu aşakdakylardan ybarat:

$$\bar{x} = \sqrt[m]{\frac{\sum_{i=1}^{n} x_m^i}{n}},$$

[1] Lat. Massa-gysym, topbak, üýşmek, köp.

[2] Gr. Typos-yz, galyp, nusga.



7. Sargyt № 2423.

bu ýerde *x* – wariant (ýagny, alamatyň üýtgäp durýan aňlatmalary), n – wariantlaryň sany (jemligiň birlikleriniň sany), *m* – ortaça ululygyň derejesiniň görkezijisi.

Ortaça ululyklaryň derejeleriniň dürli görnüşleri hasaplananda, esasynda şol hasaplamalar amala aşyrylýan görkezijiler üýtgewsiz galýarlar we şeýle ýagdaýda diňe «m» aňlatmanyň (ortaça ululygyň derejesiniň görkezijisi) ululygy üýtgeýär. Eger-de $m_2$ bolsa, onda ortaça kwadrat ululyk aşakdaky formuladaky ýaly bolýar:

$$\bar{x}_{\text{kwadr}} = \sqrt[2]{\frac{\sum_{i=1}^{n} x_i^2}{n}} = \sqrt{\frac{\sum_{i=1}^{n} x_i^2}{n}}.$$

Eger *m*=1 bolsa, onda ortaça arifmetik ululyk şu formuladaky ýaly bolýar:

$$\bar{x}_{\text{arifm}} = \sqrt[2]{\frac{\sum_{i=1}^{n} x_i}{n}} = \sqrt{\frac{\sum_{i=1}^{n} x_i}{n}}.$$

Eger *m* = -1 bolsa, onda ortaça garmonik (sazlaşykly) ululyk şu formuladaky ýaly bolýar:

$$\bar{x}_{\text{garmon}} = \sqrt[-1]{\frac{\sum_{i=1}^{n} x_i^{-1}}{n}} = n \Big/ \sum_{i=1}^{n} 1/x_i.$$

Eger *m* = 0 bolsa, onda ortaça geometrik ululyk şu formuladaky ýaly bolýar:

$$\bar{x}_{\text{geom}} = \sqrt[0]{\frac{\sum_{i=1}^{n} x_i^0}{n}} = \sqrt[n]{x_1 \cdot x_2 \cdot x_3 \cdot \ldots \cdot x_n}.$$

Ýokarda mysal getirilen formulalarda, $x_1$, $x_2$,...$x_n$ wariantlar, ortaça ululyk hasaplananda belli bir aňlatma eýedirler özlerem gaýtalanmaýarlar. Ýöne jenaýat-hukuk statistikasynda amala aşyrylan statistik gözegçilikde gaýtalanýan sanlary bolan ululyklar ýeterlik derejede ýygy-ýygydan duş gelýär. Mysal üçin, anyk belli çäk (ýer, territoriýa) we takyk wagt möhleti boýunça iş kesilenleriň mukdary gaýtalanýan

sanlar diýlip hasaplanarlar. Şunuň ýaly ýagdaýda, formulalara ýygylyk diýlip atlandyrylýan we «f» harpy bilen belgilenýän täze ululyk girizilýär, ortaça ululygyň özi bolsa ortaça deňagramly görnüşi kabul edýär.

Adatça, ortaça deňagramly ululygyň derejesiniň umumy formulasy şu aşakdaky görnüşde bolýar:

$$\bar{x}_{\text{deň}} = \sqrt[m]{\frac{\sum_{i=1}^{n} x_i^m f_i}{\sum_{i=1}^{n} f_i}},$$

bu ýerde x – wariantlar (alamatyň üýtgäp durýan aňlatmalary), n – wariantlaryň mukdary (sany), m – ortaça ululygyň derejesiniň görkezijisi, f – wariantyň ýygylygy.

Şeýlelikde, ortaça deňagramly ululyklary kesgitlemegiň formulalary hem şu görnüşe gelýärler.

a) ortaça deňagramly kwadrat ululygyň formulasy:

$$\bar{x}_{\text{dgr.kwadr}} = \sqrt{\sum_{i=1}^{n} x_i^2 f_i \Big/ \sum_{i=1}^{n} f_i};$$

b) ortaça deňagramly arifmetik ululygyň formulasy:

$$\bar{x}_{\text{dgr.arifm}} = \frac{\sum_{i=1}^{n} xf}{\sum_{i=1}^{n} f};$$

ç) ortaça deňagramly geometrik ululygyň formulasy:

$$\bar{x}_{\text{dgr.geom}} = \sum_{i=1}^{n} \sqrt[f]{x_1^f x_2^f x_3^f \cdot \ldots \cdot x_n^f};$$

d) ortaça deňagramly garmonik (sazlaşykly) ululygyň formulasy:

$$\bar{x}_{\text{dgr.garm}} = \sum_{i=1}^{n} f \Big/ \sum_{i=1}^{n} f/x .$$

### §3. Ortaça arifmetik ululyk

Mälim bolşy ýaly, ortaça arifmetik ululyk ortaça ululyklaryň has giňden ýaýran görnüşidir. Onuň hasaplamasy, ortaça ululyklaryň beýleki görnüşleriniň hasaplamalaryna garanyňda has ýönekeýdir. Ortaça arifemtiki ululyk hasaplananda, alamatlaryň ähli wariantlarynyň ululyklary goşulýar-da, alnan jem san umumy möçbere bölünýär. Mysal üçin, etrap (ýa-da etrap hukukly şäher) etrap polisiýa bölüminiň derňew bölümçesinde sekiz (8) sany sülçi işleýär we degişlilikde olaryň ýyllyk iş agramy (ýagny, her sülçiniň bir ýylyň dowamynda deslapky derňewi geçirýän jenaýat işleriniň möçberi) 40, 50, 52, 60, 60, 70, 70, 70 jenaýat işi bolup durýar. Şu sanlardan ugur alyp, her sülçä jenaýat işleriniň deslapky derňewi boýunça düşýän ýyllyk ortaça iş agramyny hasaplap çykarmak zerur bolup durýar. Munuň üçin iş agramlarynyň mukdarlarynyň ählisiniň aňlatmalaryny goşmaly-da, şol sany hem sülçileriň umumy sanyna bölmeli. Şeýle hasaplama şu aşakdaky ýaly formulanyň kömegi bilen amala aşyrylyp bilner:

$$\bar{x}_{\text{arifm}} = \frac{\sum_{i=1}^{n} x}{n} = \frac{x_1 + x_2 + ... + x_8}{n} = \frac{40 + 50 + 52 + 60 + 70 + 70 + 70}{8} = 59.$$

Haýsydyr bir görkezijiniň ortaça aňlatmasy hasaplananda, edil şonuň ýaly usul bilen, ortaça deňagramly ululygy hasaplamagyň deňlemesini hem ulanmak bolýar. Ýokarda mysal getirilen ýagdaýda agtarylýan görkezijini şu aşakdaky ýaly formulanyň kömegi bilen hasaplap çykarmak bolar:

$$\bar{x}_{\text{dgr.arifm}} = \frac{\sum_{i=1}^{n} x_i f_i}{\sum_{i=1}^{n} f_i} = \frac{x_1 f_i + x_2 f_2 + ... + x_8 f_8}{\sum_{i=1}^{n} f_1} = \frac{40 + 50 + 52 + 60 \cdot 2 + 70 \cdot 3}{8} = 59.$$

### §4. Ortaça geometrik ululyk

Jenaýat-hukuk statistikasynda ortaça geometrik ululyk esasan, ösüşiň depginliligini (mysal üçin, jenaýatçylyga garşy göreşiň, jenaýatlaryň üstüniň açylyşynyň) kesgitlemek üçin ulanylýar. Mysal

üçin, jenaýatlaryň üstüniň açylyşynyň ösüşiniň depginliliginiň ortaça ýyllyk görkezijisi şu aşakdaky ýaly formulanyň kömegi bilen hasaplanyp çykarylyp bilner:

$$\overline{x}_{\text{kwadr}} = \sqrt[n]{x_1 x_2 x_3 \cdot \ldots \cdot x_n},$$

bu ýerde $x_1$, $x_2$, $x_3$,..., $x_n$ – jenaýatçylygyň ösüşiniň ýyllyk depgini, n – binýatlaýyn ýyly hasaba almazdan ortaça geometrik ululyk hasaplanýan wagt birligindäki ýyllaryň sany.

Şonuň bilen birlikde-de, ortaça geometrik görkeziji şu aşakdaky formulanyň kömegi bilen hem hasaplanyp çykarylyp bilner:

$$\overline{x}_{\text{geom}} = \sqrt[n]{\frac{Y_n}{Y_b}},$$

bu ýerde $Y_n$ – ahyrky ýylyň absolýut derejesi, $Y_b$ – binýatlaýyn ýylyň absolýut derejesi, n – binýatlaýyn ýyly hasaba almazdan ortaça geometrik ululyk hasaplanýan wagt birligindäki ýyllaryň sany.

## §5. Moda we mediana

Umumy statistika ylmynda (şeýle hem jenaýat-hukuk statistikasynyň nazaryýetinde), «moda[1]» diýen adalga bilen öwrenilýän jemlikde has ýygy-ýygydan gabat gelýän alamatyň (üýtgeşmäniň, wariantyň) aňlatmasy atlandyrylýar we hasaplamalarda, adatça moda – «Mo» harplary bilen belgilenýär. Mysal üçin, şu babyň 3-nji paragrafynda «Ortaça arifmetik ululyk» bölümçesi) mysal hökmünde getirilen, etrap prokuraturasynyň sülçilerine jenaýat işleriniň deslapky derňewi boýunça düşýän ortaça iş agramyny hasaplap çykarmaly ýagdaýdan ugur alnanda, «70» san moda bolup durýar, sebäbi ol deňlemede beýleki mukdar görkezijilerinden has köp gabat gelýär. Jenaýat-hukuk statistikasynda, haçan-da belli bir (öwrenilýän, seljerilýän) alamatyň has köp duş gelýän ululygyny häsiýetlendirmek zerurlygy ýüze çykanda moda ulanylýar. Ýöne deňlemeleriň ählisinde modany tapmak ýokarda beýan edilişi ýaly, beýle bir ýönekeý iş hem däl. Mysal üçin, maglumatlaryň interwal hatarynyň (Mysal üçin, jenaýaty amala aşyran şahslaryň ýaş aýratynlygy boýunça 14-24,

[1] Lat. Modus – ölçeg, nusga, şekil, usul, düzgün, görkezme, gözükdirme.

24-30 ýaş aralygy we ş.m.) modasyny tapmak biraz çylşyrymly bolup durýar.

Interwal hataryň modasyny hasaplamak üçin şu aşakdaky formula ulanylýar:

$$M_0 = x_0 + i\frac{f_{M_0} - f_1}{(f_{M_0} - f_1) + (f_{M_0} - f_2)},$$

bu ýerde $X_0$ – modal interwalyň iň kiçi (minimal) çägi, i – modal interwalyň aňlatmasy, $f_{Mo}$ – modal interwalyň ýygylygy, $f_1$ – modal interwalyň öňünden gelýän interwalyň ýygylygy, $f_2$ – modal interwalyň yzyndan gelýän interwalyň ýygylygy.

Jenaýat-hukuk statistikasynda (umumy statistikada hem), «mediana[1]» diýlende, tertipleşdirilen ýa-da ranžirlenen[2] maglumatlar hatarynyň ortasynda duran alamat (üýtgeşme, wariant) göz öňünde tutulýar we adatça, deňlemelerde mediana «Me» harplary bilen belgilenýär. Jenaýat-hukuk statistikasynda tertipleşdirilen (ranžirlenen) maglumatlar hatarynyň mysaly hökmünde möçberleriniň artmagy boýunça tertipli yzygiderlilikde goýlan (mysal üçin, 1 ýyl, 2 ýyl, 3 ýyl, 4 ýyl,...5 ýyl, 6 ýyl, 7 ýyl, 8 ýyl, 9 ýyl we ş.m.) azatlykdan mahrum etmek görnüşindäki jeza çäresiniň möhletleriniň mukdarlaýyn häsiýetlerini görkezmek bolar. Mediana tertipleşdirilen hatary deň ikä bölýär. Onuň iki tarapynda-da jemligiň birlikleriniň birmeňzeş mukdary ýerleşýär. Eger-de şeýle hataryň birlikleriniň ählisine tertip belgileri berilse, onda birlikleriniň sany jübüt bolmadyk hatarda, mediana $\frac{n+1}{2}$ – tertip belgili birlikde ýerleşer. Hataryň birlikleriniň sany jübüt bolan halatynda, mediana hataryň ortasyna ýakyn ýerleşen birlikleriň ikisiniň goşulan jeminiň deň ikä bölünen mukdary görnüşinde bolar ýa-da ol şu aşakdaky formula boýunça hasaplanyp çykarylmaga degişli bolar:

$$\frac{X_{\frac{n}{2}} + X_{\frac{n}{2}} + 2}{2}.$$

[1] Lat. Mediana – ortadaky, ortalyk.

[2] Fr. Ranger – tertibe goýup düzmek, tertipleşdirmek.

Tertipleşdirilen interwal hatarda, mediana ilki medianalaýyn interwal görnüşinde kesgitlenýär, soňra bolsa ol şu aşakdaky formulanyň kömegi bilen hasaplanýar:

$$M_e = x_0 + i\frac{\sum_{i=1}^{n} f / 2 - S_{X_0}}{f_{Me}},$$

bu ýerde $X_0$ – mediana interwalynyň iň kiçi (minimal) çägi, i – modal interwalyň aňlatmasy, f – ähli ýygylyklaryň jemi, $S_{X_0}$ - medianalaýyn interwalynyň öňünden gelýän, ähli toplanan ýygylyklaryň sany, $f_{Me}$ – mediana interwalynyň ýygylygy.

## §6. Alamatyň üýtgeşmeleriniň (wariasiýalarynyň) görkezijileri

Jenaýat-hukuk statistikasynda, ortaça ululyklar üýtgäp durýan (warýirleýän) alamaty boýunça jemligiň wajyp umumylaşdyryjy häsiýetlerini açyp görkezýärler. Olar hasaplanyp çykarylandan soňra, olaryň görkezijiliginiň, mahsuslygynyň ýa-da kysymdaşlygynyň näderejedigine göz ýetirmegiň hem möhüm ähmiýeti bardyr. Şu wezipäni amala aşyrmaklyga-da alamatlaryň üýtgeşmeleriniň (wariasiýalarynyň) görkezijileri hyzmat edýärler.

Jenaýat-hukuk statistikasynda, alamatlaryň üýtgeşmeleriniň (wariasiýalarynyň) görkezijileriniň içinden iň ýönekeýi – alamatlaryň üýtgeşmeleriniň (wariasiýalarynyň) ýaýrawynyň görkezijisi bolup durýar. Ol üýtgäp durýan alamatyň iň uly we iň kiçi aňlatmasynyň arasyndaky ýaýramaklygy beýan edýär hem-de şu formula boýunça hasaplanýar: $R = X_{max} + X_{min}$.

Wariasiýanyň ýene-de bir görkezijisi – dispersiýa ýa-da gyşarmalaryň ortaça kwadraty bolup durýar we ol şu aşakdaky formula boýunça hasaplanýar:

$$\sigma^2 = \frac{\sum_{i=1}^{n}(X_i - \overline{X})^2}{n}.$$

Eger-de dispersiýadan kwadrat kök aýrylsa, onda ortaça kwadrat gyşarma alnar we ony şu aşakdaky formula boýunça hasaplamak bolar:

$$\sigma = \sqrt{\frac{\sum_{i=1}^{n}(X - \overline{X})^2}{n}}.$$

Alamatyň üýtgeşmeleriniň (wariasiýalarynyň) soňky görkezijisi – wariasiýanyň koeffisiýenti bolup durýar. Ol wariasiýanyň ýaýrawynyň, dispersiýasynyň we ortaça kwadrat gyşarmasynyň görkezijilerinden tapawutlylykda wariasiýanyň koeffisiýenti göterim (%) görnüşinde beýan edilýär hem-de şu aşakdaky formulanyň kömegi bilen hasaplanýar:

$$V = \frac{\sigma \cdot 100\%}{\overline{x}},$$

bu ýerde σ – ortaça kwadrat gyşarma, x – ortaça arifmetik görkeziji.

Wariasiýanyň koeffisiýenti ortaça ululyklaryň mahsuslygynyň (tipikiliginiň) ölçegi (kriteriýasy) bolup durýar. Eger-de ol belli bir derejede uly bolsa (mysal üçin, 40%-den ýokary bolsa), onda bu şeýle ortaça ululygyň mahsuslygy pes derejededigini aňladýar, tersine, eger-de, wariasiýanyň koeffisiýenti kiçi bolsa, onda bu ortaça ululygyň mahsuslygynyň derejesiniň beýikdigini we ygtybarlydygyny aňladýar.

# VII BAP. JENAÝAT-HUKUK STATISTIKASYNDA SEÇIMLEÝIN GÖZEGÇILIK

## §1. Seçimleýin gözegçilik düşünjesi we onuň esasy häsiýetleri

Jenaýat-hukuk statistikasynda seçimleýin gözegçiligiň nazaryýeti, köpçülikleýin hadysalarda we prosesslerde ýüze çykýan hem-de emele gelýän statistik kanunalaýyklyklara esaslanýar. Statistika ylmynda statistik kanunalaýyklyklaryň bu häsiýeti uly sanlaryň kanuny diýlip atlandyrylýar. Uly sanlaryň kanunynyň matematiki esasy hökmünde ähtimallyklaryň nazaryýeti[1] (теория вероятностей) çykyş edýär. Mälim bolşy ýaly, ähtimallyklaryň nazaryýeti, matematikanyň durnukly ýygylykda gaýtalanýan (bolup geçýän) tötänleýin hadysalary, diýmek, hadysalaryň ýygy-ýygydan gaýtalanmagyndaky kanunalaýyklyklary hem öwrenýän bölegi bolup durýar.

Uly sanlaryň kanunyndan ugur almak bilen, tötänleýin hadysalaryň öwrenilen jemi näçe köp bolsa, alnan maglumatlaryň paýlanylyşy şonça-da tertipleşdirilen bolýar diýip bellemek bolar. Tötänleýin ululyklaryň üýtgemeginiň tertipliligi paýlamagyň kanunalaýyklygy diýlip atlandyrylýar we gistogrammanyň (sütünleýin diagramma, okuw kitabynyň IV babynda şekillendirilen 1-2-nji suratlar) ýa-da paýlamagyň köpburçlulygynyň (poligonynyň[2]) kömegi bi-

[1] Статья «Вероятностей теория». Большая электронная энциклопедия «Кирилл и Мефодий». Москва, 2011. Раздел статьи. «Ähtimallyklaryň nazaryýeti – bu matematikanyň bir bölegi bolup, onda tötänleýin hadysalaryň biriniň bolmagynyň ähtimallygy (mümkinligi) hakynda maglumatlaryň esasynda, şol birinji tötänleýin hadysalar bilen haýsy-da bolsa bir görnüşe bagly bolan beýleki bir tötänleýin hadysalaryň bolmagynyň ähtimallygy (mümkindigi) hakynda ýüze çykýan netijeler we şol tötänleýin hadysalaryň belli bir ýagdaýlarda birnäçe gezek gaýtalap amala aşmagynyň netijesinde ýüze çykýan kanunalaýyklyklar öwrenilýär. Şonuň ýaly-da ähtimallyklaryň nazaryýetinde tötänleýin ululyklar we tötänleýin prosessler hem öwrenilýär. Ähtimallyklaryň nazaryýetiniň esasy wezipeleriniň biri-de tötänden ýüze çykýan kesgitleýji sebäpleriň (faktorlaryň) köp sanlysynyň bir-birine täsir etmeginiň netijesinde emele gelýän kanunalaýyklyklary anyklamak hem öwrenmek bolup durýar. Şol sebäpli-de ähtimallyklaryň nazaryýetiniň statistik maglumatlary gaýtadan işlemekde-de örän wajyp ähmiýeti bardyr».

[2] Gr. Polygonos – köpburçly.

len grafiki usulda beýan edilýär. Paýlamagyň köpburçlulygy (poligony) alnan maglumatlaryň hakykat ýüzünde paýlanylyşyny häsiýetlendirýän döwülen gyşyk çyzyk görnüşinde bolýar. Mysal üçin, paýlamagyň köpburçlulygyny (poligonyny) şeýle şekillendirmek bolar:




**5-nji surat**

Alnan maglumatlaryň şeýle görnüşde beýan edilmegi öwrenilýän jemligiň şekilini has aýdyň görkezmäge mümkinçilik berýär. Seçimleýin öwrenmegiň obýekti näçe uly boldugyça öwrenilýän hadysa (prosesse) dürli tötänlikleriň täsir edişi has pes derejede bildirýär we paýlamagyň hakykat ýüzündäki kanunalaýyklygy has aýdyň ýüze çykýar. Şeýle ýagdaýda hakyky maglumatlary paýlamagyň çyzygy paýlamagyň nazary çyzygyna ýakynlaşýar.

Matematiki statistikada paýlamagyň nazary çyzygyny (gyşyklygyny) adatça, Laplas[1]-Gaussyň[2] çyzygy (gyşyklygy) ýa-da adaty (kadaly) paýlamak diýip atlandyrýarlar. Jenaýat-hukuk statistikasynda seçimleýin öwrenmek amala aşyrylanda kadaly paýlamaklyga köp duş gelinmeýär.

Seçimleýin statistik gözegçiligiň netijesinde alnan maglumatlary hakyky paýlamak nazary paýlamakdan esasan, diagrammada simmetriýanyň bozulmagy bilen tapawutlanýar. Kadaly paýlamakda seljerilýän alamatyň ýygylyklary çyzykdan (gyşyklykdan) iki ta-

[1] *Laplas Pýer Simon* (1749-1827), fransuz matematigi, astronomy, fizigi. Ähtimallyklaryň nazaryýeti we asman mehanikasy boýunça nusgawy ylmy işleriň awtory.

[2] *Gauss Karl Fridrih* (1777-1855), nemes matematigi, nazary we amaly matematikanyň arasyndaky tebigy utgaşyklyga ýykgyn eden görnükli alym.

rapyna-da deň-derejede peselip gidýär. Kadaly paýlamagyň grafiki şekillendirilişi hökmünde şu aşakdaky suraty görkezmek bolar:




**6-njy surat**

Hakyky paýlamakda bolsa çyzygyň (gyşyklygyň) ýokary başy nazary ortaçadan saga ýa-da çepe süýşüp, bir tarapy beýleki tarapyndan beýik bolup bilýär. Adatça şeýle deňsizligiň sebäbi statistik gözegçiligiň we maglumatlary toplamagyň ýalňyşlyklary bolup durýar.

Seçimleýin gözegçilikde maglumatlaryň paýlanylmagy, esasan üýtgeşmeleriň (yrgyldylaryň, wariasiýalaryň) ýaýrawy hem ortaça arifmetik aňlatmadan gyşarma bilen häsiýetlendirilýär. Üýtgeşmeleriň (yrgyldylaryň, wariasiýalaryň) ýaýrawy – bu üýtgäp (yrgyldap) durýan alamatyň aňlatmalarynyň pytraňňylygyny (ýaýramagyny) hasaplamagyň has ýönekeý ölçegidir (parametridir). Ol adatça, $R = X_{max} - X_{min}$ görnüşindäki formula boýunça hasaplanýar.

Maglumatlaryň jemliginiň üýtgeşmeleriniň şol bir ýaýrawy düzüm gurluşy boýunça düýpli tapawutlanyp, ýagny belli bir derejede biri-birine çalymdaş bolup bilýärler.

Jenaýat-hukuk statistikasynda ortaça arifemtik ululyk şu aşakdaky formula boýunça hasaplanýar:

$$x_{ort.arif} = \frac{x_1 + x_2 + x_3 + \ldots x_n}{n},$$

bu ýerde $x_1$, $x_2$, ..., $x_n$ – görkezijileriň aňlatmalary, n – aňlatmalaryň sany.

Şeýle ýagdaýda ortaça arifemtik ululygyň deňlemesiniň (formulasynyň) deregine ortaça deňagramly arifemtik ululygyň şu aşakdaky ýaly formulasyny hem ulanmak bolar:

$$x_{\text{ort.dgr.arf}} = \frac{x_1 f_1 + x_2 f_2 + x_3 f_3 + \ldots x_n f_n}{n},$$

bu ýerde $f_1$, $f_2$, $f_3$, ..., $f_n$ – görkezijileriň ýygylygynyň peýda bolmagynyň ululyklary.

Ortaça arifmetik ululyk tolkun atmagyň, yrgyldamagyň derejesiniň (dispersiýanyň[1]) hasaplamasynyň esasynda durýar. Dispersiýa bolsa alamatlaryň ähli üýtgeşmeleriniň (wariantlarynyň) aňlatmalarynyň ortaça ululykdan gyşarmasyny aňladýar. Dispersiýanyň aňlatmasy seçimleýin jemligiň göwrümini (möçberini) kesgitleýär. Dispersiýa näçe uly bolsa, görkezijileriň ortaça ululygyndan çar ýana ýaýrawynyň (pytramaklygynyň) derejesi hem şonça-da köp bolýar. Diýmek, şeýle ýagdaýda, geçirilýän gözegçiligiň netijesiniň ynama mynasyp bolmagy üçin seçimleýin jemligiň möçberi hem uly bolmaly.

Seçimleýin jemligiň göwrümini we ynama mynasyplygyny şeýle hem dispersiýany kesgitlemek, jenaýatçylyga ýa-da başga bir durmuşy-hukuk hadysa degişlilikde amala aşyrmaýar-da, eýsem diňe takyk görkezijiler babatda amala aşyrylýar. Şol görkezijiler hem, hilleýin ýa-da atributiw (jenaýatyň görnüşi, deliliň mazmuny, jenaýatçynyň şahsyýetiniň häsiýetli alamatlary we ş.m.) we mukdarlaýyn (hukuk bozujylaryň ýaşy, bilim derejesi, jenaýaty amala aşyrmagynyň gaýtalanmagy, raýat işlerine garamagyň möhletleri we ş.m.) görkezijiler bolup bilýär.

Mälim bolşy ýaly, her bir alamatyň öz dispersiýasy, diýmek, ynama mynasyp seljerişi geçirmek üçin seçimleýin jemligiň zerur göwrümi hem bardyr. Beýle diýildigi, köp sanly alamatlaryň seçimleýin seljerişi amala aşyrylanda, jemligiň gyşarmalaryny ýüze çykarmak

[1] Lat. Dispersio – ýaýramak, pytraňňylyk. Matematiki statistikada we ähtimallyklaryň nazaryýetinde ortaça arifmetiki ululykdan gyşarmagy (ýaýramaklygyň, pytraňňylygyň ölçegini) aňladýar.

üçin, dispersiýany şol alamatlaryň her biri boýunça aýratynlykda hasaplap çykarmalydygyny aňladýar. Jenaýat-hukuk statistikasynyň tejribesinde bolsa seçimleýin statistik gözegçilik usulynda öwrenilýän alamatlar onlarça, kähalatlarda bolsa, ýüzlerçe-de bolýar. Şonuň ýaly ýagdaýlarda, hasaplamalaryň çakdan aşa köplügine ýol bermezlik hem-de bulaşmazlyk üçin, diňe esasy netijeleri çykarmak üçin öwrenilýän alamatlar boýunça hasaplamalary geçirmek bilen hem çäklenmäge mümkinçilik berilýär. Seçimleýin jemligiň umumy mukdary ýa-da onuň umumy ynama mynasyplygy (reprezentatiwligi) onuň ähli ölçegleriniň jemi ynama mynasyplygy boýunça kesgitlenýär.

Dispersiýa – bu öwrenilýän alamatyň nazaryýet (ortaça) görkezijiden gyşarmasynyň ortaça kwadratydyr. Ol öwrenilýän jemligiň kysymdaşlyklaryny häsiýetlendirýär hem-de «$\sigma^2$» (kwadratdaky kiçi sigma harpy) bilen aňladylýar. Ony hilleýin alamatlar babatda hasaplamak bir formula boýunça, mukdarlaýyn alamatlar babatda hasaplamak bolsa, başga bir formula boýunça amala aşyrylýar.

Hilleýin alamatyň dispersiýasyny, eger-de onuň udel agramy belli bolsa, $\sigma^2$=P(1-P), görnüşdäki formulanyň kömegi bilen hasaplamak bolar. Bu ýerde, P – belgi, hilleýin alamatyň paýyny, (1-P) – belgi, beýleki alamatlaryň ýa-da garşylyklaýyn alamatyň paýyny (ülşüni) aňladýar.

Mukdarlaýyn alamatyň dispersiýasy bolsa, şu aşakdaky formulanyň kömegi bilen hasaplanyp çykarylýar:

$$\sigma^2 \frac{\sum_{i=1}^{n}(x_1-\overline{x})^2 f_1}{\sum_{i=1}^{n} f_1} = \frac{(x_1-\overline{x})^2 f_1 + (x_1-\overline{x})^2 f_2 + (x_1-\overline{x})^2 f_3 + \ldots + (x_1-\overline{x})^2 f_n}{f_1+f_2+f_3+\ldots+f_n},$$

bu ýerde $\sigma^2$ – dispersiýa, $x_1, x_2, x_3, \ldots, x_n$ – alamatlaryň aňlatmalary, x – alamatyň ortaça arifmetik aňlatmasy, $f_1, f_2, f_3, \ldots, f_n$ – alamatlaryň döremeginiň ýygylygy, n – alamatlaryň mukdary (sany).

Alamatyň ýaýramagyny häsiýetlendirýän ýene-de bir ululyk – ortaça kwadrat gyşarma (OKG) bolup durýar. Ol «σ» harpy bilen aňladylýar. OKG dispersiýadan kwadrat köki çykarmak arkaly, şu aşakdaky ýaly formulanyň kömegi bilen hasaplanyp çykarylýar:

1. Hilleýin alamatlar üçin: $\sigma = \sqrt{P(1-P)}$

2. Mukdarlaýyn alamatlar üçin:

$$\sigma = \sqrt{\frac{\sum_{i=1}^{n}(x_1 - x)^2 f_i}{\sum_{i=1}^{n} f_i}}$$

OKG-niň hasaplanyp çykarylmagy seçimleýin görkezijileriň ygtybarlylygyna dogry baha bermäge mümkinçilik berýär.

## §2. Seçimleýin gözegçiligiň ýalňyşlyklary

Mälim bolşy ýaly, jenaýat-hukuk statistikasynda seçimleýin gözegçilikde diňe baş jemligiň birlikleriniň belli bir bölekleri bellige alynýar. Ýöne jenaýat-hukuk statistikasynyň nazaryýetine laýyklykda baş jemligiň bellige alnan şol bölegi öz göwrümi boýunça alnan maglumatlaryň ynama mynasyplygyny (reprezentatiwligini) üpjün etmäge ukyply bolmaly, ýagny şol bölekdäki maglumatlar öwrenilýän hadysanyň bütewilikdäki mazmunyny we kanunalaýyklyklaryny beýan etmek (açyp görkezmek) üçin ýeterlik bolmalydyrlar.

Bellenip geçilişi ýaly, seçimleýin gözegçiligiň bölek bütewiligiň häsiýetlerini açyp görkezmäge ukyplylygyna garamazdan, öwrenilýän hadysa barada toplanan maglumatlarda belli bir derejede säwlikler goýberilýär. Säwlikleriň rugsat berilýän möçberden köp bolmazlygyny üpjün etmek seçimleýin gözegçilik usulynyň iň möhüm wezipeleriniň biri bolup durýar.

Jenaýat-hukuk statistikasynda seçimleýin gözegçilik usuly ulanylanda, baş hem-de seçilip alnan jemlikleriň maglumatlarynyň arasyndaky dürlülik «ynama mynasyplygyň (reprezentatiwligiň) ýalňyşlygy» ýa-da «seçip almagyň ýalňyşlygy» diýlip atlandyrylýar.

Şeýle ýalňyşlyklar aşakdaky ýaly bolup bilýärler:

- tendensioz (ulgamlaýyn) ýalňyşlyklar;
- tötänleýin ýalňyşlyklar.

*Tendensioz ýalňyşlyklar* öwrenijiniň (statistik seljerme geçirijiniň) ol ýa-da beýleki bir görkezijileri nädogry ýa-da bilkastlaýyn seçip almagynyň netijesinde ýüze çykýarlar. *Tötänleýin ýalňyşlyklar*

bolsa zerur maglumatlaryň tötänden seçilip alynmagynyň netijesi bolup durýar.

Şeýle ýagdagda seçimleýin gözegçiligiň ýalňyşlygyny hasaplap çykarmagyň formulasy şu görnüşde bolup bilýär:

$$W = \sqrt{\frac{\sigma^2}{n}},$$

bu ýerde

W – seçimleýin gözegçiligiň ýalňyşlygy;

σ – ortaça kwadrat gyşarma;

n – seçimleýin gözegçiligiň birlikleriniň sany;

$\sigma^2$ – dispersiýa.

Hilleýin we mukdarlaýyn alamatlar üçin seçimleýin gözegçiligiň ýalňyşlygyň formulasyna dispersiýanyň aňlatmasyny goýmak arkaly bolsa, şu aşakdaky formulalary almak bolýar:

$$W = \sqrt{\frac{P(1-P)}{n}}, \quad W = \sqrt{\frac{\sum_{i=1}^{n}(X_i - \overline{X})^2 f_i}{\left(\sum_{i=1}^{n} f_i\right)n}}.$$

Gaýtadan seçimleýin gözegçilik geçirilende, bu formulanyň we seçimleýin gözegçiligiň ýalňyşlygyny hasaplamagyň örän uly ähmiýeti bardyr. Ýöne şeýle ýalňyşlyk hasaplananda, esasy üns berilmeli zat, baş statistik jemlikden alnan birlik (mysal üçin, ýüze çykarylan jenaýat barada hasabat ýazmajy Forma-1) ýene-de baş jemligiň düzümine gaýtarylýar. Şonuň ýaly ýagdaýda şol birligiň (hasabat ýazmajynyň) gaýtadan seçilip alynmagy hem bolup biläýjek zatdyr.

Şol sebäpli-de jenaýat-hukuk statistikasynyň seçimleýin gözegçilik usuly ulanylanda, öwrenmek üçin baş jemligiň birliklerini seçip almagyň gaýtadan däl usuly hem bardyr. Şeýle seçimleýin gözegçilikde baş jemlikden öň seçilip alnan birlik, öň ynama mynasyplygyň ýalňyşlygyny hasaplap çykarmagyň netijesi bolandygyna garamazdan ýene-de baş jemlige goşulmaýar. Şol sebäpli-de her hasabat ýazmajy diňe bir gezek seçilip alnyp bilinýär. Bu ýagdaý bolsa birnäçe gezek seçimleýin gözegçilik geçirilen halatynda artykmaç ýalňyşlyklara ýol bermezlige mümkinçilik döredýär.

Görkezilen sebäplere görä-de hilleýin we mukdarlaýyn alamatlar üçin seçimleýin gözegçiligiň ululygy dürli-dürli formulalar boýunça hasaplanýar. Ol formulalar şu aşakdakylardan ybarat:

$$W = \sqrt{\frac{P(1-P)}{n}}\left(1 - \frac{n}{N}\right), \quad W = \sqrt{\frac{\sigma^2}{n}}\left(1 - \frac{n}{N}\right),$$

bu ýerde n – seçimleýin jemligiň sany, N – baş jemligiň sany.

# VIII BAP. ÖSÜŞIŇ (DINAMIKANYŇ) HATARLARY

## §1. Ösüşiň hatarlary barada düşünje we onuň görnüşleri

Mälim bolşy ýaly, ösüşiň hatary – bu jenaýat-hukuk statistikasynyň usullaryny hem serişdelerini ulanmak arkaly öwrenilýän hukuk ähmiýetli hadysalaryň ýa-da prosessleriň wagtda üýtgeýşini häsiýetlendirýän statistik görkezijilerden ybarat bolan san aňlatmalarynyň hatarydyr (toparydyr).

Belli bolşy ýaly, kazyýetlerde, prokuratura, polisiýa, adwokatura, kepillendiriş (notarial) edaralarynda we beýleki döwlet hukuk (ýuridik) edaralarynda jenaýatçylygyň, iş kesilenligiň, dolandyryş hukuk bozulmalarynyň, raýat-hukuk jedelleriniň, dogluş, nika, aradan çykmak ýaly raýatlyk ýagdaýlarynyň hem-de gaýry hukuk ähmiýetli hakyky ýagdaýlaryň (ýuridik faktlaryň) bellige alnyşy we hasabaty uzak ýyllaryň dowamynda ýöredilýär. Bu hem müňläp statistik görkezijileriň wagtdaky üýtgeşmelerine onlarça ýyllaryň dowamynda ýalňyşsyz gözegçilik etmäge mümkinçilik berýär.

Möçberi boýunça ägirt uly bolan statistik materialyň her gün, her aý we her ýyl toplanylmagy, eger-de ol hemmetaraplaýyn seljerilmeýän bolsa, manysyz bolardy. Adatça, toplanan statistik maglumatlar seljerilýär:

- dikligine (wertikal boýunça) – öwrenilýän hadysanyň (prosessiň) düzüm gurluşy, ýagdaýy, özara baglanyşyklylyklary seljerilýär;
- keseligine (gorizontal boýunça) – öwrenilýän hadysanyň (prosessiň) ösüşi, hereket edişi (tendensiýalary), möwsümleýinligi seljerilýär;
- geçmişe gönükdirip – öwrenilýän hadysa (prosess) dikeltmek (retrospektiwa[1], interpolýasiýa[2]) arkaly seljerilýär;
- geljege gönükdirip - öwrenilýän hadysa (prosess) çaklamak (ekstrapolýasiýa[3], prognoz) arkaly seljerilýär.

---

[1] Lat. Retro-yza + spectare-seretmek. Geçmişiň seljerilmegi.

[2] Lat. Interpolatio-üýtgetmek, bulaşdyrmak, çalyşmak.

[3] *Lat.* Extra-daşyndan, ýokary + polire-ýylmamak, bejermek.



8. Sargyt № 2423.

Hukuk ähmiýetli hadysalaryň uzak möhletleýin ösüşiniň seljerilmegi bolsa olaryň geçmişdäki, häzirki zamandaky ýagdaýyny anyk kesgitlemäge hem-de geljekde olaryň hereketiniň nähili boljakdygyny belli bir derejede anyk çaklamaga şonuň netijesinde-de hukuk goraýjy edaralaryň amala aşyrýan işleriniň netijeliligine dogry baha bermäge we olaryň geljekki iş maksatnamalarynydyr-meýilnamalaryny düzmäge mümkinçilik berýär.

Daşary ýurtly alymlaryň edebiýatlarynda hadysalaryň wagtda üýtgemeginiň tendensiýalary «trend[1]» diýlip atlandyrylýar[2]. Adatça, öwrenilýän hadysanyň trendiniň häsiýeti absolýut görkezijileriň ösüş hatarlaryny ilkinji gezek görlen badyna mese-mälim görünýär. Ýöne hadysanyň üýtgeýşiniň tendensiýalary we kanunalaýyklyklary, otnositel we ortaça ululyklary ulanmak bilen ösüşiň hatarlaryny dürli görnüşde özgertmegiň netijesinde has oňat görünýär.

Ösüşiň hatarlarynyň statistik seljerişiniň talaba laýyk geçirilmegi – öwrenilýän statistik hadysalar barada durmuşa laýyk we dogry netijeleri çykarmagyň esasy şerti bolup durýar. Bellenip geçilişi ýaly, ösüşiň hatarlary ýa-da olaryň başgaça atlandyrylyşy ýaly, wagt hatarlary, belli bir wagt bölegindäki (aý, çärýek, ýyl, bäşýyllyk we ş.m.) takyk statistik ululyklaryň sanlaýyn aňlatmalarynyň hataryny (toparyny) aňladýarlar. Ösüşiň hatarynda iki sany esasy görkeziji bar:

- wagtyň görkezijisi (wagtyň şkalasy[3]);
- hataryň derejesi (hataryň derejesinin şkalasy).

Hataryň derejesi ilkibaşda absolýut görkezijiler görnüşinde bolup, statistik seljeriş işiniň dowamynda olaryň esasynda ençeme

---

[1] Iňl. Trend-ugur. Ykdysadyýetde toplanan maglumatlary gaýtadan işlemegiň (toparlaşdyrmagyň we seljermegiň) netijesinde ) alnan görkezijileriň üýtgeşmeleriniň gönügen ugruny (mysal üçin, bazarda bahalaryň üýtgemeginiň gönügen ugry (pese düşýärmi, galýarmy we ş.m.)) aňladýar. Tejribede trendiň kömegi bilen ykdysady ösüşiň ýa-da pese gaçmagyň tendensiýalaryny kesgitleýärler.

[2] *Щербак И. А.* Экономическая статистика. М., 2006. http://law.edu.ru/book/book. 20.12.2012.

[3] Lat. Ckala-basgançak, dereje. Ýokardan aşak ýa-da aşakdan ýokary tertibinde sanlaryň, belgileriň ýa-da ululyklaryň hatary.

umumylaşdyryjy ululyklar, ýagny otnositel we ortaça ululyklar hasaplanyp çykarylýar.

Ösüşiň hatarlary şekillendirilende, düzgün bolşuna görä, hronologik[1] (wagt bölekleri boýunça bölünýän) tablisalar ýa-da grafikler (diagrammalar, gistogrammalar) görnüşinde beýan edilýär. Ösüşiň hatarlary grafikler görnüşinde beýan edilende wagtyň şkalasy adatça absissanyň[2] okunda, hataryň derejesiniň şkalasy bolsa ordinatalaryň[3] okunda goýulýar.

Ösüşiň hatarlarynda beýan edilýän umumylaşdyryjy görkezijileriň görnüşlerine baglylykda olar şu aşakdakylarda bölünýärler:

- absolýut ululyklaryň ösüşiniň hatarlaryna;
- otnositel ululyklaryň ösüşiniň hatarlaryna;
- ortaça ululyklaryň ösüşiniň hatarlaryna.

Görkezijileriň beýan edilişiniň häsiýetine baglylykda, ösüşiň hatarlary bölünýärler:

- ösüşiň interwallaýyn[4] hatarlaryna;
- ösüşiň momentleýin[5] (pursatlaýyn) hatarlaryna.

Olar hem öz gezeginde, ösüşiň depgininiň (tempiniň[6]) hatarlary, artmaklygyň depgininiň hatarlary, koeffisiýentleriň hatarlary, indeksleriň hatarlary, ortaça inedördüllik (kwadratlyk) gyşarmalaryň hatarlary, dispersiýanyň hatarlary we ş.m. ýaly ençeme görnüşlere bölünýärler.

Ösüşiň pursatlaýyn hatarlary, hukuk ähmiýetli hadysalaryň üýtgeýşiniň wagtyň belli bir pursatlaryndaky derejesini häsiýetlendirýär. Mysal üçin, şol hadysanyň bellige alnan senesinde, aýyň, çärýegiň, ýylyň başynda ýa-da 1-nji ýanwardaky, 30-njy iýundaky, 31-nji dekabrdaky we ş.m. ýagdaý boýunça. Jenaýat-hukuk statistika-

[1] Lat. Chronos – wagt+logos-okuw, akym. Hadysalaryň wagtdaky yzygider ýerleşişi.

[2] Lat. Abscissus – aýrylan, goparylan. Matematikada nokadyň giňişlikdäki ýerleşişini kesgitleýän üç sany koordinatalaryň (ordinata we applikata) biri. Tekizlikde şol koordinata gabat gelýän ululyklar abssissanyň oky diýlip atlandyrylýan göni çyzyga laýyk gelýär.

[3] Lat. Ordinatus – tertipleşdirilen, belli bir tertip boýunça ýerleşdirilen.

[4] Lat. Intervallum – arasy, aralygy, ikara.

[5] Lat. Momentum – gysga wagt, pursat.

[6] Lat. Tempus – wagt.

synda ösüşiň adaty pursatlaýyn hatarlary – bu belli bir senede ýa-da birnäçe ýyl boýunça hasaba alnan, azatlykdan mahrum ediliş ýerlerinde saklanýan azatlykdan mahrum edilenleriň mukdary, tutuş ýurtda (welaýatda, etrapda we ş.m.) kazylaryň, prokurorlaryň, sülçileriň, anyklaýyş geçirýän adamlaryň we ş.m. sany bolup durýar.

Ösüşiň pursatlaýyn hatarlarynyň seneleriniň arasyndaky wagtda hasaba alnan we öwrenilýän görkezijiler bolsa, ösüşiň (dinamikanyň) interwallaýyn hatarlary diýlip atlandyrylýar. Ol görkezijiler hem ýyllyk, çärýeklik, aýlyk bolup bilýärler. Ösüşiň pursatlaýyn hatarlarynyň esasy häsiýetli aýratynlygy, olaryň, öwrenilýän hadysanyň şol pursatdaky ol ýa-da beýleki bir ýagdaýyny açyp görkezmek bilen, biri--biriniň üstüne goşulyp, jemlenip ýa-da ulaldylyp bilinmeýänliginden ybaratdyr. Mysal üçin, Türkmenistanyň kazyýet edaralarynda 2013-nji ýylyň 1-nji ýanwaryndaky ýagdaý boýunça işleýän kazylaryň jemi sanyny 2012-nji ýylyň 1-nji iýulyndaky ýagdaý boýunça işleýän kazylaryň jemi sany bilen goşup bolmaýar. Sebäbi ol görkezijileriň her bir öwrenilýän hadysanyň belli bir senedäki ýagdaýyny görkezýär, şeýle hem şol görkezijileriň ikisinde-de şol bir san (ululyk) beýan edilen bolup bilýär.

Ösüşiň aralyk hatarlary bolsa öwrenilýän hadysanyň görkezijisiniň belli bir wagt aralygy boýunça alnan ululygyny häsiýetlendirýär. Pursatlaýyn hatarda aralyk – bu maglumatlary bellige almagyň seneleriniň arasyndaky wagt bölegi bolup durýar. Aralyk hatarda bolsa maglumatlary bellige almagyň arasyndaky wagt bölegi bolup durýar, ýöne şol wagt bölegi boýunça toplanan maglumatlar toplanýan wagtynda olar umumylaşdyrylýar. Şol sebäpli-de ösüşiň aralyk hatarlaryny beýan edýän görkezijiler, ýagny aý boýunça görkezijiler çärýek boýunça görkezijilere, olar bolsa öz gezeginde ýarym ýyl, ýyl boýunça görkezijilere, ýyllyk görkezijiler bäşýyllyk görkezijilere we ş.m. jemlenip bilinýärler.

Ösüşiň pursatlaýyn hatarlarynda hataryň derejesiniň ululygy interwalyň ölçegine bagly däldir. Mysal üçin, N etrabyň prokuratura işgärleriniň umumy sany her aýyň başynda we her ýylyň başynda şol bir mukdarda bolup bilýär. Ösüşiň aralyk hatarlarynda bolsa hataryň derejesiniň ululygy aralygyň möçberine düýpli bagly bolup durýar.

Mysal üçin, bir ýylyň dowamynda hasaba alnan jenaýatlaryň umumy sany şol ýylyň her bir aýynda hasaba alnan jenaýatlaryň sanyndan takmynan 12 esse köp bolup bilýär. Kähalatlarda, jenaýat-hukuk statistikasynda pursatlaýyn hatar öwrenilýän hadysanyň haýsydyr bir anyk pursatdaky ýagdaýyny hasaba alýar, aralygyň hatar bolsa, maglumatlary toplanmak hem artmak häsiýeti bilen tapawutlanyp, belli bir hadysalaryň hereketini (jenaýatlaryň amala aşyrylmagyny, jenaýatçylyga garşy göreşiň amala aşyrylmagyny, hakyky hukuk ýagdaýlarynyň (ýuridik faktlaryň) takyklanmagyny we ş.m.) bellige alýar diýen nukdaýnazardan ugur alynýar.

Ösüşiň absolýut ululyklarynyň pursatlaýyn hem aralyk hatarlarynyň esasynda ösüşiň otnositel hem ortaça ululyklarynyň hatarlary hasaplanyp çykarylýar. Bu ýagdaý bolsa ösüşiň (dinamikanyň) hatarlarynyň görkezijileriniň seljerijilik ukyplaryny birnäçe esse artdyrmaga mümkinçilik berýär. Ösüşiň hatarlarynyň otnositel ululyklarda (göterimlerde, paýlarda, koeffisiýentlerde, indekslerde) ýa-da ortaça ululyklarda (ortaça arifmetiki ululyklarda, ortaça geometriki ululyklarda, ortaça kwadrat gyşarmalarda, dispersiýada) beýan edilen görkezijileri, käbir ýagdaýlarda umumylaşdyryjy ululyklaryň ösüş hatarlary diýip hem atlandyrylýar.

## §2. Ösüşiň seljerilişiniň görkezijileri

Ösüşiň hatarlary haýsy-da bolsa özgerip durýan derejeleriň näbelli sanyndan düzülip hem bilýär. Ol sanlar bolsa ähli statistik jemlikler ýaly ol ýa-da beýleki bir görkezijilerde aňladylyp bilinýär. Tejribede giňden ýaýran görkezijiler:

- absolýut artmagyň ýa-da pese düşmegiň, ýagny öňki we soňky absolýut jemlenen ululyklaryň arasyndaky tapawudy beýan edýän görkezijiler,
- ösüşiň depginliligini ýa-da pese düşüşiniň, ýagny hataryň derejesiniň üýtgeýşiniň göterimlerdäki görkezijisiniň hemişelik binýatlaýyn görkeziji ýa-da öňki derejäniň üýtgäp durýan görkezijisi bilen deňeşdirmesiniň ululygy,

- artmagyň ortaça ýyllyk depginliliginiň ýa-da pese düşmeginiň, ýagny artmagyň ýa-da pese düşmegiň depginliliginiň ortaça ýyllyk ortaça geometriki ululyklary bolup durýarlar.

Beýan edilen görkezijiler bilen birlikde ösüş hatarda hataryň ortaça derejesi hem hasaplanyp bilinýär. Ol ösüşiň hatarynyň, pursatlaýyn, absolýut, otnositel we ortaça hatarlary ýaly islendik görnüşi üçin ulanylyp bilinýär.

Islendik ortaça ululyklaryň we pursatlaýyn hatarlary üçin hataryň ortaça derejesi, ortaça arifmetiki ululygy hasaplamagyň düzgünlerine laýyklykda, şu aşakdaky ýaly formulanyň (deňlemäniň) kömegi bilen hasaplanyp çykarylýar:

$$Y = \frac{\sum_{i=1}^{n} Y_i}{n},$$

bu ýerde $Y_i$ – ýyllyk dereje, i=1, … n – derejeleriň sany.

Ösüşiň hatarynyň ortaça derejesiniň bolmagy, σ – belgi bilen aňladylýan umumy ortaça ululyklardan aýry-aýry derejeleriň ortaça kwadrat gyşarmasyny, şeýle hem V – belgi bilen aňladylýan, alamatlaryň üýtgeşmeleriniň (wariasiýalarynyň) koeffisiýentini hasaplap çykarmaga mümkinçilik berýär.

Bu görkezijileri ulanmak (seljermek) bilen, esasan hem, statistik deňeşdirme seljerişlerinde, öwrenilýän hadysalaryň dürli alamatlarynyň, ösüşiň hatarlarynyň adaty deňeşdirmelerinde göz-görtele görnüp durmaýan, özboluşly aýratynlyklaryny tapmak bolýar.

## §3. Ösüşiň hatarlarynyň deňleşdirilmegi

Jenaýat-hukuk statistikasynda, ösüşiň hatarlarynyň akgynly üýtgeýän ýa-da düýbünden üýtgemeýän derejelerine örän seýrek gabat gelinýär. Adatça, tejribede ösüşiň derejeleri dürli üýtgeşmelere ýygyýygydan sezewar bolýarlar. Ösüşiň hatarlarynyň şeýle üýtgeşmeleri düýpli hukuk özgertmelerini başyndan geçirýän islendik jemgyýetede mahsusdyr.

Ösüşiň hatarlarynyň derejesiniň ýygy-ýygydan üýtgeýän şertlerinde, ösüşiň esasy üç sany düzüm böleginiň ýüze çykarylmagynyň örän möhüm ähmiýeti bardyr. Ol düzüm bölekleri şulardyr:

- uzakmöhletleýin üýtgeşmeleri beýan edýän esasy ösüş (hereket ediş) ugurlary (tendensiýalary);
- ulgamlaýyn, ýöne gysga möhletleýin üýtgeşmeler;
- köplenç halatda subýektiw ýa-da başga hususy sebäpler zerarly bolup geçýän, ulgamlaýyn däl, tötänleýin üýtgeşmeler (yrgyldylar).

Ösüşiň hatarlarynyň derejelerindäki tötänleýin we wagtlaýyn häsiýetli üýtgeşmeleri beýan edýän görkezijileriň durnukly we kanunalaýyk üýtgeşmeleri aňladýan görkezijilerden saýlap çykarmagyň örän wajyp ähmiýeti bardyr. Çünki şeýle seçimleýin seljeriş geçirilmedik halatynda öwrenilýän hadysalaryň hereket ediş ugry we derejesi barada anyk, dogry netijelere gelmek mümkin däldir. Şol maksat bilenem ösüşiň hatarlarynyň derejeleri olaryň esasy (durnukly) üýtgeşmelerini anyklamaga mümkinçilik berýän dürli matematiki özgertmeler arkaly seljerilýär.

Ösüşiň hatarlarynyň gysylmagyny ulanmagyň jenaýat-hukuk statistikasynda örän möhüm durmuşy ähmiýeti bardyr. Döwletde hereket edýän kanunçylygyň, jenaýatlary bellige almagyň ýörelgeleriniň we tertibiniň üýtgemegi deňeşdirip bolýan görkezijileriň ýeke-täk hataryny hemişelik görkezmäge mümkinçilik bermeýär. Mysal üçin, 1998-nji ýylda ondan öň hereket edýän Türkmenistan SSR-niň Jenaýat kodeksi ýatyrylyp, Türkmenistanyň täze Jenaýat kodeksi güýje girizildi[1]. Şonda-da jenaýatlary agyrlyk derejelerine bölmegiň tertibi düýpgöter üýtgedi. Şeýle ýagdaýlarda jenaýatlaryň agyrlyk derejeleri boýunça öň hereket edýän ösüşiniň hatary öňki tertipde düzülip bilinmeýär, sebäbi öňki we soňky maglumatlary deňeşdirmek mümkinçiligi ýitýär.

Şunuň ýaly ýagdaýda, jenaýatlaryň agyrlyk derejeleri boýunça üýtgeşmeleriniň derejesiniň umumy hereket ediş ugruny (tendesiýasyny) ýüze çykarmak üçin, ösüşiň hatarlarynyň gysylmagyny amala aşyrmaga rugsat berilýär. Mysal üçin, ösüşiniň iki sany hatary bar: *birinjisi* 1998-nji ýyldan öňki TSSR-iň JK-sy boýunça jenaýatlaryň agyrlyk derejeleri boýunça bölünişiniň görkezijileri, *ikinjisi*, 1998-nji

[1] Häzirki hereket edýän Türkmenistanyň Jenaýat kodeksi 2010-njy ýylyň 10-njy maýynda kabul edildi we 2010-njy ýylyň 1-nji iýulyndan kanuny güýjüne girdi.

ýylda kabul edilen Türkmenistanyň JK-syna laýyklykda, jenaýatlaryň agyrlyk derejeleri boýunça bölünişiniň görkezijileri. Biri-biri bilen deňeşdirip bolmaýan ösüşiň bu hatarlarynyň ikisini gysmak üçin, 1997-nji ýylyň görkezijileriniň derejesi, köne hem täze mukdar sanlary üçin 100%-lik binýat hökmünde alynýar. Soňra şol binýatlyk görkezijiniň çepinde TSSR-iň JK-sy boýunça jenaýatlaryň sany, sagynda Türkmenistanyň JK-sy boýunça jenaýatlaryň sany göterim hasabynda berilýär. Şondan soň 1997-nji ýylyň otnositel görkezijisinden 100%-lik binýat hökmünde ugur alyp, şol täze binýatlyk mukdara görä beýleki ýyllaryň otnositel görkezijilerini hasaplamak bolýar. Şeýlelikde-de, şu usuly ulanyp, ösüşiň hatarynyň gysylmagyny gazanyp bolýar, ol gysylan hatar bolsa, doly anyk bolmasa-da belli bir derejede görkezilen ýyllar boýunça jenaýatlaryň agyrlyk derejeleriniň ösüş ugruny (tendensiýasyny) kesgitlemäge mümkinçilik berýär.

Jenaýat-hukuk statistikasynda ösüşiň hatarlarynyň deňleşdirilmeginiň zerurlygy, esasan, jenaýatçylyga garşy göreşiň maksatnamalarydyr-meýilnamalary işlenip düzülende, sülçileriň iş agramy kesgitlenende we ş.m. ýagdaýlarda jenaýatçylygyň we onuň aýry-aýry toparlarynyň hem görnüşleriniň hereket ediş ugry (tendensiýalary) ekstrapolýasiýa (öwrenilýän hadysanyň belli bir bölegini öwrenmek arkaly alnan netijäniň şol hadysanyň beýleki böleklerine-de degişlidigi hakynda netijä gelmek) usuly bilen çaklananda ýüze çykýar.

## §4. Möwsümleýin ösüşi hasaplamagyň usullary

Hereket ediş ugrunyň möwsümleýin yrgyldylary (üýtgeşmeleri), jenaýat-hukuk statistikasy tarapyndan öwrenilýän hukuk ähmiýetli hadysalaryň aglaba köpüsine mahsusdyr. Käbir ýagdaýlarda bolsa möwsümleýin ýüze çykýan şertleriň täsiri bilen öwrenilýän hukuk ähmiýetli hadysalarda (prosesslerde) düýpli üýtgeşmeler hem bolup geçýär, käbir ýagdaýlarda bolsa möwsümleýin üýtgeşmeler sebäpli öňki görkezijiler bilen soňky görkezijileriň arasynda düýpli gapma-garşylyklar hem emele gelýär. Işjeňligiň özbaşdak (awtonom) ulgamlarynda möwsümleýin üýtgeşmeleriň ullakan ähmiýeti ýok bolsa-da, garaşly ulgamlarda şeýle üýtgeşmeler islenilmeýän,

amatsyz ýagdaýlaryň ýüze çykmagyna getirip bilýärler. Bu bellik «jenaýatçylyk-jenaýatçylyga garşy göreş» atly ulgama gönüden-göni degişlidir.

Tejribeden ugur alnyp aýdylanda, adatça, jenaýatçylygyň ösüşiniň derejesiniň möwsümleýin «ýokarlanmagy» köplenç ýaz we güýz pasyllaryna, has takygy mart we oktýabr aýlaryna, jenaýatçylygyň derejesiniň möwsümleýin «pese düşmegi» bolsa, gyş paslyna, adatça dekabr-ýanwar aýlaryna gabat gelýär. Tomus aýlarynda bolsa, adatça jenaýatçylygyň derejesi beýleki aýlara garanyňda pes bolýar. Jenaýatçylygyň ösüşiniň möwsümleýin üýtgeşmelerine jenaýat-hukuk statistikasy tarapyndan öwrenilýän, jenaýatçylykly delillendiriş, hukuk goraýjy edaralaryň işgärleriniň işjeňligi we ş.m. ýaly, beýleki hukuk ähmiýetli hadysalaryň hem möwsümleýin üýtgeşmeleri täsir edýär.

Hukuk ähmiýetli hadysalaryň möwsümleýin üýtgeşmelerini öwrenmegiň esasy zerurlygy bolsa, hukuk dolandyryş ulgamynda işleriň amala aşyrylmagynyň netijeliligini has-da ýokarlandyrmakdan ybaratdyr. Jenaýat-hukuk statistikasynda möwsümleýin üýtgeşmeleriň derejesini hasaplap çykarmagyň birnäçe usullary ulanylýar. Ol usullaryň iň ýönekeýi – öwrenilýän hadysalaryň ortaça derejesini (ortaça arifmetiki ululygyny) bütin ýylyň dowamynda aýlar boýunça hasaplap çykarmak we aýlyk görkezijileri şol ortaça dereje bilen deňeşdirmek bolup durýar. Mysal üçin, tutuş ýurt boýunça bir ýylyň dowamynda 160 sany agyr ýa-da aýratyn agyr jenaýat amala aşyrylypdyr, şol görkezijini aýlaryň sany boýunça 12-ä bölmeli. Alnan 13,3 görkezijini belli bir aýdaky görkeziji bilen deňeşdirmeli. Mysal üçin, şol ýylyň mart aýynda aýratyn agyr jenaýatlaryň 21 sanysy amala aşyrylypdyr, iki san deňeşdirilende galýan tapawut 7,7 bolar.

Göterimlerde aňladylan derejeleriň bu gatnaşygy «möwsümleýinligiň indeksi» diýlip atlandyrylýar hem-de ol şu aşakdaky formula boýunça hasaplanýar:

$$MI = \frac{Y_a}{Y} 100\%,$$

bu ýerde MI – möwsümleýinligiň indeksi, $Y_a$ – hakykat ýüzünde görkezijileriň (ösüş hatarlarynyň görkezijileri) aýlar boýunça derejesi; Y – hataryň ýyl boýunça ortaça derejesi.

# IX BAP. HUKUK HADYSALARYNYŇ ÖZARA BAGLANYŞYGYNY ÖWRENMEGIŇ STATISTIK USULLARY

## §1. Statistik arabaglanyşyklar we sebäplilik barada düşünje

Jemgyýetçilik hadysalary, şol sanda hukuk ähmiýeti bolan jemgyýetçilik hadysalary hem biri-biri bilen özara baglanyşykly bolýarlar we biri-birine yzygiderli täsir edip durýarlar. Olaryň arasyndaky baglanyşyk, sebäplilik, wezipeleýin arabaglanyşyk, ýagdaýlaryň aragatnaşygy we ş.m. görnüşinde durmuşa geçilýär. Jemgyýetçilik hadysalarynyň arasyndaky arabaglanyşykda sebäpliligiň, ýagny subýektiw däl-de obýektiw durmuşy umumy aragatnaşygyň belli bir böleginiň örän uly ähmiýeti bardyr. Bu arabaglanyşyk obýektiw zerur bolup, onuň çäginde, sebäp (faktor) diýlip atlandyrylýan, bir ýa-da birnäçe özara baglanyşykly hadysalar, netije diýip atlandyrylýan we sebäplilik diýlip atlandyrylyp boljak başga bir hadysany döredýärler.

Kriminologiýada we hukukda bolsa sebäplilik diýlende, diňe bir öwrenilýän hadysalara mahsus bolan umumy häsiýetli alamatlaryň jemi göz öňünde tutulmaýar-da, eýsem, şol hadysalaryň her birinde aýratynlykda bolup geçýän düýpli üýtgeşmeler hem göz öňünde tutulyp bilinýär. Jenaýatçylykly sebäpler (kriminogen faktorlar) bilen jenaýatyň amala aşyrylmagynyň arasyndaky sebäpli arabaglanyşyk, wagt nukdaýnazaryndan, jemgyýetçilik howply hereket (hereketsizlik) bilen jenaýatçylykly netijeleriň ýüze çykmagynyň arasyndaky sebäpli arabaglanyşykdan öň döreýär. Mysal üçin, Jenaýatlaryň belli bir görnüşleriniň ýüze çykmagyna jenaýatçylaryň ýaşaýan ýeri, durmuşy maddy-hal ýagdaýy, işsizligi, neşe serişdelerini yzygiderli ulanmagy ýaly şertler aýry-aýrylykda ýa-da bütewilikde sebäp bolup biler. Anyk bir jenaýatyň amala aşyrylmagynyň sebäbi hökmünde bolsa, şol jenaýaty amala aşyran şahsyň maddy hal-ýagdaýynyň pesligi zerarly onuň özüniň maddy üpjünçiligini jenaýatçylykly ýol bilen ýokarlandyrmagy maksat edinmegi hem betnebislik meýilleri çykyş edip biler. Şeýlelikde, jenaýatçylykly sebäpler jenaýatyň düzüminiň alamatlarynyň biri bolan sebäpli arabaglanyşykdan öň döreýär.

Sebäpli arabaglanyşygyň soňky agzalanyna esasan, ösüşleýin kanunalaýyklyklar we wezipeleýin (funksional) arabaglanyşyklyklar mahsusdyr. Jenaýatçylykly sebäpler (kriminogen faktorlar) bilen jenaýatçylykly özüňi alyp barmagyň arasyndaky sebäpli arabaglanyşyklar bolsa, esasan statistik kanunalaýyklyklara we özara baglanyşykly (korrelýasion) gatnaşyklara görä hereket edýär.

Islendik kanunalaýyk arabaglanyşyk, hadysalarda gaýtalanmaklygyň, yzygiderliligiň we tertibiň barlygyndan ugur alýar. Ýöne, öwrenilýän arabaglanyşyklaryň her biri baglanyşýan hadysalaryň häsiýetli aýratynlyklaryna baglylykda dürli-dürli görnüşlerde ýüze çykýarlar. Mysal üçin, ýeke-täk ýagdaýda – ol baglanyşyk wezipeleýin arabaglanyşyk bolsa, hadysalaryň köplüginde ol arabaglanyşykly (korrelýasion) gatnaşyk bolup durýar. Mysal üçin, adamyň saglygyna bilkastdan agyr şikes ýetirmek bilen bagly jenaýatda pyçak urgusy bilen ten şikesiniň arasynda gönüden-göni wezipeleýin arabaglanyşyk bar (elbetde, eger-de, pyçak urgusy bilen ýetirilen ten şikesi ýara hapa düşmegi ýa-da degişli lukmançylyk kömeginiň berilmezligi we ş.m. sebäpli azmadyk bolsa). Hadysalaryň biri-birine wezipeleýin garaşlylygy, hadysanyň wezipesi (funksiýasy) bolan alamatlaryň haýsydyr biriniň üýtgemeginiň alamatlaryň beýleki bir görnüşleriniň hem üýtgemegine getirýänligi bilen häsiýetlendirilýär. Bu özara baglanyşyk islendik jemiň ähli birliklerinde-de ýüze çykýar.

Alamat-kesgitleýi sebäp bilen alamat-netijäniň arasyndaky sebäpli arabaglanyşyk bolsa dürli-dürlülik bilen häsiýetlendirilýär. Çünki tejribede ol ýa-da beýleki alamat-netije alamat-kesgitleýji sebäpleriň toplumynyň täsiriniň astynda üýtgeýär, alamat-kesgitleýji sebäbiň her bir görnüşine (manysyna) bolsa (beýleki alamat-kesgitleýji sebäpleriň täsiri bilen alamat-netijäniň birnäçe aňlatmasy gabat gelýär. Şol sebäpli-de, tejribede sebäp (sebäpleriň jemi) bilen netijäniň (jenaýatyň ýa-da jenaýatçylygyň) arasyndaky baglanyşyk köp manyly hem-de bolmagy mümkin bolan çaklamalaýyn häsiýete eýe bolýar.

Şunuň ýaly ýagdaýda, köpmanylylyk diýen düşünje, diňe, her bir hukuk bozmanyň (we hukuk bozujylygyň tutuşlygyna) köp sanly sebäpleriň hereketiniň netijesidigini aňlatman, eýsem, her bir sebäbiň özbaşyna sebäpleriň ol ýa-da beýleki topary bilen arabaglanyşyp, bir

däl-de birnäçe netijeleriň ýüze çykmagyna, şol sanda hukuga garşy we hukuga laýyk özüňi alyp barmagyň birnäçe görnüşleriniň hem döremegine getirýändiginden ybaratdyr.

Kriminologiýada we hukugyň sosiologiýasynda sebäpli arabaglanyşygyň köpmanylygynyň çaklamalaýyn tarapynyň mazmuny, hatda şol bir sebäbiň düzüm gurluşynda-da, haýsydyr bir şertiň üýtgemegi tutuş netijäniň düýpgöter özgermegine, ýagny düýbünden başga netijä öwrülmegine getirýänliginden ybaratdyr. Sebäbiň netijäniň nähili bolmalydygyny kesgitleýän sebäpli arabaglanyşygyň görnüşide ýeke manyly däldir, ol görnüş diňe belli bir derejede mümkin bolup, arabaglanyşykly (korrelýasion) baglanyşyk diýlip atlandyrylýar. Sebäpli arabaglanyşygyň şeýle görnüşi statistic kanunalaýyklygy beýan edýär we hemişe üýtgäp durýan daşky şertlere garaşly bolan, özbaşdak däl ulgamlarda düzüm bölekleriň (kesgitleýji sebäpleriň, faktorlaryň) örän köp möçberi bilen hereket edýär.

Jenaýatçylygyň kesgitleýji sebäpleri (kriminogen faktorlar) bilen jenaýatçylygyň arasynda gönüden-göni arabaglanyşykly (korrelýasion) garaşlylyk bardyr we ol garaşlylyk (baglanyşyk) jenaýat-hukuk statistikasynda, adatça, «+» (plýus) belgisi bilen aňladylýandyr. Mysal üçin, jemgyýetde spirtli içgileriň yzygiderli ulanylmagynyň derejesi näçe ýokary bolsa, jenaýatçylygyň derejesi, has hem spirtli içgileriň (serhoşlugyň) täsiri bilen amala aşyrylýan jenaýatçylygyň derejesi hem şonça-da ýokary bolýar. Jenaýatçylyga garşy kesgitleýji sebäpler (antikriminogen faktorlar) bilen jenaýatçylygyň arasynda bolsa tersligine arabaglanyşykly (korrelýasion) garaşlylyk hereket edýär we ol garaşlylyk (baglanyşyk), adatça, «-» (minus) belgisi bilen aňladylýar. Mysal üçin, jemgyýetde jemgyýetçilik gözegçiliginiň derejesi näçe ýokary bolsa, jenaýatçylygyň derejesi hem şonça-da pes bolýar.

Gönüden-göni we tersligine arabaglanyşyklar göni çyzykly we gyşykçyzykly bolup bilýär. Göni çyzykly baglanyşyklyklar, haçanda alamat-kesgitleýji sebäbiň ähmiýetiniň ulalmagy bilen alamat-netijäniň ululygynyň artmagy ýa-da azalmagy bolup geçende ýüze çykýarlar. Matematik usulda şeýle arabaglanyşyk gönüligiň derejesi bilen: $y = a + bx$ deňleme görnüşinde aňladylýar. Bu ýerde y – alamat-netijäni, a we b – arabaglanyşyklylygyň degişli koeffisiýentlerini, x – bolsa alamat-kesgitleýji sebäbi (faktory) aňladýar.

Gyşyk çyzykly arabaglanyşyklyklaryň bolsa başga häsiýetleri bardyr. Şunuň ýaly arabaglanyşyklyklarda, kesgitleýji sebäbiň alamatynyň ululygynyň artmagy netijeleýin alamatyň ululygyna deňagramly bolmadyk täsirini ýetirýär. Ilkibada bu arabaglanyşyk gönüden-göni bolup, soňra tersligine hereket edýän arabaglanyşyga öwrülip bilýär. Gyşyk çyzykly arabaglanyşygyň mysaly hökmünde jenaýatlaryň derejesiniň hukuk bozujylaryň ýaşy bilen baglanyşygyny getirmek bolar. Ilkibada, şahslaryň jenaýatçylykly işjeňligi hukuk bozujylaryň ýaşynyň ulalmagyna deňagramlylykda (proporsionallykda) artýar (takmynan 30 ýaşa çenli), soňra bolsa, ýaşlarynyň ulalmagy bilen olaryň jenaýatçylykly işjeňligi pese düşüp ugraýar.

Jenaýat-hukuk statistikasynda, adatça, hadysalaryň birleriniň beýlekileri bilen korrelýasion arabaglanyşyklyklary, maglumatlary statistik taýdan işlemegiň ilkinji tapgyrlarynda-da göz-görtele ýüze çykýarlar. Statistik görkezijileri jemlemek we toparlaşdyrmak, otnositel we ortaça ululyklary hasaplamak, üýtgäp durýan (wariasion), ösüşleýin, deňugurly (parallel) hatarlary düzmek öwrenilýän hadysalaryň arasyndaky baglanyşygy ýüze çykarmaga, hatda şol arabaglanyşygyň häsiýetli aýratynlyklaryny (ol gönüden-göni arabaglanyşykmy ýa-da tersligine arabaglanyşykmy) kesgitlemägede mümkinçilik berýärler.

## §2. Hilleýin alamatlaryň arasyndaky baglanyşyklyklary ölçemek

Jenaýat-hukuk statistikasynda hilleýin (atributiw[1]) alamatlaryň arasyndaky baglanyşyklyklary ölçemek üçin K. Pirsonyň assosiýasiýanyň[2] koeffisiýenti we A.A. Çuprowyň[3] baglanyşyklylygyň koeffisiýenti giňden ulanylýar.

1. K. Pirsonyň assosiýasiýasynyň koeffisiýenti ($K_{Pir}$) hasaplamakda ulanylýar we ol ululyklaryň birikdirilmeginiň belli bir derejede ýönekeý görkezijisi bolup durýar. Ol iki topar boýunça bölü-

---

[1] Lat. Attributio – ýazmaklyk, degişli etmek.

[2] Lat. Associatio – birleşmek, birleşdirmek.

[3] *Aleksandr Aleksandrowiç Çuprow*, 1874-1926-njy ýyllarda ýaşan rus nazaryýetçi statistik alymy.

nen, iki sany hilleýin alamatlaryň üýtgeşmelerinde (wariasiýasynda) ulanylýar. Ony hasaplamak «dört meýdanyň tablisasy» diýlip atlandyrylýan tablisanyň esasynda amala aşyrylýar. Dört meýdanyň tablisasynyň mysaly nusgasy şu aşakdaky ýaly bolup bilýär:

*7-nji tablisa*

**Dört meýdanyň tablisasy**

| **Alamatlary** / **Toparlary** | **1** | **2** | **Mukdary** |
|---|---|---|---|
| 1 | a | b | a+b |
| 2 | c | d | c+d |
| Mukdary | a+c | b+d | -- |

Tablisanyň mysaly nusgasyndan görnüşi ýaly, bu ýerde meýdan hökmünde *a, b, c, d* öýjükleri çykyş edýärler. Bu ýerde assosiýasiýanyň koeffisiýenti *a* we *b*, *c* hem *d* setirlerini, şonuň ýaly-da *a* we *c*, *b* hem *d* grafalaryny goşmak arkaly hasaplanyp çykarylýar. $K_{Pir}$-i (K. Pirsonyň assosiýasiýasynyň koeffisiýentini) hasaplamagyň formulasy şu aşakdaky görnüşdedir:

$$K_{Pir} = \frac{ad - bc}{\sqrt{(a+b)(c+d)(a+c)(b+d)}}.$$

Birleşdirilen (assosirlenen) görkezijiler edil absolýut ululyklar bolup bilişleri ýaly, otnositel ululyklar hem bolup bilýärler.

Birleşme koeffisiýenti -1-den +1-e çenli ölçelýärler we koeffisiýent 1-e näçe ýakyn bolsa, alamatlaryň arasyndaky oňyn ýa-da oňyn däl baglanyşyk şonça-da gysby bolýar diýlip düşünilýär. Mysal üçin, eger-de $K_{Pir}$ 0,3 derejede bolsa, onda bu ýagdaý alamatlaryň arasynda düýpli baglanyşygyň bardygyny aňladýar.

2. A. Çuprow tarapyndan işlenip düzülen özara baglanyşyklylygyň koeffisiýenti, adatça $K_{Ç}$ belgisi bilen aňladylýar we $K_{Pir}$-den tapawutlylykda, ol üç ýa-da ondan-da köp toparlar boýunça paýlanan

iki sany atributiw alamatlaryň gatnaşygynyň arasyndaky baglanyşygy hasaplamak üçin ulanylýar. Özara baglanyşyklylygyň koeffisiýentini hasaplamagyň formulasy şu aşakdaky ýalydyr:

$$K_{ç} = \sqrt{\frac{\varphi^2}{\sqrt{(m_1 - 1)(m_2 - 1)}}},$$

bu ýerde $K_Ç$ – A Çuprowyň özara baglanyşyklylygy koeffisiýenti, $\varphi^2$ – özara baglanyşyklylygyň görkezijisi, $\varphi^2$ (fi-kwadrat), $m_1$ we $m_2$ – her alamat boýunça toparlaryň sany.

Toparlaryň sany hemişe-de belli bolýandygy sebäpli, KÇ-ni tapmak üçin ilki bilen $\varphi^2$ belginiň sanynyň näçedigini kesgitlemek zerur bolup durýar. A. Çuprowyň koeffisiýenti birleşmegiň (assosiýasiýasynyň) koeffisiýentinden tapawutlylykda 0-dan 1 aralykda üýtgäp durýar. Eger-de ýokarda beýan edilen formulanyň mazmunyndan ugur alsaň, onda onuň aňlatmasy aglaba köp ýagdaýlarda oňyn däl (otrisatel) bolýar. Ýöne koeffisiýentleriň bu görnüşine düşünilmeginiň görnüşi welin birmeňzeşdir. Jenaýat-hukuk statistikasynda, adatça, eger-de $K_Ç$=0,3 bolan halatynda alamatlaryň arasyndaky baglanyşyk düýpli diýlip hasap edilýär. Bellenip geçilişi ýaly, $K_Ç$-niň aňlatmasy birlik sana näçe ýakyn bolsa, alamatlaryň arasyndaky baglanyşyk hem şonça-da jebis bolýar. Durnukly aňlatma hökmünde, jenaýat-hukuk statistikasynda $K_Ç$=0,16 ölçeg jenaýatlaryň görnüşleriniň we olaryň üstüniň açylyşynyň arasynda belli bir derejede mese-mälim arabaglanyşygyň bardygyna şaýatlyk edýär.

Jenaýat-hukuk statistikasynyň öwrenýän hadysalarynyň diňe bir mukdarlaýyn alamatlarynyň däl-de, eýsem hilleýin alamatlarynyň arasyndaky baglanyşyklyklary ýüze çykarmakda ugurdaş (parallel) we statistik hatarlaryň ähmiýeti hem uludyr. Bir tarapdan olar alamatlaryň arasyndaky arabaglanyşykly (korrelýasion) garaşlylygy ýüze çykarmagyň belli bir derejede özbaşdak we möhüm usuly bolup durýarlar, beýleki bir tarapdan bolsa, bir sebäpli (bir faktorly), köp sebäpli (köp faktorly) we beýleki korrelýasiýalary hasaplamak hem şolary deňeşdirmekden başlanýar.

Şu nukdaýnazardan ugurdaş hatarlar, özara sebäpleýin ýa-da başga hili usullaýyn baglanyşykly bolan, iki ýa-da ondan köp üýtgäp durýan (wariasion) ýa-da ösüşleýin statistik görkezijileri deňeşdirmekden ybaratdyrlar. Olar diňe, haýsydyr bir hadysanyň paýlamagyň ýa-da ösüşiň hatarlarynda üýtgeýşini görmäge mümkinçilik bermän, eýsem, iki ýa-da ondan-da köp hadysalaryň özara baglanyşykly üýtgeýşini hem anyklamaga mümkinçilik berýärler.

Şonuň bilen birlikde-de, jenaýat-hukuk statistikasynda, ugurdaş hatarlar, jenaýatçylygyň we jenaýatlaryň üstüniň açylyşynyň, jenaýatlaryň we jenaýaty amala aşyran şahslaryň anyklanmagynyň, jenaýatçylygyň we iş kesilenligiň, iş kesilenleriň we azatlykdan mahrum edilenleriň sanynyň ösüşiniň hatarlaryny deňeşdirmekde netijeli ulanylyp bilinýär. Ugurdaş hatarlaryň görkezijileri jenaýatçylyga garşy göreşiň netijeliligini, kazyýet tejribesiniň jenaýatçylygyň hereket ediş ugruna (tendensiýalaryna) laýyk gelşiniň derejesini, jenaýatçylyga garşy göreş çäresi hökmünde azatlykdan mahrum etmek görnüşindäki jeza çäresiniň netijeliligini we ş.m. aýdyň beýan edip bilýärler.

Mälim bolşy ýaly, jenaýatçylygyň derejesi bilen ýüze çykarylan hukuk bozujylaryň (jenaýaty eden adamlaryň) sanynyň arasynda ýagdaýlaryň arabaglanyşygy bar. Çünki, jenaýatçylygyň hem, ýüze çykarylan hukuk bozujylaryň hem şol bir sebäpleri bar, ýagny anyklanan jenaýaty amala aşyran adamlar bellige alnan jenaýatçylygyň mukdarynyň belli bir bölegi bolup durýarlar. Ýöne, jenaýaty amala aşyran adamlaryň sanynyň ösüşine, ýene-de döwletde alnyp barylýan jenaýat-hukuk syýasaty, günäsizlik çaklamasynyň[1] (prezumpsiýasynyň) berjaý edilişiniň derejesi, hukuk goraýjy edaralaryň işjeňliginiň derejesi we ş.m. ýaly ýagdaýlar hem düýpli täsir edýär.

[1] Türkmenistanyň Jenaýat kodeksi. Aşgabat, 2010, 3-nji maddanyň 3-nji bölegi. «Kazyýetiň hökümi boýunça we kanuna laýyklykda günäkär diýlip hasaplanylmasa we jenaýat jezasy berilmedik bolsa, hiç kim jenaýat etmekde günäkär diýlip hasap edilip bilinmez, oňa jenaýat jezasy berlip bilinmez”.

## §3. Jübüt çyzyklaýyn arabaglanyşyk (liniýalaýyn korrelýasiýa)

Jübüt çyzyklaýyn ýa-da başgaça aýdylanda, bir kesgitleýji sebäpli (bir faktorly) arabaglanyşyk (liniýalaýyn korrelýasiýa) – bu ýeke-täk alamat-netije bilen ýeke-täk alamat-kesgitleýji sebäbiň (faktoryň) arasyndaky gönüden-göni ýa-da tersligine baglanyşykdyr. Ol, statistik seljerişiň beýleki usullaryndan tapawutlylykda, ýüze çykarylan arabaglanyşygy belli bir derejede birmeňzeş, deň (adekwat[1]) ölçemäge mümkinçilik berýär. Arabaglanyşykly seljerişiň gymmatlygyny hemmelere mälim bolan: «ylym ölçemekden başlanýar» diýen umumy ykrar edilen garaýyş (postulat[2]) bilen tassyklamak bolar.

Düzgün bolşuna görä, arabaglanyşygyň ölçegi, onuň bardygy we häsiýetli aýratynlyklary (ol gönümi ýa-da tersligine) anyklanandan soňra, statistik seljerişiň maglumatlary jemlemek we toparlaşdyrmak, otnositel we ortaça ululyklary hasaplamak, üýtgäp durýan (wariasion), ösüşleýin, deňugurly hatarlary düzmek ýaly görnüşlerini amala aşyrmagyň dowamynda geçirilýär.

Mysal üçin, özara baglanyşykly bolan, $x_i$ aňlatmaly (alamatlar-kesgitleýji sebäpler (faktorlar)) we $y_i$ aňlatmaly (alamatlar-netijeler) barada iki sany maglumatlar hatary bar diýeliň. Şunuň ýaly ýagdaýda, şol hatarlaryň jübütleýin arabaglanyşygynyň koeffisiýentini hasaplamak zerur bolup durýar.

Şunuň ýaly ýagdaýda, jübütleýin arabaglanyşygyň koeffisiýentini hasaplamagyň tertibi şeýle bolar:

1. $x_i$ we $y_i$ aňlatmalaryň arasyndaky nazary garaşlylygyň görnüşi saýlanyp alynýar, şol görnüş hem $x_i$ we $y_i$ aňlatmalaryň arasyndaky baglanyşygy ýalňyşlygyň mümkin boldugyndan (minimal) pes derejesi bilen şekillendirer. Olaryň arasyndaky garaşlylygyň iň ýönekeý görnüşi çyzyklaýyn arabaglanyşyk bolup durýar we şol korrelýasiýanyň formulasynyň şu görnüşi bar: $\tilde{y}_i=a+bx_i$,. Bu ýerde: $\tilde{y}_i$ – alamat-netijäniň deňleşdirilen nazaryýet hatarynyň aňlatmasyny, *a* we *b* – hemişelik koeffisiýentleri aňladýarlar.

---

[1] Lat. Adaequatus – deňleşdirilen, deň, barabar, birmeňzeş.

[2] Lat. Postulatum– talap.



9. Sargyt № 2423.

2. Soňra formulasy şu aşakdaky görnüşde bolan funksiýanyň minimumyny tapmagyň iň kiçi kwadratlaryň usulyny ulanmak bilen,

$$E = \sum_{i=1}^{n}(y_i - \tilde{y}_i)^2 = \sum_{i=1}^{n}(y_i - (a + bx_i))^2,$$

*a* we *b* boýunça *E* funksiýanyň hususy gelip çykmalaryny deňlemek arkaly, *a* we *b* näbelli koeffisiýentleri anyklamaly. Munuň şu aşakdaky formula ulanylýar:

$$a = \frac{\sum_{i=1}^{n} x_i^2 \sum_{i=1}^{n} y_i - \sum_{i=1}^{n} x_i - \sum_{i=1}^{n} x_i y_i}{n\sum_{i=1}^{n} x_i^2 - \left[\sum_{i=1}^{n} x_i\right]^2}, \qquad b = \frac{n\sum_{i=1}^{n} x_i y_i - \sum_{i=1}^{n} x_i \sum_{i=1}^{n} x_i}{n\sum_{i=1}^{n} x_i^2 - \left[\sum_{i=1}^{n} x_i\right]^2}.$$

3. Soňra alnan *a* we *b* aňlatmalary ilkibaşky deňlemede goýulýar. Şondan soň alamatlaryň arasyndaky nazary garaşlylygyň ölçegi anyk ýüze çykýar.

4. Ondan soň arabaglanyşygyň koeffisiýentiniň gönüden-göni hasaplamasy şu formula boýunça amala aşyrylýar:

$$R = \frac{\sum_{i=1}^{n}(x_1 - \overline{x})(\tilde{y}_i - \overline{y})}{\sqrt{\sum_{i=1}^{n}(x_1 - \overline{x}_i)^2(\tilde{y}_i - \overline{y}_i)^2}} = \frac{\sum_{i=1}^{n} d_x d_y}{\sqrt{\sum_{i=1}^{n}(d_x)^2 \sum_{i=1}^{n}(d_y)^2}},$$

bu ýerde $d_x$ – alamat-kesgitleýji sebäbiň ortaça görkezijisinden gyşarmasy, $d_y$ – alamat-netijäniň ortaça görkezijisinden gyşarmasy.

Arabaglanyşygyň koeffisiýentiniň mümkin bolan aňlatmalary -1 bilen +1-iň aralygynda ýerleşýär. -1 (minus bir) aňlatma deň bolan korrelýasiýanyň koeffisiýentine doly tersligine (otrisatel) arabaglanyşyk deň gelýär, eger-de korrelýasiýanyň koeffisiýenti 0 bolsa, onda alamatlaryň arasynda hiç hili arabaglanyşygyň ýoklugyny aňladýar, eger-de koeffisiýent +1 (plýus bir) bolsa, onda alamatlaryň arasynda gönüden-göni arabaglanyşyk bolýar, eger-de alnan görkeziji drobly aňlatma bolsa, onda alamatlaryň arasynda gönüden-göni ýa-da tersligine arabaglanyşygyň degişli derejesi bolýar.

# X BAP. TOPLUMLAÝYN STATISTIK SELJERIŞ WE ONUŇ JENAÝAT-HUKUK STATISTIKASYNDA ULANYLYŞY

## §1. Statistik seljeriş barada düşünje

Mälim bolşy ýaly, alnan statistik maglumatlar toparlara bölünenden, jemlenenden hem-de tablisalar (grafikler) düzülenden soňra statistik seljerişiň, indiki üçünji tapgyryny – statistik seljermäni we umumylaşdyrmagy amala aşyrmaklyga girişmek bolýar. Bu statistik seljermäniň ahyrky we iň jogapkärçilikli tapgyrydyr. Toplanan we toparlara bölünen statistik materialdan seljermäniň netijesinde öwrenilýän jenaýat-hukuk hadysasynyň köp taraplaýyn häsiýetnamasyny alyp bolar.

Jenaýatçylygyň tebigatynyň, durmuşy mazmunynyň hemmetaraplaýyn we ýokary hilli seljerişi ony statistik taýdan öwrenmegiň binýatlaýyn esasy bolup durýar.

Jenaýat-hukuk statistikasynda toplanan, toparlaşdyrylan we jemlenen (birleşdirilen) maglumatlary seljerip başlamazyndan öň, ilki bilen şol maglumatlaryň dogrulygyny üpjün edýän şertleriň berjaý edilendigini barlamak zerurdyr. Şeýle şertlere degişli:

- statistik maglumatlaryň hakykylygy;
- öwrenilýän statistik jemligiň jenaýatçylyk bilen bagly hadysalaryň ählisini öz içine alýanlygy;
- görkezijileri deňeşdirmek mümkinçiliginiň barlygy (bellige alýş birlikleri, çäk, dürli wagt aralyklary, hasaplaýyş usullary we ş.m. boýunça).

Statistik maglumatlaryň dolulygy we dogrulygy anyklanandan soňra, olara dogry düşünmek we düşündirmek möhümdir (şu hem statistik seljeriş bolup durýar).

Statistik seljeriş diýlende, statistik gözegçiligiň, toparlaşdyrmagyň hem jemlemegiň netijesinde alnan maglumatlary öwrenmek, özara we beýleki maglumatlar bilen deňeşdirmek hem-de olary umumylaşdyrmak prosesine düşünilýär. Statistikanyň şu tapgyrynda-da umumylaşdyrylan – otnositel we ortaça görkezijiler ulanylýar. Tebigy ylymlarda adatça, seljeriş diýlende, öwrenmek üçin bir bütewiligiň aýry-aýry düzüm böleklerine bölünmegine düşünilýär.

Statistik seljeriş bolsa öz many-mazmuny boýunça sintezi, ýagny belli bir närsäniň aýry-aýry böleklerini birleşdirmegi hem özünde jemleýär. Statistik seljerişiň netijesinde öwrenilýän hadysa barada bütewilikde we onuň düzüm bölekleriniň özara baglanyşygy barada düşünje alynýar. Şoňa görä-de statistik seljerişiň esasy maksady öwrenilýän köpçülikleýin hadysalaryň we yzygiderlikli hereketleriň jemleriniň arabaglanyşyklaryny hem kanunalaýyklyklaryny anyklamakdan we ölçermekden ybarat bolup durýar.

Jenaýat-hukuk statistikasynyň (şol sanda umumy statistikanyň) hem esasy wezipelerinden ugur almak bilen, statistik seljerişiň esasy dört sany wezipesiniň bardygyny bellemek bolar. Olar şu aşakdakylardan ybarat:

- öwrenilýän hadysanyň kanunalaýyklyklaryny beýan etmek;
- olary anyklamak hem-de özara beýleki hadysalar (kanunalaýyklyklar, maglumatlar we ş.m.) bilen deňeşdirmek;
- olaryň geljekki hereketi barada çaklamalary taýýarlamak;
- olar barada netije çykarmak.

Statistik seljerişiň netijesinde öwrenilýän hadysanyň mukdar häsiýetnamasyny alyp, onuň dürli ölçeglerini anyklap, möçberleýin alamatlaryny ýüze çykaryp bolýar. Başgaça aýdylanda, öwrenilýän hadysanyň sanlardaky suratyny çekip bolýar, «Bu näme? Onuň häzirki ýagdaýy nähili?» diýen sowallara jogap tapylýar. Şu hereketleri amala aşyrmak hem statistik seljerişiň birinji – şekillendiriş-beýan ediş wezipesine degişli.

Statistik seljerişiň kömegi bilen öwrenilýän hadysanyň dürli düzüm bölekleriniň arabaglanyşygyny, onuň beýleki köpçülikleýin hadysalar bilen baglanyşygyny, onuň kanunalaýyklyklaryny, onuň ol ýa-da beýleki ugur boýunça hereket etmegine täsir edýän kesgitleýji sebäpleri we şertleri ýüze çykarmak hem-de olary özaralarynda deňeşdirmek bolýar. Bu hereketleri amala aşyrmak statistikanyň bu tapgyrynyň ikinji – düşündiriş wezipesine girýär. Bu wezipe statistik seljerişiň özenini düzýär, has takyk aýdylanda, ol statistik seljerişiň hut özüni emele getirýär.

Statistik seljeriş geçmişe gönükdirilýär, ol öň bolup geçen hadysalary häsiýetlendirýär. Ýöne öwrenilýän hadysanyň özenine doly göz ýetirmek üçin diňe bir onuň geçmişdäki we häzirki wagtdaky

ýagdaýyna düşünmek ýeterlik däldir. Munuň üçin onuň geljekdäki ýagdaýy, onuň perspektiwasy we tendensiýasy barada azda-kän-de düşünjäniň bolmagy zerurdyr. Edebi dilde aýdylanda, statistika diňe bir geçmişi we şu güni görkezýän aýna däl-de, eýsem, geljegi ýagtyldýan çyra hem bolup biler. Şeýlelikde, statistik seljerişiň üçünji – çaklama wezipesi hem bardyr. Onuň bu wezipesiniň mazmuny öwrenilýän durmuşy (sosial) hadysalaryň hereket etjek ugurlaryny (ösüş mümkinçiliklerini, tendensiýalaryny) we geljekdäki ýagdaýyny kesgitlemekden, statistik bermekden ybaratdyr. Bu diňe uly döwür (azyndan 5-10 ýyl aralygy) boýunça alnan maglumatlaryň esasynda ýokary derejede kämil geçirilen statistik seljerişiň netijesinde hakykata ýakyn we esasly bolup biler. Sebäbi jenaýatçylyk ýaly çylşyrymly durmuşy hadysada tendensiýalar bir-iki ýyldan ybarat bolan gysga wagtyň içinde üýtgäp ýa-da düýbünden ýüze çykman biler. Statistik çaklamagyň jenaýatçylyga garşy göreşi geljekde meýilnamalaşdyrmakda örän wajyp ähmiýete eýedir.

Statistik seljerişiň kömegi bilen ýene-de jenaýatçylygyň möçberleýin häsiýetnamasynda jemgyýetiň kadaly ösüşi üçin howp döredýän «howsalaly» ýagdaýlary ýüze çykarmak, hukuk goraýjy edaralaryň işiniň netijeli taraplaryny we bärden gaýtmalaryny (jenaýatlaryň üstüniň açylyşynyň derejesiniň pesligini, anyklaýşyň hem deslapky derňewiň möhletiniň bozulmalaryny we ş.m.) anyklamak bolýar. Görkezilen maglumatlaryň esasynda bolsa bärden gaýtmalary aradan aýyrmak we oňyn tejribäni ýaýratmak babatda netijeli çäreler işläp düzmek bolýar. Şu hereketleri amala aşyrmak hem statistik seljerişiň dördünji – guramaçylyk-dolandyryş wezipesine girýär.

Şu ýerde ýene-de bir bellemeli zat, jenaýatçylygyň statistik taýdan öwrenilmegi diňe jenaýat-hukuk statistikasynyň maglumatlaryna esaslanman, eýsem onuň özenine çuňňur göz ýetirilmegi üçin statistikanyň ykdysady statistika, demografik statistika, medeniýet statistikasy ýaly pudaklarynyň hem maglumatlaryny nazara almak zerurdyr.

## §2. Jenaýatçylygyň statistik seljerilişi

Mälim bolşy ýaly, dürli ylymlarda jenaýat diýen düşünjä dürli-dürli garalýar. Hukuk ylmy jenaýat diýlende, döwletiň jenaýat kanunçylygy tarapyndan goralýan obýektlere zyýan ýetirýän ýa-da

zyýan ýetirmäge howp döredýän, edilen (hereket ýa-da hereketsizlik) jemgyýetçilik howply günäli etmişe[1] düşünýär. Sosiologiýanyň nukdaýnazaryndan bolsa, jenaýat diýlende, örän çylşyrymly düzüm gurluşy bolan, belli bir wagtda we giňişlikde amala aşýan hem-de ykdysady-jemgyýetçilik gurluşlarynyň ählisinde bolan ýaramaz jemgyýetçilik hadysasyna düşünilýär. Hut şu nukdaýnazardan hem jenaýatçylyk statistik seljerişiň obýekti hökmünde çykyş edýär.

Jenaýatçylygyň statistik seljerişiň mazmuny, jenaýatçylygyň şol wagtdaky hakykat ýüzünde bar bolan ýagdaýyny kesgitlemekden ybarat bolup durýar. Bu mesele örän çylşyrymly hem-de köptaraplydyr. *Bir tarapdan*, esasy wezipesi, jenaýatçylygyň statistik seljerişini geçirmek üçin zerur bolan maglumatlary toplamaklyga, jemlemeklige hem toparlaşdyrmaklyga gönükdirilen bellige alyş we hasaba alyş ulgamy hereket edýär, *beýleki bir tarapdan* bolsa latent jenaýatçylyk diýen düşünjede bar. Şoňa görä-de jenaýatçylygyň şol wagtky ýagdaýyny anyk kesgitlemek jenaýatçylygyň statistik seljerişiniň baş hem iň wajyp wezipesi bolup durýar.

Jenaýatçylygyň statistik seljerilişi birnäçe tapgyry özünde jemleýär. *Birinji tapgyrda,* jenaýatçylyk barada maglumatlar statistik gözegçiligiň esasy görnüşi bolan, hukuk goraýjy edaralaryň resmi statistik hasabatlylygynyň kömegi bilen toplanýar. Bellenip geçilişi ýaly, jenaýatlar barada maglumatlary ilkinji bellige alyş resminamalary (Forma 1, Forma 1.1, Forma 2, Forma 3, Forma 6 ýazmaçlary) jenaýatçylygyň dürli röwüşleri (aspektleri) barada 3500-e golaý maglumat birligini özlerinde jemleýär. Şonuň ýaly-da jenaýatçylygy statistik taýdan seljermek üçin hukuk goraýjy edaralaryň, aýlyk, çärýekleýin, ýarymýyllyk we ýyllyk hasabatlary, jenaýatlar baradaky habarlary, arzalary bellige alyş kitapçalary, jenaýat işlerini bellige alyş kitapçalary, tutulyp saklanan, garşylaryna tussag etmek görnüşinde ätiýaçsyzlandyryş çäresini seçilip alnan raýatlary hasaba alyş kitapçalary hem işjeň ulanylýar.

*Ikinji tapgyrda* jenaýatçylyk barada toplanan maglumatlaryň dogrulygyny hem hakykata laýyk gelýändigini anyklamak maksady bilen, olar jenaýatçylyk barada gaýry maglumatlar bilen deňeşdirilýär

[1] Şeýle düşünje Türkmenistanyň Jenaýat kodeksiniň 10-njy maddasynda-da berkidilýär.

hem-de statistik gözegçiligiň dowamynda goýberilen ýalňyşlyklar ýüze çykarylýar.

Jenaýatçylygyň statistik seljerişiniň ikinji tapgyrynda ýerine ýetirilýän bu wajyp wezipäni çözmek üçin şu aşakdaky statistik we sosiologik çäreler amala aşyrylýar:

- hasaba alnan jenaýatçylygyň görkezijileriniň içindäki düzümleýin gatnaşygyň statistik deňeşdirme seljerişini geçirmek;
- bellige alnan jenaýatlar baradaky maglumatlary beýleki statistik görkezijiler bilen deňeşdirmek;
- raýatlaryň jenaýatlar baradaky habarlaryny, arzalaryny gönüden-göni öwrenmek;
- raýatlar, hukuk goraýjy edaralaryň işgärleri we iş kesilenler bilen jenaýatçylyk barada ýörite guralan sowal-jogap alyşmagy (soraşmagy) geçirmek.

Jenaýat-hukuk statistikasynyň jenaýatlaryň agyrlyk derejeleri[1] (kategoriýalary) boýunça özara baglanyşykly görkezijileriniň deňeşdirme seljerişi latent jenaýatçylyk barada-da belli bir derejede umumy häsiýetli maglumatlary berip bilýär. Jenaýat-hukuk statistikasynyň nazaryýetine laýyklykda, şeýle jenaýatçylykly etmişleriň toparlarynyň paýlanmagynyň statistik kanunalaýyklygyna görä, aýratyn agyr we agyr jenaýatlaryň paýy (möçberi) näçe az bolsa, uly bol-

---

[1] Türkmenistanyň Jenaýat kodeksi. Aşgabat, 2010, 11-nji madda.
(1) Günäniň agyrlyk derejesine we günäli etmişiň görnüşine baglylykda şu Kodeksde göz öňünde tutulan etmişler uly bolmadyk agyr, ortaça agyr, agyr we aýratyn agyr jenaýatlara bölünýär.

(2) Uly bolmadyk agyr jenaýatlar diýlip, edilen etmişler üçin jenaýat kanunynda ýokary jezasy iki ýyldan köp bolmadyk möhlet bilen azatlykdan mahrum etmek görnüşinde göz öňünde tutulan bilkastlaýyn we seresapsyzlykly etmişler hasaplanylýar.

(3) Ortaça agyr jenaýatlar diýlip, edilen etmişler üçin jenaýat kanunynda iň ýokary jezasy sekiz ýyla çenli möhlet bilen azatlykdan mahrum etmek görnüşinde göz öňünde tutulan bilkastlaýyn we seresapsyzlykly etmişler hasap edilýär.

(4) Agyr jenaýatlar diýlip, edilen etmişler üçiň jenaýat kanunynda iň ýokary jezasy on bäş ýyla çenli möhlet bilen azatlykdan mahrum etmek görnüşinde göz öňünde tutulan bilkastlaýyn we seresapsyzlykly etmişler hasaplanylýar.

(5) Aýratyn agyr jenaýatlar diýlip, edilen etmişler üçin jenaýat kanunynda ýigrimi bäş ýyla çenli möhlet bilen azatlykdan mahrum etmek jezasy görnüşinde göz öňünde tutulan bilkastlaýyn jenaýatlar hasaplanylýar.».

madyk agyr we orta agyr jenaýatlaryň paýy (möçberi), şonça-da ýokary bolýar, diýmek, latent jenaýatçylygyň hem paýy (möçberi) bolsa şonça-da az bolýar.

Umuman, jenaýatçylygyň latentligi öwrenilende, alynýan maglumatlaryň üstüni dolduryp durmagy we gaýtadan barlamagy üpjün etmek üçin jenaýat-hukuk statistikasynyň dürli usullaryny toplumlaýyn ulanmak maslahat berilýär. Şeýle toplumlaýyn esasda toplanan we toparlaşdyrylan maglumatlaryň seljerişilini geçirmek jenaýatçylygyň hakykat ýüzündäki ýagdaýy barada has doly we dogry netijeleri çykarmaga mümkinçilik berer. Jenaýatçylygyň hakyky derejesini anyklamak üçin onuň koeffisiýentini tutuş ilat sanyndan we ilatyň jenaýat jogapkärçiliginiň düşýän ýaşlylarynyň[1] sanyndan ugur alyp hasaplamak bolar.

Ýokarda beýan edilen statistik görkezijileriň aglaba köpüsiniň maglumat çygry (maglumat berijiligi, peýdalylygy), maglumatlar toplananda takyk alamatlary göz öňünde tutmak arkaly has-da giňeldilip bilner. Mysal üçin, diňe bir ilkinji bellige alyş ýazmaçlarynyň (Forma 1, Forma 1.1, Forma 2, Forma 3, Forma 6 ýazmaçlarynyň) çäklerinde käbir görkezijiler jenaýatlar barada onlarça, käbir ýagdaýlarda bolsa ýüzlerçe alamatlary (jenaýatlaryň toparlary we görnüşleri, amala aşyrylan durmuşy çygyrlary, önümçiligiň pudaklary, amala aşyrylan ýerleri we wagtlary, maddalaşdyrylyşy, amala aşyranlaryň

---

[1] Türkmenistanyň Jenaýat kodeksi. Aşgabat, 2010, 21-nji madda. «(1) Jenaýat jogapkärçiligine jenaýat eden wagtyna çenli on alty ýaşy dolan adamlar düşýär.

(2) On dört ýaşdan on alty ýaşa çenli bolan adamlar jenaýat edende, bilkastlaýyn adam öldürendigi üçin (101-nji madda), saglyga bilkastlaýyn agyr şikes ýetirendigi üçin (107-nji madda), saglyga bilkastlaýyn ortaça agyrlykdaky şikes ýetirendigi üçin (108-nji madda), zorlandygy üçin (134-nji madda), ogurlyk edendigi üçin (227-nji madda), talaňçylyk edendigi üçin (230-njy madda), garakçylyk edendigi üçin (231-nji madda), gorkuzyp alandygy üçin (232-nji madda), kesekiniň ulag serişdesini bikanun eýeländigi üçin (234-nji madda), emlägi bilkastlaýyn ýok edendigl ýa-da zaýalandygy üçin (235-nji maddanyň ikinji bölegi), ýaragy, ok-därileri, partlaýjy maddalary we partladyjy enjamlary ogurlandygy ýa-da gorkuzyp alandygy üçin (291-nji madda), neşe serişdeleri ýa-da psihotrop maddalary satmak maksady bilen, bikanun taýýarlandygy, gaýtadan işländigi, edinendigi, saklandygy, daşandygy, iberendigi üçin (292-nji madda), neşe serişdeleri ýa-da psihotrop maddalary ogurlandygy ýa-da gorkuzyp alandygy üçin (294-nji madda) jenaýat jogapkärçiligine degişlidir».

ýaşlary, jynsy, käri we ş.m.) özlerinde jemleýärler. Şoňa görä-de geçirilýän statistik seljerişiň maksatlaryna hem wezipelerine baglylykda, görkezilen alamatlaryň statistik seljerişiň nukdaýnazaryndan zerur hem maksadalaýyk bolan sany saýlanyp alynýar. Belli bir ýagdaýlarda bolsa alamatlaryň haýsylary boýunça seljeriş geçirmelidigi amala aşyrylýan seljerişiň derejesine däl-de, seljerişiň geçirilýän çägine-de bagly bolýar.

Jenaýat-hukuk statistikasynda geçirilýän seljeriş umumylaşdyryjy görkezijileriň absolýut ululyklar, otnositel ululyklar, ortaça ululyklar, paýlamagyň we dinamikanyň hatarlary, statistik arabaglanyşyklyklaryň ölçegi we baglanyşyklylyklary ýaly dürli görnüşlerini özünde jemläp bilýär. Çünki jenaýat-hukuk statistikasynyň ähli mümkinçiliklerini we serişdelerini ulgamlaýyn hem toplumlaýyn tertipde ulanmak bilen jenaýatçylyk barada takyk maglumatlary toplamak hem-de olary seljermegiň netijesinde alnan netijeleriň esasynda jenaýatçylyga garşy göreşiň çärelerini has kämilleşdirmek mümkindir.

### §3. Jenaýatçylygyň sebäpleriniň statistik seljerilişi

Jenaýatçylygyň, aýry-aýry jenaýatlaryň sebäplerine we jenaýatçynyň şahsyýetine, jenaýaty öwreniş (kriminologiýa) ylmynyň nazaryýetinde, özara baglanyşykly bolsa-da belli bir derejede özbaşdak meseleler hökmünde garalýar. Ýöne jenaýatçylykly özüňi alyp barşyň delillendirilişine köplenç halatda jenaýatçynyň şahsyýetine degişli mesele hökmünde seredilse-de, ol aglaba köp ýagdaýlarda obýektiw we subýektiw sebäpleriň toplumynyň düzüminde öwrenilýär. Durmuşda we hukuk goraýjy edaralaryň tejribesinde jenaýatçylygyň sebäplerini, aýry-aýry jenaýatlaryň sebäplerini, jenaýatçylaryň şahsyýetine degişli maglumatlary we jenaýatçylykly özüňi alyp barşyň delillendirilişini biri-birinden aýyl-saýyl etmek örän çylşyrymly iş bolup durýar.

Jenaýatçylygyň obýektiw sebäpleri jenaýatyň subýektiniň şahsyýetiniň we onuň jenaýatçylykly özüni alyp barmagynyň delillendirilişiniň üsti bilen anyk hukuga garşy (jenaýatçylykly) etmişlerde amala aşýarlar.

Jenaýatçylykly özüňi alyp barmagyň sebäpleri bolup hukuk bozujylaryň şahsyýetleri bilen arabaglanyşyklylykda geçmişdäki, häzirki zamandaky we geljekdäki durmuşy (sosial) täsir ediji şertleriň tutuş jemi çykyş edýär. Jenaýat amala aşyrylýan pursatynda, dürli şertler we sebäpler hukuk bozujy subýekt tarapyndan düşünilip ýa-da düşünilmän, şahsy ähmiýetli maglumat hökmünde saýlanyp alynýar we onuň delillendiriş çygryndan geçip, onuň anyk delili, maksady hem niýeti görnüşinde durmuşa geçýärler.

Deslapky derňewiň ýa-da kazyýet seljerilişiniň dowamynda jenaýatlaryň sebäpleriniň aglaba köpüsi, esasan hem, has uzakdaky we jenaýata gytaklaýyn täsir edenleri, anyklaýyş geçirýän şahs, sülçi, prokuror ýa-da kazy tarapyndan ýüze çykarylman we düşünilmän galyp bilýär. Mälim bolşy ýaly, diňe deslapky derňew ýa-da kazyýet seljerişi tarapyndan anyklanan jenaýatyň sebäpleri we şertleri hasabat ýazmaçlarynda berkidilen jenaýatyň obýektiw we subýektiw şertlerinde (Forma 1, Forma 1.1, Forma 2 ýazmaçlarynda) bellige alynýar.

Jenaýatçylygyň sebäpleriniň, jenaýatçynyň şahsyýetiniň we jenaýatçylykly özüňi alyp barmagyň delillendirilişiniň statistik seljerişiniň esasy wezipesi jenaýatçylygy bellige alyş ulgamynda hasaba alnan alamatlar bilen hukuk bozujynyň durmuşyndaky we jemgyýetçilik işjeňligi çygryndaky durmuşy (sosial), ykdysady we gaýry hadysalaryň alamatlarynyň arasyndaky baglanyşygy ýüze çykarmakdan hem-de ölçemekden ybarat bolup durýar.

Jenaýatçylygyň sebäpleriniň jenaýat-hukuk statistikasynyň kömegi bilen ýüze çykarylmagy (anyklanmagy), jenaýatçylygyň ýagdaýynyň, derejesiniň, düzüm gurluşynyň we ösüşiniň mukdarlaýyn häsiýetlendirilişinden başlanýar. Jenaýatçylygyň sebäpleriniň ýüze çykarylmagynda hem-de öwrenilmeginde alynýan görkezijileriň arasyndan, jenaýatlaryň amala aşyrylmagynyň dürli ýagdaýlarynyň düzümleýin görkezijileri we jenaýatçylykly ýüze çykmalaryň obýektiw alamatlary boýunça paýlanmagynyň udel agramlary has wajyplary bolup durýar. Jenaýatlaryň obýektiw alamatlaryna bolsa aşakdakylar girýär:

- jenaýatlaryň amala aşyrylmagynyň ýeri we usullary;
- jenaýatçylykly kast etmeleriň obýektleri we predmetleri;

• jenaýatlary amala aşyrmagyň serişdeleri we gurallary;

• jenaýatlaryň maddalaşdyrylyşy we derejelere bölünişi;

• jenaýatlaryň amala aşyrylýan çäkleri (dolandyryş-çäk bölünişigi);

• jenaýatlaryň amala aşyrylýan çygyrlary (durmuşy çygyrlary);

• jenaýatçylykly kast etmelere sezewar bolan eýeçiligiň görnüşleri;

• jenaýatlaryň netijesinde zelel ýetirilen hojalyk ýörediji subýektleriň guramaçylyk-hukuk görnüşi;

• ok atýan ýaraglaryň, ok-därileriň we partlaýjy serişdeleriň ulanylandygy ýa-da ulanylmandygy we ş.m..

Jenaýatçylygyň obýektiw tarapyna degişli şu we başga-da birnäçe alamatlar barada toplanan bilimler (maglumatlar, netijeler) döwletiň çäginiň haýsy zolaklarynda, dolandyryş-çäk birliklerinde, jemgyýetçilik işjeňliginiň haýsy çygyrlarynda, ykdysadyýetiň haýsy pudaklarynda we ş.m. jenaýatçylygyň has köp ýaýrandygyny anyklamaga mümkinçilik berýärler.

Mälim bolşy ýaly, jenaýatlary ilkinji bellige alyş resminamalarynda görkezilenler bilen bir hatarda jenaýatlaryň goşmaça häsiýetnamasyna degişli maglumatlar hem berkidirilýär. Olarda bellige alnan jenaýatyň, neşe serişdeleriniň, erkin ýörgünli daşary ýurt pullarynyň (walýutasynyň) we başga erkin dolanyşygy gadagan edilen harytlaryň (ok atýan ýaraglar, ok-däriler, psihotrop maddalar, awuly jisimler, harby tehnikalar we ş.m.) bikanun dolanyşygy bilen baglydygy ýa-da däldigi, jenaýatyň garakçylyk, gorkuzyp almak, raýatlary girewine almak we ş.m. arkaly amala aşyrylandygy ýa-da däldigi hem-de beýleki ýagdaýlar barada goşmaça maglumatlar berkidilýär[1]. Bu görkezijileriň aglaba köpüsi jenaýat bellige alnan badyna anyklanýan bolsa, beýleki birleri diňe jenaýaty amala aşyran şahs anyklanandan soň bellige alnyp bilinýär.

Jenaýatçylygyň sebäpleriniň aglaba köpüsi jenaýaty amala aşyrmakda güman edilýän we aýyplanýan şahslar baradaky maglumatlary seljermegiň (analiz etmegiň) netijesinde ýüze çykarylýar.

---

[1] Bu ýagdaýlar häzirki wagtda Türkmenistanda ulanylýan Forma 1 hasabat ýazmajynyň «Jenaýatyň maddalaşdyrylyşyna goşmaça bellikler” diýlip atlandyrylýan 18-nji böleginde we Forma 2 ýazmajynyň adybir 25-nji böleginde bellige alynýar.

Şonuň ýaly-da, ýurdumyzyň kanunçylygynyň düýpli kämilleşdirilýän we jemgyýetimiziň hukuk esaslarynyň barha tizleşýän depginlerde ösýän döwründe, jenaýatçylygyň sebäplerini hem şertlerini ýüze çykarmak, öwrenmek we seljermek arkaly jenaýatçylygyň garşysyna göreşmegiň çärelerini kämilleşdirmegiň, şeýle jenaýatçylygyň öňüni alyş işleriniň netijeliligini artdyrmagyň esasy şertleriniň biri hökmünde aýal-gyzlaryň jenaýatçylygyny, kämillik ýaşyna ýetmedikleriň jenaýatçylygyny we spirtli içgileri yzygiderli içmek, neşekeşlik, sergezdanlyk, jemgyýet üçin peýdaly zähmet bilen meşgullanman bikärlige ýüz urmak ýaly, dürli kriminogen häsiýetli kesgitleýji sebäpleriň jenaýatçylyga täsir edişini öwrenmeklik aýratyn möhüm ähmiýete eýe bolýar. Mysal üçin, ylmy işlerde bellenip geçilişi ýaly: „kezzapçylyk (Türkmenistanyň JK-nyň 228-nji maddasynda bellenen jenaýat) edýän adamlaryň arasynda belli bir işiň başyny tutman ýörenleriň göterimi ýokarydyr[1]”.

Şonuň bilen birlikde-de jenaýatlaryň amala aşyrylmagynyň sebäpleri we şertleri barada möhüm maglumatlary jenaýatçylykly özüňi alyp barmagyň delillerini (motiwlerini) öwrenmegiň esasynda alyp bolýar. Jenaýatçylygyň delilllendirilişiniň häsiýetleriniň jenaýaty amala aşyran şahslaryň şahsyýetine we jenaýatyň obýektiw tarapyna degişli alamatlar bilen baglanyşyklylykda öwrenilmegi öwrenijileri (seljerme geçirijileri) jenaýatlaryň ýüze çykmagyna hem-de amala aşyrylmagyna ýardam berýän sebäpleri we şertleri has düýpli hem çuňňur ýüze çykarmaga mümkinçilik berýär.

Uzak möhletiň dowamynda jenaýatçylyk çygrynda agdyklyk edýän jenaýatçylykly delilleriň (mysal üçin, maşgala agzalalygy sebäpli, huligançylyk niýeti bilen ýa-da gabanjaňlyk zerarly bilkastdan adam öldürilmegi we ş.m.) düýpli öwrenilmegi bolsa, jenaýatçylygyň sebäplerini dogry hem takyk kesgitlemäge we tutuş jemgyýetde jenaýatçylygyň üýtgeýiş ugruny anyklamaga ýardam edýär.

Jenaýatçylygyň sebäplerini we şertlerini statistik seljerişiň kömegi bilen ýüze çykarmakda jenaýat-hukuk statistikasynyň maglumatlarynyň durmuşy (sosial) statistikanyň, ykdysady statistikanyň, demografiki statistikanyň, medeni statistikanyň, geo-

[1] *B. Zahyrow*. Türkmenistanyň jenaýat hukugynda graždanlaryň şahsy emlägine garşy kezzapçylykly hyýanatlar. – Aşgabat, 1994, 16-njy sahypa.

grafiki statistikanyň, lukmançylyk (medisina) statistikasynyň we statistikanyň beýleki pudaklarynyň maglumatlary bilen deňeşdirip seljerilmegi hem bu ugurdan islenilýän netijeleriň gazanylmagyna düýpli goldaw berip bilýär. Sebäbi jenaýatçylygyň sebäplerini öwrenmek üçin jenaýat-hukuk statistikanyň usullarynyň hem-de serişdeleriniň kömegi bilen toplanan we toparlaşdyrylan maglumatlaryň, jemgyýetiň hem döwletiň mazmunlaýyn statistik häsiýetnamasy, ýagny tutuş jemgyýet we döwlet baradaky syýasy, ykdysady, durmuşy, medeni, ruhy we ş.m. statistik maglumatlar bilen deňeşdirilmegi mazmuny boýunça has çuň we hemmetaraplaýyn netijeleri çykarmaga ýardam berýär.

Bu maglumatlar, esasan hem ykdysady, demografiki, durmuşy statistikanyň maglumatlary Türkmenistanyň Statistika baradaky döwlet komiteti tarapyndan ulgamlaýyn tertipde toplanýar, toparlaşdyrylýar we ýyllyk statistik neşirlerde çap edilýär. Statistikanyň dürli pudaklary boýunça toplanan maglumatlaryň şunuň ýaly deňeşdirme seljerilişi pudagara ýa-da ugurara statistik seljeriş (analiz) diýlip atlandyrylýar we ol jemgyýetçilik durmuşynyň hem işjeňliginiň ähli pudaklary we çygyrlary boýunça hereket edýän statistik bellige alyş we hasabatlylyk ulgamyna esaslanýar. Ýöne şu ýerde bellemeli ýagdaý, jenaýat-hukuk statistikasy boýunça şeýle pudagara seljerişi amala aşyrmak isleýän hünärmen, statistikanyň görkezilen pudaklaryndaky statistik bellige alyş we hasabatlylyk ulgamy barada zerur bilimlere eýe bolmalydyr.

Häzirki wagtda hereket edýän kanunçylyga laýyklykda, Türkmenistanda döwlet maglumat hasabatlarynyň şu aşakdaky görnüşleri bar:

- oba hojalygy hakyndaky maglumatlar;
- ulaglar we aragatnaşyk hakyndaky maglumatlar;
- maddy serişdeler hakyndaky maglumatlar;
- kärhanalar hakyndaky maglumatlar;
- senagat hakyndaky maglumatlar;
- maliýe serişdeleri hakyndaky maglumatlar;
- döwlete dahylsyz pudak hakyndaky maglumatlar;
- maýa goýumlary hakyndaky maglumatlar;
- ýaşaýyş jaý-durmuş üpjünçiligi hojalygy hakyndaky maglumatlar;

- söwda we hyzmatlar hakyndaky maglumatlar;
- daşary söwda hakyndaky maglumatlar;
- hojalygy ýöredijiler hakyndaky maglumatlar;
- daş-töwerek hakyndaky maglumatlar;
- bilim hakyndaky maglumatlar;
- medeniýet, sungat we ylym hakyndaky maglumatlar;
- hukuk düzgünleriniň bozulmalary hakyndaky maglumatlar;
- zähmet hakyndaky maglumatlar;
- saglygy goraýyş hakyndaky maglumatlar;
- durmuş üpjünçiligi we sport hakyndaky maglumatlar;
- öý hojalyklary hakyndaky maglumatlar;
- ilatyň sany, ýerleşmeginiň gürligi, düzümi we şuňa menzeşler hakyndaky maglumatlar[1].

Bu maglumatlaryň görnüşleriniň ählisi bilen jenaýat-hukuk statistikasynyň görkezijileriniň deňeşdirilip seljerilmegi, zerur netijeleriň has hem doly bolmagyny üpjün etjekdigi öz-özünden düşnüklidir.

Jenaýat-hukuk statistikasynyň görkezijileriniň statistik görkezijileriň gaýry görnüşleri bilen deňeşdirilip seljerilmegi barada aýdylanda, umumy statistikanyň görkezilen pudaklarynyň arasyndan, esasan hem demografiki statistikanyň maglumatlary jenaýatçylygyň sebäpleriniň statistik seljerişini amala aşyrmaga has netijeli ýardam berýär. Sebäbi statistikanyň bu pudagynyň maglumatlary wagtda we giňişlikde jenaýatçylygyň ýaýrawy bilen demografiki statistikanyň tutuş ilatyň sany, erkekleriň we aýallaryň sany, dürli ýaş kategoriýalary boýunça ilat sanynyň bölünişi, şäher we oba ýaşaýjylarynyň sany, ilatyň sanynyň artmagynyň umumy we hususy görkezijileri, baglaşylan we bozulan nikalaryň sany, çaga dogluşy we adamlaryň aradan çykyşy, ilatyň sanynyň tebigy artmagy we migrasiýanyň netijesinde artmagy ýaly görkezijilerini deňeşdirmek arkaly jenaýatçylyk we onuň sebäpleri hem şertleri barada has düýpli maglumatlary almak bolýar. Sebäbi demografiki statistikanyň bu görkezijileriniň ählisi

[1] «Döwlet dilinde döwlet maglumat hasabatlarynyň we ilkinji gezek hasaba almagyň görnüşlerini tassyklamak barada» Türkmenistanyň Prezidentiniň karary. Aşgabat, 01.02.2002 ý. №5524. №1 goşundy. Türkmenistanyň Prezidentiniň namalarynyň we Türkmenistanyň Hökümetiniň çözgütleriniň ýygyndysy, 2002 ý., № 2, 49-njy madda.

jenaýatçylygyň sebäplerini we şertlerini statistik taýdan öwrenmegiň gönüden-göni maglumat esasyny düzýän düzüm bölekleri bolup durýarlar.

Görkezilenler bilen birlikde, jenaýatçylygyň sebäplerini we şertlerini statistik seljerişi geçirmek arkaly öwrenmekde jenaýatçylygyň derejesi baradaky maglumatlary, maddy önümçiligiň we hojalyk işini ýöretmegiň dürli görnüşleriniň ösüşi, umumy milli önümiň derejesi we düzüm gurluşy barada tutuşlygyna hem-de önümçiligiň pudaklary boýunça maglumatlary, şeýle hem arassa milli girdejiniň ilatyň jan başyna düşýän möçberi, zähmet öndürijiliginiň derejesi, sarp ediş we toplaýyş baradaky maglumatlary, ykdysady taýdan işjeň ilat sanynyň önümçiligiň we hyzmat ediş ulgamynyň pudaklary boýunça bölünişi, tebigy baýlyklar we daşky gurşawy goramak, ylmy-tehniki ösüş baradaky maglumatlar ýaly umumy ykdysady statistik görkezijiler bilen deňeşdirip seljeriş geçirmek (analiz etmek) hem wajyp ähmiýete eýedir. Şeýle deňeşdirmäni geçirmek arkaly jenaýat-hukuk statistikasy we kriminologiýa jenaýatçylyga garşy göreşiň ykdysady hem durmuşy çärelerini maksatnamalaýyn esasda işläp düzmek üçin zerur bolan maglumat goruny toplaýarlar.

Bellenip geçilişi ýaly, durmuşy (sosial) statistikanyň görkezijiler ulgamy hem, jenaýatçylygyň jemgyýetçilik ähmiýetli kriminogen häsiýetli sebäpleriniň we şertleriniň ençemesini ýüze çykarmaga mümkinçilik berýän görkezijileriň ençemesini özünde jemleýär. Alymlaryň belläp geçişi ýaly, durmuşy (sosial) statistikanyň görkezijiler ulgamyny şertleýin dört topara bölmek bolar:

- jemgyýetçilik we döwlet gurluşynyň statistikasy;
- şahsyýetiň, maşgalanyň we şahslaryň toparynyň (birleşiginiň, kollektiwiň, korporasiýanyň) statistikasy;
- ilatyň ýaşaýyş-durmuş derejesiniň statistikasy;
- ilata hyzmat ediş çygrynyň statistikasy[1].

Durmuşy (sosial) statistikanyň görkezijileriniň görkezilen dört toparynyň ählisinde jemlenen we toparlaşdyrylan maglumatlar hem jenaýat-hukuk statistikasynyň degişli görkezijileri bilen deňeşdirilip

---

[1] Уголовная статистика : учебное пособие / И.П. Рак, Д.В. Образцов, А.В. Селезнёв. – Тамбов : Изд-во Тамб. гос. техн. ун-та, 2009, 77-nji sahypa.

seljerilende, jenaýatçylygyň sebäplerini we şertlerini düýpli derejede anyk hem dogry ýüze çykarmaga ýardam berýärler. Mysal üçin, şahsyýetiň, maşgalanyň we şahslaryň toparynyň (birleşiginiň, kollektiwiň, korporasiýanyň) statistikasynyň görkezijileri jenaýat-hukuk statistikasynyň jenaýatçylaryň şahsyýetine degişli maglumatlar bilen deňeşdirilende maşgala ýagdaýy kadaly bolmadyk (Mysal üçin, ata-enesi spirtli içgileri yzygiderli ulanýanlar, neşekeşler we ş.m. bolan kämillik ýaşyna ýetmedikler) raýatlar tarapyndan amala aşyrylýan jenaýatlaryň anyk sany barada maglumaty alyp, şonuň ýaly-da maşgala ýagdaýynyň kanagatlanarly bolmazlygynyň jenaýatçylygyň derejesine nähili täsir edýändigi hakynda netijäni çykaryp bolýar.

Umuman, görkezilenler jemlenende, umumy statistikanyň beýleki pudaklarynyň görkezijileri bilen jenaýat-hukuk statistikasynyň görkezijileri deňeşdirilip seljerilende, esasy maksat diňe bir jenaýatçylygyň sebäplerini we şertlerini ýüze çykarmak däl-de, eýsem seljerişiň netijesinde alnan maglumatlary döwletimiziň hukuk goraýjy edaralary tarapyndan alnyp barylýan jenaýatçylyga garşy göreşiň çärelerini has güýçlendirmek we kämilleşdirmekden ybarat.

## Netije

Şu okuw kitabynyň esasy maksady Berkarar döwletimiziň bagtyýarlyk döwründe, hukuk ugrundan bilim alýan talyplaryň we şu ugurdan ylmy derňewler bilen meşgullanýan dalaşgärleriň hem-de aspirantlaryň, Türkmenistanyň çuňňur hormatlanylýan Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedowyň parasatly ýolbaşçylygynda berkarar edilýän kämil türkmen jemgyýetiniň hukuk esaslaryna, günsaýyn pajarlap ösýän döwletimiziň ösüş depginleriniň barha tizleşmegini üpjün edýän kanunçylyk özgertmeleriniň many-mazmunyna, esasan hem döwletimizde jenaýatçylyga garşy alnyp barylýan barlyşyksyz göreşiň maglumat esasyny döretmek üçin zerur statistik serişdeleriň tebigatyna, amala aşyrylyşyna hem düzüm gurluşyna has çuň düşünmeklerine ýardam bermek bolup durýar.

Milli Liderimiz: «*Jemgyýeti ösdürmegiň kuwwatly hereketlendiriji güýji hökmünde ylym ýurdumyzyň durmuşynda örän möhüm orny eýeleýär, berkarar Watanymyzyň dünýäniň iň öňdebaryjy döwletleriniň hataryna goşulmagynda esasy şertleriň biri bolup durýar*[1]» diýip belleýär. Şu nukdaýnazardan hem, ýurdumyzda döwletimiziň hukuk goraýjy edaralary tarapyndan jenaýatçylyga garşy üstünlikli alnyp barylýan göreşiň maksatnamalaýyn esasda has kämil çäreleriniň işlenip düzülmegi üçin zerur bolan, jenaýat-hukuk statistik usullarynyň hem serişdeleriniň, degişli hünärmenler we talyplar tarapyndan ylmy esasda düýpli öwrenilmegi derwaýysdyr. Bu okuw kitaby hem şu ugurda ýurdumyzyň alymlary tarapyndan amala aşyrylýan işlere goşant goşmak maksady bilen taýýarlanyldy.

Bu ugurdan amala aşyryljak ylmy derňewleriň netijeliligi bolsa, milli ylmymyzyň beýleki ugurlarynda üstünlikli alnyp barylýan ylmy barlaglar bilen bilelikde, döwletimiziň hemmetaraplaýyn ösüşi depginleriniň has-da güýçlenmegine getirer we çuňňur hormatlanylýan Prezidentimiz Gurbanguly Berdimuhamedowyň: «*Ýurdumyzyň ylmy kuwwaty onuň halkara abraýynyň nyşanydyr, milli baýlygymyzyň aýrylmaz bir bölegidir, berkarar döwletimiziň geljekki üstünlikleriniň*

[1] Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedowyň Türkmenistanyň Ylymlar akademiýasynda eden çykyşy (Aşgabat, 2012-nji ýylyň 12-nji iýuny). // «Türkmenistan gazeti», 2012-nji ýylyň 13-nji iýuny. 1-nji sahypa.



10. Sargyt № 2423.

*berk binýadydyr*![1]» diýen parasatly sözleriniň aýdyň subutnamasy hökmünde çykyş ederler.

Milli Liderimiziň irginsiz tagallalarynyň netijesinde, pursatsaýyn özgerip, berkararlygyň we bagtyýarlygyň mekanyna öwrülen Watanymyzda, hukuk ylmynyň hem-de raýatlarymyzyň hukuk aň-düşünjesiniň, hukuk medeniýetiniň, hukuk aňyýetiniň ösmegine şu okuw kitabynyň belli bir derejede täsiri ýetse, ony işläp taýýarlamaga siňdirilen zähmetiň ýerine düşdügi bolar.

[1] Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedowyň Türkmenistanyň Ylymlar akademiýasynda eden çykyşy (Aşgabat, 2012-nji ýylyň 12-nji iýuny). // «Türkmenistan» gazeti, 2012-nji ýylyň 13-nji iýuny, 3-nji sahypa.

## PEÝDALANYLAN EDEBIÝATLAR


1. *Gurbanguly Berdimuhamedow*. Garaşsyzlyga guwanmak, Watany, halky söýmek bagtdyr. Aşgabat: Türkmen döwlet neşirýat gullugy, 2007.
2. *Gurbanguly Berdimuhamedow*. Türkmenistanda saglygy goraýşy ösdürmegiň ylmy esaslary. Aşgabat: Türkmen döwlet neşirýat gullugy, 2007.
3. *Gurbanguly Berdimuhamedow*. Parahatçylyk, döredijilik, progres syýasatynyň dabaralanmasy. Aşgabat: Türkmen döwlet neşirýat gullugy, 2007.
4. *Gurbanguly Berdimuhamedow*. Türkmenistan sagdynlygyň we ruhubelentligiň ýurdy. Aşgabat: Türkmen döwlet neşirýat gullugy, 2007.
5. *Gurbanguly Berdimuhamedow*. Döwlet adam üçindir. Aşgabat: Türkmen döwlet neşirýat gullugy, 2007.
6. Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedowyň Üzen-Gyzylgaýa–Bereket–Etrek–Gorgan halkara demir ýolunyň gurluşygyna badalga berende sözlän sözi. Aşgabat, «Türkmenistan» gazeti, 01.12.2007.
7. Täze galkynyş eýýamy. Wakalaryň senenamasy – 2007-nji ýyl. Aşgabat: Türkmen döwlet neşirýat gullugy, 2008.
8. Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedowyň ýurdy täzeden galkyndyrmak baradaky syýasaty. Aşgabat: Türkmen döwlet neşirýat gullugy, 2007.
9. *Gurbanguly Berdimuhamedow*. Ösüşiň täze belentliklerine tarap. Saýlanan eserler. I tom. Aşgabat: Türkmen döwlet neşirýat gullugy, 2008.
10. *Gurbanguly Berdimuhamedow*. Ösüşiň täze belentliklerine tarap. Saýlanan eserler. II tom. Aşgabat: Türkmen döwlet neşirýat gullugy, 2009.
11. Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedowyň Türkmenistanyň Ministrler Kabinetiniň 2009-njy ýylyň 15-nji ýanwarynda geçiren mejlisinde sözlän sözi. Aşgabat, «Türkmenistan» gazeti, 16.01.2009.
12. Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedowyň Türkmenistanyň Ministrler Kabinetiniň 2009-njy ýylyň 12-nji iýunyndaky göçme mejlisinde sözlän sözi. Aşgabat, «Türkmenistan» gazeti, 13.06.2009.

13. *Gurbanguly Berdimuhamedow*. Türkmenistanyň ykdysady strategiýasy: halka daýanyp, halkyň hatyrasyna. Aşgabat: Türkmen döwlet neşirýat gullugy, 2010.
14. *Gurbanguly Berdimuhamedow*. Türkmenistanyň durmuş-ykdysady ösüşiniň döwlet kadalaşdyrylyşy. I, II tom. Aşgabat: Türkmen döwlet neşirýat gullugy, 2010.
15. Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedowyň Türkmenistanyň Ylymlar akademiýasynda eden çykyşy (Aşgabat, 2012-nji ýylyň 12-nji iýuny). //«Türkmenistan» gazeti, 2012-nji ýylyň 13-nji iýuny.
16. Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedowyň Türkmenistanyň Mejlisiniň deputatlary bilen duşuşygynda eden çykyşy. // «Türkmenistan» gazeti, 2013-njy ýylyň 14-nji ýanwary.
17. Türkmenistanyň Jenaýat iş ýörediş kodeksi. Aşgabat, 2009. 2013-nji ýyla çenli üýtgetmeler we goşmaçalar bilen.
18. Türkmenistanyň Jenaýat kodeksi. Aşgabat, 2010. 2013-nji ýyla çenli üýtgetmeler we goşmaçalar bilen.
19. «Operatiw-agtaryş işleri hakynda» Türkmenistanyň Kanuny. Aşgabat, 23.09.1994ý. Türkmenistanyň Mejlisiniň Maglumatlary, 1994 ý., № 3, 21- madda.
20. «Statistika hakynda» Türkmenistanyň Kanuny. Aşgabat, 2012-nji ýylyň 31-nji marty. Türkmenistanyň Mejlisiniň Maglumatlary, 2012 ý., № 1, 39-njy madda.
21. «Jenaýatlar, jenaýaty amala aşyran şahslar, jenaýat işiniň hereketi, jenaýat hakyndaky maglumatlar babatda ilkinji hasabatyň resminamalaryny doldurmagyň we ony bermegiň tertibi hakynda» Gözükdirme. 08.11.1987-nji ýylda tassyklanan, №71/11-273-87.
22. «Döwlet dilinde döwlet maglumat hasabatlarynyň we ilkinji gezek hasaba almagyň görnüşlerini tassyklamak barada» Türkmenistanyň Prezidentiniň karary. Aşgabat, 01.02.2002ý. №5524. №1 goşundy. Türkmenistanyň Prezidentiniň namalarynyň we Türkmenistanyň Hökümetiniň çözgütleriniň ýygyndysy, 2002 ý., № 2, 49-njy madda.
23. «Türkmenistanyň prokuratura edaralarynda derhal-agtaryş işleri bilen baglanyşykly iş önümçiligini alyp barmak baradaky gollanma». Türkmenistanyň Baş prokurorynyň 2005-nji ýylyň 14-nji iýunyndaky №68 buýrugyna goşundy №1.
24. *B. Zahyrow*. Türkmenistanyň jenaýat hukugynda graždanlaryň şahsy emlägine garşy kezzapçylykly hyýanatlar. – Ýuridik ylymlaryň kandidaty alymlyk derejesini almak üçin dissertasiýanyň awtoreferaty. – Aşgabat, 1994.

25. *A. Aýnazarow, E. Esenow*. Dinamiki hatarlar. Statistikanyň umumy teoriýasy boýunça okuw-usulyýet gollanmasy. – A., 1998.
26. *B. Zahyrow*. Baş Kanunymyz – bagt kanunymyz // Bülten Press. -2000. - №24.
27. *B. Atabaýew, A. Aýnazarow, E. Esenow, B. Esenow*. Statistika. I bölüm. – A.:TDNG, 2001.
28. *A. Aýnazarow, O. Ataýew, E. Esenow, B. Esenow*. Statistika. II bölüm. – A.: TDNG, 2001.
29. *B. Zahyrow*. Garaşsyz Türkmenistanyň milli kazyýet ulgamynyň özgerdilmegi // Bülten Press. - 2002. - №31.
30. *B. Zahyrow*. Esasy Kanunymyz – Garaşsyzlygymyzyň kanuny kepilnamasydyr // Bülten Press. -2002. - №42.
31. *H. Amanow*. Kriminologiýa (Jenaýatçylygy öwreniş). Türkmenistanyň ýokary okuw mekdepleri üçin okuw gollanmasy – A: Türkmen döwlet neşirýat gullugy, 2007.
32. *A. Aýnazarow, O. Ataýew*. Statistikanyň nazaryýeti. Ýokary okuw mekdepleri üçin okuw kitaby. – A.: TDNG, 2009.
33. *B. Zahyrow*. Jenaýatçylyga garşy göreşmegiň döwrebap usullary // «Türkmenistanda ylym we tehnika». – 2010. - №1.
34. Türkmenistanyň kanunçylygynyň esaslary. – M. Tyllaýew, I. Bekiýew, B. Zahyrow we başg. Ýokary okuw mekdepleri üçin okuw kitaby. – A.: TDNG, 2011.
35. *B. Zahyrow.* Täze Galkynyş eýýamynda jenaýat-hukuk statistikasynyň jenaýatçylyga garşy göreşmekdäki ähmiýeti. - // Beýik Galkynyşlar eýýamynda ylym, tehnika we innowasion tehnologiýalar. – Aşgabat: Ylym, 2010.
36. *Nuryýew Ý., Ataýew S., Çaryýew A*. Döwletiň we hukugyň nazaryýeti. Okuw gollanmasy. Aşgabat: Türkmen döwlet neşirýat gullugy, 2011.
37. *B. Zahyrow*. Berkarar döwletiň bagtyýarlyk döwründe hukuk statistikasynyň ähmiýeti // Türkmenistanda ylym we tehnika. – 2012. - №6.
38. *B. Zahyrow*. Türkmenistanyň daşary strategiýasy – oňyn bitaraplyk syýasatynyň dabaralanmasydyr // «Demokratiýa we hukuk». – 2012. - №4.
39. Закон Республики Молдова «Об Интегрированной автоматизированной информационной системе учета преступлений, уголовных дел и лиц, совершивших преступления» от 29 мая 2003 года №216-XV.
40. Закон Республики Беларусь от 9 января 2006 г. №94-З «О единой государственной системе регистрации и учета правонарушений».
41. Проект Федерального Закона «О государственной системе регистрации и учета преступлений».-М., 2010.

## MAZMUNY

Giriş ....................................................................................................7

**I bap. Jenaýat-hukuk statistikasy barada umumy düşünje**

§1. Statistika ylmy we Türkmenistanyň statistika ulgamy barada düşünje ..........................................................................11
§2. Jenaýat-hukuk statistikasy hukuk statistikasynyň pudagy hökmünde ..................................................21
§3. Daşary ýurtlarda jenaýat-hukuk statistikasynyň ösüş taryhy ..................................................................28
§4. Türkmenistanda jenaýat-hukuk statistikasynyň emele gelşiniň we ösüşiniň taryhy ..........................................................33
§5. Jenaýat-hukuk statistikasynyň pudaklary ..........................................35
§6. Jenaýat-hukuk statistikasynyň usullary...............................................37
§7. Jenaýatçylyga garşy göreş alyp barmakda jenaýat-hukuk statistikasynyň ähmiýeti ..................................................42

**II bap. Statistik gözegçilik – ilkinji statistik maglumatlary toplamagyň esasy usuly**

§1. Statistik gözegçiligi guramak...........................................................44
§2. Statistik gözegçiligiň görnüşleri we usullary......................................49
§3. Jenaýatlary ýeke-täk hasaba almak....................................................53
§4. Statistik maglumatlary bellige almak üçin maglumat tehnologiýalaryny peýdalanmak ..............................................58

**III bap. Statistik maglumatlary toplamagyň sosiologik usullary**

§1. Sorag-jogap alyşmagyň usullary barada düşünje we olary toparlara bölmek ..................................................................62

§2. Hukuk öwreniş ylmynda we işinde sosiologik gözegçilik we durmuşy (sosial) eksperiment usullarynyň ulanylyşy ..........................67

## IV bap. Statistik jemlemek we toparlaşdyrmak

§1. Statistik jemlemek we toparlaşdyrmak barada düşünje .......................71
§2. Statistik toparlaşdyrmagyň görnüşleri ................................................74
§3. Statistik görkezijileri beýan etmegiň tablisa usuly ..............................78
§4. Statistik görkezijileri beýan etmegiň grafiki usuly ..............................83

## V bap. Absolýut we otnositel ululyklar we olaryň jenaýat-hukuk statistikasynda ulanylyşy

§1. Absolýut we otnositel ululyklar barada düşünje ..................................87
§2. Paýlamagyň otnositel ululyklary.........................................................88
§3. Ýokary depginliligiň (intensiwligiň) otnositel ululyklary ...................90
§4. Ösüşiň (dinamikanyň) otnositel ululyklary..........................................91
§5. Meýilnamanyň ýerine ýetirilmegini häsiýetlendirýän otnositel ululyklar ........... .....................................................................93
§6. Derejeleriň we deňeşdirmeleriň otnositel ululyklary...........................94
§7. Indeksler ...............................................................................................95

## VI bap. Jenaýat-hukuk statistikasynda ortaça ululyklar

§1. Ortaça ululyklar barada düşünje .........................................................97
§2. Ortaça ululyklaryň görnüşleri ..............................................................97
§3. Ortaça arifmetik ululyk.......................................................................100
§4. Ortaça geometrik ululyk .....................................................................100
§5. Moda we mediana................................................................................101
§6. Alamatyň üýtgeşmeleriniň (wariasiýalarynyň) görkezijileri...............103

## VII bap. Jenaýat-hukuk statistikasynda seçimleýin gözegçilik

§1. Seçimleýin gözegçilik düşünjesi we onuň esasy häsiýetleri ..................105
§2. Seçimleýin gözegçiligiň ýalňyşlyklary .............................................110

## VIII bap. Ösüşiň (dinamikanyň) hatarlary

§1. Ösüşiň hatarlary barada düşünje we onuň görnüşleri .........................113
§2. Ösüşiň seljerilişiniň görkezijileri .....................................................117

§3. Ösüşiň hatarlarynyň deňleşdirilmegi....................................................118
§4. Möwsümleýin ösüşi hasaplamagyň usullary........................................120

**IX bap. Hukuk hadysalarynyň özara baglanyşygyny öwrenmegiň statistik usullary**

§1. Statistik arabaglanyşyklar we sebäplilik barada düşünje ....................122
§2. Hilleýin alamatlaryň arasyndaky baglanyşyklyklary ölçemek...........125
§3. Jübüt çyzyklaýyn arabaglanyşyk (liniýalaýyn korrelýasiýa) .............129

**X bap. Toplumlaýyn statistik seljeriş we onuň jenaýat-hukuk statistikasynda ulanylyşy**

§1. Statistik seljeriş barada düşünje..........................................................131
§2. Jenaýatçylygyň statistik seljerilişi ......................................................133
§3. Jenaýatçylygyň sebäpleriniň statistik seljerilişi .................................137
Netije.............................................................................................................145
Peýdalanylan edebiýatlar ..........................................................................147